**Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasy**

# Modul 1

# IKT bilen hakyky ösüşiň arasyndaky özara baglanyşyk

Uşa Rani Wýasulu Reddi

APC*i*CT ÖSÜŞ ÜÇIN INFORMASIÝA WE KOMMUNIKASIÝA TEHNOLOGIÝALARY BOÝUNÇA AZIÝA–ÝUWAŞ OKEAN OKUW MERKEZI

IKT Akademiýasynyň döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin modullarynyň tapgyry

## Modul 1:
## IKT bilen hakyky ösüşiň arasyndaky özara baglanyşyk

Bu iş Creative Commons Attribution 3.0. ygtyýarnamasy boýunça goýberildi. Ygtyýarnamanyň nusgasy http://creativecommons.org.icenses/by/3.0/ salgy boýunça elýeterlidir.

Bu çap edilişde beýan edilen pikirler, suratlar we bahalandyrmalar boýunça jogapkärçilik awtorlardadyr, hem-de olar hökmany ýagdaýda Birleşen Milletler Guramasynyň makullan nukdaýnazary ýa-da materiallary hökmünde seredilmeli däldir.

Bu çap edilişdäki ulanylýan belgilemeler we materialy beýan ediş ol ýa-da beýleki ýurduň, territoriýalaryň, şäheriň ýa-da etrabyň, ýa-da olaryň administrasiýasynyň, ýa-da olaryň serhetleriniň delimitasiýasynyň hukuk statusy barada Birleşen Milletler Guramasynyň Sekretariatynyň adyndan haýsy hem bolsa bir pikiri aňlatmagy göz öňünde tutmaýarlar.

Firmalaryň we kommersiýa önümleriniň atlarynyň ýatlanylmagy olaryň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan makullanylmagyny aňlatmaýar.

Ösüş üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýalary boýunça
Birleşen Milletleriň Aziýa-Yuwaş okean okuw Merkezi (UN–APCICT)
Bonbudong, 3-nji gat, Songdo Tehniki Parky,
7-50 Songdo-dong, Yeonsu-gu, Inçeon şäheri,
Koreýa Respublikasy

Telefon: +82 32 245 1700-02
Faks: +82 32 245 7712
Elektron poçta: info@unapcict.org
http://www.unapcict.org

Copyright © UN –APCICT 2009

ISBN:

Dizaýn we sahypalama: Scandinavian Publishing Co., Ltd and studio triangle
Çap edildi: Gyrgyz Respublikasynda

# DÖWLET DOLANDYRYŞYNYŇ LIDERLERI ÜÇIN IKT AKADEMIÝASYNYŇ MODULLARYNYŇ TAPGYRYNA SÖZBAŞY

21-nji asyr globallaşýan dünýäde adamlaryň artýan özara baglanyşygy bilen häsiýetlenýär. Bu adamlaryň durmuşyny ymykly gowulandyryp we garyplygy azaltmaga hemaýat berip biljek täze tehnologiýalaryň, zerur maglumatlara we bilimlere elýeterliligiň giňeldilmeginiň kömegi bilen adamlaryň millionlary üçin mümkinçilikler açylýan dünýädir. Emma bu diňe, eger-de ösýän özara baglanyşyk gymmatlyklaryň alyş-çalşygy, progresiň ähli halklara gulluk edýän ählumumy we durnukly ösüş üçin eýerjeňlik we raýdaşlygy bilen ugurdaş alnyp barlan ýagdaýynda mümkindir.

Informasion–kommunikasion tehnologiýalaryň (IKT) ösüşi babatynda soňky ýyllarda Aziýa we Ýuwaş okean "üýtgeşik ýokary derejede sebit" boldular. Halkara elektriki aragatnaşyk Birleşiginiň maglumatlaryna görä sebitde fiksirlenen aragatnaşygyň müşderileriniň 2 milliarddan köprägi we mobil aragatnaşygyna ýazylanlaryň 1,4 milliarddan köprägi ýaşaýar. 2008-nji ýylyň ortasynda diňe Hytaýda we Hindistanda dünýäniň mobil telefonlarynyň dörtden biri bar diýlip hasaplanyldy. Aziýa – Ýuwaş okean sebitine dünýäniň Internet ulanyjylarynyň 40 göterimi düşýär we dünýäniň möçberinde 39 göterim paý bilen giň zolakly Internediň dünýäde iň uly bazary bardyr.

Çalt tehniki progresiň fonunda köpler sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmagyň mümkinçiligi barada soragy özlerine berdiler. Gynansak hem, bu soraga jogap – häzire çenli "entek ýok". Hat-da Ženewada 2003-nji ýylda bolup geçen informasion jemgyýetiň soraglary boýunça ýokary derejedäki Bütindünýä duşuşygyndan (IJSÝDBD) bäş ýyl geçeninden soňra, hem-de ähli täsir galdyryjy tehnologiki üstünliklere we sebitdäki esasy oýunçylaryň borçnamalaryna garamazdan, aragatnaşygyň esasy serişdeleri entek hem adamlaryň agdyklyk ediji köplüginden, aýratyn hem garyplaryň elýeterliliginden daşda bolmagyna galýarlar.

Sebitiň 25 ýurdundan gowragynda, esasan, adalarda ýerleşýän, uly däl, ösýän döwletlerde we deňze çykalgasy ýok, ösýän ýurtlarda 100 adama Internedi ulanyjylardan 10-dan azy düşýär, hem-de bu ulanyjylar, esasan, uly şäherlerde toplanandyrlar, şol bir wagtda bolsa sebitdäki käbir ösen ýurtlar 100 adama Internedi ulanyjylaryň 80-den gowragyna eýedirler. Giň zolakly Internet bilen üpjün edilişde ösen we ösýän ýurtlaryň arasyndaky tapawut has täsir galdyryjydyr.

Sifrleýin deňsizligi ýeňip geçmek maksatlary bilen we sebitde ählumumy sosial-ykdysady ösüş üçin IKT-niň potensialyny durmuşa geçirmek boýunça ösýän ýurtlarda syýasaty işläp düzüjilere öňe sürülýän meseleleri kesgitlemek, syýasaty kabul etmek, kadalaşdyryjy-hukuk esaslary işläp düzmek, maliýe serişdelerini bölüp bermek, hem-de bolsa IKT-senagatynyň pudagynyň we öz raýatlarynyň arasynda IKT ugrunda başarnyklaryň ösüşine hemaýat berýän hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna ýardam bermek gerekdir.

Hereketleriň IJSÝDBD meýilnamasynda “... her adam informasion jemgyýetiň we bilimler ykdysadyýetiniň artykmaçlyklaryna düşünmek, gatnaşmak we ulanmak üçin gerekli başarnyklary we bilimleri gazanmaga mümkinçilige eýe bolmalydyr” diýlip aýdylýar. Bu maksat üçin hereketleriň Meýilnamasynyň çäklerinde IKT oblastynda ýokary kär derejeli (kwalifikasiýaly) hünärmenleriň we bilermenleriň kritiki massasyny döretmeklige aýratyn üns bermek bilen, potensialy ösdürmek oblastynda halkara we sebitleýin hyzmatdaşlyga çagyryş bar.

Hut şu çagyryşa jogap hökmünde Ösüş üçin Informasiýa we kommunikasiýa tehnologiýalary boýunça Aziýa – Ýuwaş okean okuw merkezi (IKTÖ AÝOM) ösüş üçin IKT-ni okatmak boýunça bu ählitaraplaýyn okuw maksatnamasyny – Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasyny – işläp düzdi, ol syýasaty işläp düzüjilere IKT oblastynda has netijeli görnüşde başlangyçlary meýilleşdirmäge we amala aşyrmaga kömek etjek esasy bilimleri we tejribäni ýaýratmaga gönükdirilen häzirki wagtdaky sekiz özbaşdak, emma özara baglanyşykly modullardan durýar.

IKTÖ AÝOM Aziýa we Ýuwaş okean üçin Ykdysady we sosial iş toparynyň (AÝOYSIT, ESKATO) bäş sebitleýin institutlarynyň biri bolup durýar. AÝOYSIT Aziýada we Ýuwaş okean sebitinde durnukly we ählitaraplaýyn sosial-ykdysady ösüşe derňew, kadalaşdyryjy iş, potensialy, sebitleýin hyzmatdaşlygy we bilimleriň alyş-çalşygyny ösdürmek esasynda hemaýat berýär. BMG-yň beýleki agentlikleri, halkara guramalary, milli hyzmatdaşlar we gyzyklanýan taraplar bilen hyzmatdaşlykda AÝOYSIT guramasy IKTÖ AÝOM üsti bilen Akademiýanyň bu modullarynyň dürli ýurtlarda ulanylmagyna, kämilleşdirilmegine we terjimesine, hem-de bolsa hökümetiň ýokary we orta derejeli wezipeli adamlary üçin milli we sebitleýin maslahatlaryň üsti bilen regulýar esasda olaryň okadylmagynyň guralmagyna goldawy bermäge borçlanýar, bu işleriň maksady artan potensialyň we alnan bilimleriň IKT-niň bähbitlerine artýan düşünmelere eltmeginden we ösüş oblastynda maksatlara ýetmäge anyk çärelere öwrülmeginden ybaratdyr.

Noelin Heýzer
Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynyň Orunbasary

AÝOYSIT-iň Ýerine ýetiriji sekretary

# SÖZBAŞY

Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyryny işläp düzmek prosesine syýahat hakykatdan hem ylham beriji we öwrediji tejribe boldy. Ol diňe bir IKT oblastynda potensialy döretmekde boşluklary doldurmak üçin hyzmat etmedi, eýsem köpsanly adamlaryň gatnaşmagy we prosese dahyllylyk duýgusy arkaly okuw kurslarynyň maksatnamalaryny işläp düzmek üçin täze ýoly geçirdi.

Akademiýa IKTÖ AÝOM maksatnamalarynyň flagmanydyr, ol bar bolan okuw materiallaryň güýçli we pes taraplarynyň işeňňir barlaglarynyň we derňewiniň esasynda, hem-de öňdebaryjy bilermenleriň arasynda resenzirlemek prosesinde işlenilip düzüldi. Köp sebitlerde Akademiýanyň okadyjy maslahatlary geçirildi, olar dürli ýurtlardan bolan gatnaşyjylaryň arasynda tejribäni we bilimleri alyş-çalyş etmek üçin bahalandyryp bolunmajak mümkinçiligi üpjün etdiler, bu proses Akademiýanyň uçurymlaryny modullary laýyklaşdyrmakda we emele getirmekde alyp baryjy oýunçylara öwürdi.

Akademiýanyň başdaky sekiz modullaryny milli derejede okatmaga başlamak ähli sebit boýunça ösüş üçin IKT (IKTÖ) syýasatyny işläp düzmek oblastynda potensialy güýçlendirmek üçin bar bolan hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmek we täzelerini gurmak boýunça kemala getiriji prosesiň döremegini aňladýar. IKTÖ AÝOM syýasaty ähli işläp düzüjileri Akademiýa tarapyndan gurşap almak prosesini üpjün etmekde özüniň esasy çemeleşmesi hökmünde milli Akademiýalaryň işleriniň başynda tehniki goldawy bermäge taýýardygyny aňladýar. Merkez merkezi, döwlet we ýerli dolandyryş edaralary bilen eýýäm göni baglanyşygy bolan sebitleýin we milli okuw edaralarynyň birnäçesi bilen olaryň IKTÖ oblastynda potensialyny güýçlendirmek üçin Akademiýanyň milli zerurlyklara we öňe sürülýän meselelere aýratyn üns berýän modullaryny ýerlileşdirmek, terjime etmek we olary okatmak ýoly bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Bar bolan modullaryň çägini we gurşap alşyny mundan hem buýanky giňeltmek we täzelerini işläp düzmek boýunça meýilnamalar hem bar.

Ondan başga-da, IKTÖ AÝOM Akademiýanyň modullarynyň mazmunynyň sebitde has uly auditoriýa ýetmegini üpjün etmek üçin köp derejeli çemeleşmäni ýarag edinýär. Sebitleýin we milli Akademiýalaryň üsti bilen Akademiýanyň materiallaryny gös-göni okatmak bilen bir hatarda IKTÖ AÝOM öz IKTÖ AÝOM Wirtual Akademiýasyny esaslandyrdy (APCICT Virtual Academy, AVA), ol Akademiýanyň torlaýyn distansion okadyjy platformasy bolup durýar, hem-de ol

gatnaşyjylary öz saýlawy boýunça materiallary öwrenmek mümkinçiligi bilen üpjün etmek üçin niýetlenilen. AVA prezentasiýalaryň slaýdlary we tematiki barlaglar ýaly Akademiýanyň ähli modullarynyň we bilelikdäki materiallarynyň torda ýüklemek, köp gezek ulanmak, kämilleşdirmek we ýerlileşdirmek üçin ýeňil elýeterlidigini kepillendirýär, hem-de ol dürli wezipeleri, şol sanda wirtual leksiýalary, okatmak prosesini guramak we täze mazmuny işläp düzmek we ygtyýarnamalaşdyrmak üçin okuw serişdelerini özünde saklaýar.

Sekiz sany moduldan ybarat başdaky tapgyr we olaryň Akademiýanyň sebit, sebitden daşary we milli maslahatlarynyň çäklerinde okadylmagy köp adamlaryň we guramalaryň işe wepalylygy we başlangyçly gatnaşmagy bolmasa mümkin bolmazdy. Men Akademiýanyň uçurymlarynyň we döwlet pudaklaýyn edaralaryndan, okuw jaýlaryndan biziň hyzmatdaşlarymyzyň, hem-de Akademiýanyň maslahatlaryna gatnaşan sebitleýin we milli guramalaryň tagallalaryny we ýeten sepgitlerini bellemek üçin bu mümkinçilikden peýdalanmak isleýärin. Olar modullaryň mazmunyna gymmatly goşant goşmakdan başga, has wajyp zat, olar öz ýurtlarynda Akademiýanyň tarapdarlaryna öwrüldiler, onuň netijesinde IKTÖ AÝOM we milli, sebitleýin edaralaryň–hyzmatdaşlaryň birnäçesiniň arasynda Akademiýanyň kurslaryny kämilleşdirmek we ýurtlarda regulýar kurslaryny geçirmek maksatlary bilen ylalaşyklar baglaşyldy.

Ondan başga-da, men bu adaty däl syýahaty mümkin eden köp öňdebaryjy adamlaryň özüni aýamazdan görkezen tagallalaryna aýratyn minnetdarlygymy aýtmak isleýärin. Bu Şahid Akhtar, Akademiýanyň taslamasynyň maslahatçysy; Patrisia Arinto, redaktor; Kristina Apikul, goýberiji redaktor; Akademiýanyň modullarynyň ähli awtorlary we IKTÖ AÝOM komandasy.

Akademiýada beýan edilen gymmatly bilimleriň Aziýanyň we Ýuwaş okeanyň ähli burçlarynda adamlaryň arasynda rezonans döredip ýaýramagy üçin IKTÖ AÝOM we onuň ähli hyzmatdaşlary Akademiýanyň terjimesini we mazmunyny ýerlileşdirmegiň üstünde üznüksiz işlediler. Hut şu tagallalar bilen biz häzirki wagtda Akademiýanyň rus wersiýasyny çap edýäris.

Akademiýanyň rus wersiýasyny taýýarlamak boýunça komanda terminologiýanyň dilde häzirki wagtda ulanylýana laýyk geler ýaly, nýuanslaryň we inçelikleriň şöhlelendirilmegi, mazmunyň terjimesiniň bolsa esaslandyrylmagy üçin köp wagty sarp etdiler. Bu manyda olar Akademiýanyň modullarynyň ikinji awtorlary boldular. Men Informasion maglumatlaryň Gyrgyzystandaky Milli merkezine,

onuň işgärlerine olaryň özüni aýamazdan görkezen tagallalaryna we bu başlangyja wepalylygy üçin meniň çuňňur minnetdarlygymy aňlatmak isleýärin. Hususan-da, Almaz Bakenow, Munar Usubaliýewa, Bella Moldobaýewa, Andreý Smirenskiý, Dmitriw Petrenko, Amanbek Bawlankulow, Emil Albanow we Meder Mamutow tarapyndan ýerine ýetirilen ajaýyp işleri bellemek isleýärin.

Men Akademiýanyň IKT oblastynda adam resurslarynyň ýetmezçiligini azaltmak, IKT-ni ornaşdyrmak ýolunda barýerleri aradan aýyrmak, sosial-ykdysady ösüşi tizleşdirmekde IKT-ni ulanmaga hemaýat bermek we Müňýyllygyň ösüşiniň maksatlaryna ýetmekde halklara hemaýat berjekdigine çyndan umyt bildirýärin.

Heun-Suk Ri, IKTÖ AÝOM Direktory

## OKUW MODULLARYNYŇ TAPGYRY BARADA

Häzirkizaman “maglumat asyrynda” maglumata ýönekeý elýeterlilik biziň ýaşaýyş, iş we dynç alyş keşbimizi üýtgedýär. “Sifrleýin ykdysadyýet”, ol “bilimler ykdysadyýeti”, “torlaýyn ykdysadyýet” ýa-da “täze ykdysadyýet” hökmünde hem belli, harytlary öndürmekden ideýalary döretmäge geçmek bilen häsiýetlendirilýär. Bu ykdysadyýetde we umuman alanyňda tutuş jemgyýetde maglumat we kommunikasion tehnologiýalarynyň (IKT) rolunyň baştutanlygy bolmasa-da, artmaklygyny nygtaýar.

Netijede, tutuş dünýäde hökümetler ösüş maksatlary üçin IKT (IKTÖ) has uly ünsleri berýärler. Bu ýurtlaryň hökümetleri üçin IKTÖ diňe bir IKT senagatynyň ýa-da ykdysadyýetiň sektorynyň ösmeginde däl-de, eýsem sosial, şonuň ýaly-da syýasy ösüşi höweslendirmek üçin IKT-niň ykdysadyýete girizilmeginden ybaratdyr.

Muňa garamazdan, IKT oblastynda syýasaty işläp düzmekde hökümetiň duçar bolýan kynçylyklary bilen bir hatarda, syýasaty işläp düzüjileriň köplenç özleriniň milli ösüş maksatlary üçin ulanýan tehnologiýalary bilen tanyş däl bolmak fakty hem bardyr. Hiç kimiň tanyş däl zadyny dolandyryp bilmejekdigi sebäpli köp syýasatçylar IKT oblastynda syýasaty işläp düzmekden gaça durýarlar. Emma IKT oblastynda syýasaty işläp düzmegi “tehnarlara” bermek hem dogry däldir, sebäbi köplenç olarda tehnologiýalary işläp düzmegiň we ulanmagyň berjek syýasy netijeleri barada düşünjeler ýok.

IKT Akademiýasynyň döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin modullarynyň tapgyry BMG-yň Ösüş maksatlary üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýalary boýunça Aziýa-Yuwaş okean okuw Merkezi (IKTÖ AÝOM) tarapyndan aşakdakylar üçin işlenilip düzüldi:

1. IKT oblastynda syýasaty işläp düzmek üçin jogapkär umumymilli we ýerli derejeli dolandyryş syýasatçylary;

2. IKT esasynda amaly goşundylary işläp düzmek we ornaşdyrmak üçin jogapkär döwlet wezipeli adamlary;

3. Döwlet sektorynyň IKT serişdelerini taslamalary dolandyrmak üçin ulanmaga ymtylýan ýolbaşçylary.

Modullaryň tapgyrlary IKTÖ bilen syýasat, şonuň ýaly-da tehnologiýa nukdaýnazaryndan bagly bolan amaly ähmiýetli soraglar bilen tanyşdyrmaga ymtylýar. Maksat IKT boýunça tehniki gollanmany işläp düzmekden däl-de, eýsem, häzirkizaman sifrleýin tehnologiýalaryň mümkinçiliklerine ýa-da onuň haýsy ugurda ösjekdigine, hem-de syýasy çözüwleri işläp düzmek üçin onuň nämäni aňladýandygyna gowy düşünmegi üpjün etmekden ybaratdyr. Modullarda açylýan temalar okatmakda zerurlyklaryň derňewi we dünýäniň beýleki ýurtlarynda ulanylýan okuw materiallaryny öwrenmek esasynda kesgitlenildiler.

Bu modullar olar aýratyn okyjylar tarapyndan özbaşdak öwrenmek, ýa-da taýýarlanyşda ýa-da maksatnamanyň gidişinde resurs hökmünde ulanylyp bilner ýaly görnüşde işlenilip düzüldiler. Bu modullar özbaşyna awtonomdyrlar, emma şol bir wagtda özaralarynda baglanyşyklydyrlar, hem-de tapgyryň modullaryndaky temalary we ara alyp maslahatlaşmalary özaralarynda baglanyşdyrmak üçin tagallalar edildiler. Modullary degişli ygtyýarnamalaşdyrmakdan geçip biljek bitewi kursa birleşdirmek uzak möhletleýin maksat bolup durýar.

Her modulyň başynda okatmagyň maksatlary we wezipeleri beýan edilýärler, olar boýunça okyjy öz üstünliklerini bahalandyryp biler. Modulyň mazmuny aýratyn bölümlere bölünendir, olara esasy baş ýörelgeleri çuň düşünmäge kömek edýän tematiki barlaglar we gönükmeler girýärler. Gönükmeleri özbaşdak we toparlarda hem ýerine ýetirip bolýar. Ara alyp maslahatlaşmagyň kesgitli aspektlerini şöhlelendirmek üçin modula tablisalar we suratlar girizildi. Okyjylaryň ünsüne edebiýat çeşmelerine we Internet resurslaryna ýüztutmalar berlendir, olar goşmaça maglumaty we bilimleri almak mümkinçiligini berýärler.

IKTÖ-ni ulanmak dürli taraplaýyndyr, şonuň üçin okuw modullarynda seredilýän käbir tematiki barlaglar we mysallar biri-birine gapma-garşy durýan hökmünde görünmekleri mümkin. Muňa garaşmalydyr, sebäbi bu örän täze we çylşyrymly ders, hem-de dünýäniň ähli ýurtlary ösüş üçin gural hökmünde IKT mümkinçiliklerini öwrenmek prosesine girişmeli diýlip göz öňünde tutulýar.

Akademiýanyň modullarynyň tapgyryny çap edilen formatda goldamak torda interaktiw distansion okatmagyň platformasynda – IKTÖ AÝOM-iň Witual Akademiýasynda – (AVA IKTÖ – http://www.unapcict.org/academy) – amala aşyrylýar, onda wirtual klaslar ulanylýar, olarda okuw modullarynyň PowerPoint wideo formatynda we prezentasiýalarynda mugallymlaryň çykyşlary görkezilýär.

Ondan başga-da, IKTÖ AÝOM bilelikdäki iş üçin IKTÖ-iň elektron merkezini işläp düzdi (e-Collaborative Hub) (e-Cob Hub – http://www/unapcicit.org/ecohub), ol praktiki işgärler we syýasatçylar üçin okatmak we sapak bermek oblastlarynda olaryň tejribesini ýokarlandyrmak maksatlary üçin bölünip berlen torlaýyn resursdyr. E-Co Hub IKTÖ-iň dürli aspektleri boýunça bilimleriň resurslaryna elýeterliligi berýär hem-de bilimleri we tejribäni alyş-çalyş etmek, IKTÖ-i öňe sürmekde hyzmatdaşlyk üçin interaktiw giňişligi üpjün edýär.

## MODUL 1

Informasion we kommunikasion tehnologiýalar (IKT) we Müňýyllygyň Deklarasiýasynda formulirlenen Ösüş oblastyndaky Maksatlara (ÖMMD – Millennium Development Goals, MDGs) ýetmegiň arasyndaky baglanyşyk, bir tarapdan aýdyň görünýär, beýleki tarapdan gaty bir beýle hem däl. Emma bu baglanyşyk nämede bolsa bar, hem-de ol onuň işläp düzülmegi we derňewleri üçin kesgitli tagallalary talap edýär. Bu modul okyjylary Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynda IKT-ni ulanmagyň anyk mysallaryna seretmegiň üsti bilen bu baglanyşygyň dürli aspektlerini derňemäge çagyrýar. Modul syýasy işläp düzmelerden başlap IKT-ni praktiki ulanmaga çenli, hem-de ösüşiň maksatlaryny çözmäge gönükdirilen esasy aspektleri we çözüwleri hem bölüp görkezýär. Esasy mesele sosial-ykdysady ösüşi höweslendirmek üçin IKT-ni ulanmagyň mümkinçiligine düşünmegi çuňlaşdyrmak, hem-de ösüşi we sosial sferanyň sektorlarynyň birnäçesinde IKT-ni praktiki ornaşdyrmagyň mümkinçiliklerini höweslendirmäge gönükdirilen IKT-ni ulanmagyň ulgamyny syýasatçylaryň we ýolbaşçylaryň ygtyýaryna bermek bolup durýar.

### Modulyň maksatlary

Bu modul aşakdaky maksatlary göz öňünde tutýar:

1. Ösüş üçin IKT-ni ulanmagyň praktiki mysallaryny ara alyp maslahatlaşmak;
2. Makroderejede ÖMMD we IKT arasyndaky özara gatnaşyklary beýan etmek;
3. Sosial-ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin IKT-ni ulanmagyň mümkinçiliklerine düşünmegi giňeltmek;
4. IKT-ni peýdalanmaga we ulanmaga esaslanan taslamalary işläp düzmäge we durmuşa geçirmäge gönükdirilen esas strukturany hem-de sosial sferanyň sektorlarynyň birnäçesinde olary praktiki durmuşa geçirmegiň mümkinçiligini bermek.

### Okatmagyň netijeleri

Moduly öwrenmegi tamamlandan soňra okyjylar başarmaly:

1. Ösüşiň maksatlaryna ýetmek üçin IKT-ni ulanmagyň logiki esaslaryny bermegi;

2. Ösüşiň esasy sektorlarynda IKT-ni ulanmagyň mysallaryny sitata getirmek we ara alyp maslahatlaşmak, hususan-da, garyplyk bilen göreş oblastynda, oba hojalygynda, bilimde, saglygy goraýyşda, gender ösüşde, hökümet we döwlet dolandyryşynda, tebigy betbagtçylyklar bilen göreşde we töwekgellikleri dolandyrmakda;
3. Ösüş üçin IKT-ni ulanmagyň netijeliligini üpjün etmekde duçar bolunýan kynçylyklara seretmegi;
4. Ösüşiň taslamalaryna we maksatnamalaryna IKT-ni meýilnamalaşdyrmakda we ornaşdyrmakda esasy faktorlara seretmegi.

## MAZMUNY


Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyryna sözbaşy ........ 3
Sözbaşy ........ 5
Okuw modullarynyň tapgyry barada ........ 7
Modul 1 ........ 9
Modulyň maksatlary ........ 9
Okatmagyň netijeleri ........ 9
Mysallaryň sanawy ........ 11
Ara goşmalaryň sanawy ........ 11
Suratlaryň sanawy ........ 11
Tablisalaryň sanawy ........ 11
Akronimler ........ 12
Şertli belgilemeleriň sanawy ........ 13

1. Giriş ........ 15
2. ÖMMD we IKT: umumy kartina ........ 17
2.1 ÖMMD boýunça gysgaça maglumat ........ 17
2.2 IKT: olaryň özi näme we olary nähili ulanmaly ........ 24
2.3 Sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmak ........ 29

3. IKT-ni ösüş üçin ulanmak ........ 45
3.1 IKT we garyplygy azaltmak ........ 45
3.2 IKT we bilim ........ 52
3.3 IKT we gender deňligi ........ 59
3.4 IKT we saglygy goraýyş ........ 65
3.5 IKT we tebigy resurslary rejeli ulanmak ........ 70
3.6 IKT, hökümet we döwlet dolandyryşy ........ 76
3.7 IKT we parahatçylyga ýetmek ........ 80

4. Ösüş üçin IKT-ni ulanmagyň esasy faktorlary ........ 85
4.1 IKTÖ syýasaty ........ 85
4.2 IKTÖ çärelerini meýilnamalaşdyrmak ........ 88

Jemleme ........ 95
Goşmaça edebiýat ........ 96

Glossariý .......................................................................................... 99
Lektorlar üçin bellikler ........................................................................ 102
Awtor barada ......................................................................................... 105

## Tematiki derňewleriň sanawy

1. Maglumat Internet-merkezleri, Mongoliýa 33
2. Adalarda ýerleşýän, kiçi, ösýän döwletleriň maglumat tory 35
3. “Agaç we kiber-dünýä”: Nepaldaky Nangi obasyndaky mekdebiň taslamasy 36
4. Thread Net Hunza, Päkistan taslamasy 41
5. IKT we Hindistanyň oba ilatynyň kepillendirilen işlilik baradaky Milli Aktynyň işiniň shemasy 42
6. e-Choupal, Hindistan taslamasy 44
7. Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde oba etraplaryny ösdürmegiň bähbitlerine gönükdirilen bilimler toruny döretmek 45
8. Açyk mekdepde okadylmagyň Milli instituty, Hindistan 47
9. School Net maksatnamasy we Günorta-Ýuwaş okean sebiti üçin Jemgyýetçilik Elýeterlilik Modeli, Samoa 48
10. Kiçi döwletler – Hyzmatdaşlygyň gatnaşyjylary üçin wirtual uniwersitet 49
11. Birinji halk tory, Süleýman adalary 50
12. Grameen Phone taslamasynyň taryhy, Bangladeş 53
13. Salaam Wanita, Malaýziýa 54
14. Päkistanda telemedisina 58
15. Mediki barlaglaryň netijelerine torara elýeterliligi guramagyň taslamasy 59
16. Tikiwiki GeoCMS taslamasy, Ýuwaş okeanyň adalarda ýerleşýän döwletleri 62
17. Sunami barada irki habar beriş ulgamy, Günorta-Gündogar Aziýa 64
18. Mongoliýanyň elektron salgyt salyş edarasy 67

## Ara goşmalaryň sanawy

Ara goşma 1. Ösüş oblastynda Müňýyllygyň Deklarasiýasynda formulirlenen maksatlar we meseleler 18

Ara goşma 2. IKTÖ-ni ulanmak boýunça gollanma 76

## Suratlaryň sanawy

Surat 1. ESKATO-nyň kwalifikasiýasy boýunça prioritet ýurtlar 15

## Tablisalaryň sanawy

Tablisa 1. ÖMMD-iň meselelerini ýerine ýetirmek derejesi boýunça ýurtlaryň klassifikasiýasy 20
Tablisa 2. Häzirkizaman IKT-leriň klassifikasiýasy 24
Tablisa 3. Dürli IKT-leriň artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri 25
Tablisa 4. Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň has az özen ýurtlarynda (HAÖÝ) telekommunikasiýa serişdeleri bilen gurşap almagynyň giňligi 27
Tablisa 5. Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde Internet bilen gurşap almagyň derejesi we onuň ulanylyşy 29
Tablisa 6. Bilimde IKT-ni ulanmagyň mümkinçilikleri we artykmaçlyklary 47

## Akronimler

| | | |
|---|---|---|
| ABGTM | ADPC | Aziýanyň Betbagtçylyga Garşy Taýýarlyk Merkezi |
| AIDS | AIDS | Alnan Immunodefisit Sindromy |
| IKTÖ AÝOM | APCICT | Ösüş üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýalary boýunça Aziýa-Yuwaş okean okuw Merkezi |
| AÝOÖMM | APDIP | Aziýa-Ýuwaş okean Ösüş Maglumatlary Maksatnamasy |
| GGAMA | ASEAN | Günorta-Gündogar Aziýanyň Milletleriniň Assosiasiýasy |
| AHÖA | AusAID | Awstraliýanyň Halkara Ösüş Agentligi |
| AWA | AVA | IKTÖ AÝOM-yň Wirtual Akademiýasy |
| BHM | BPoA | Barbadosyň Hereket Maksatnamasy |
| AGPYBM | CENWOR | Aýal-gyzlaryň problemalarynyň ylmy-barlag Merkezi, Şri-Lanka |
| KD | CD | Kompakt Disk |
| ÖA | COL | Öwrenmekligiň Arkadaşlygy |
| DHÖA | DANIDA | Daniýanyň Halkara Ösüş Agentligi |
| DWD | DVD | Sifrleýin Wideo Disk |
| AÝSOÖBT | ENRAP | Aziýa/Ýuwaş okean sebitinde Oba Ösüşi üçin Bilimler Tory |
| AÝYSK, AÝOYSIT | ESCAP, ESKATO | Aziýa we Ýuwaş okean sebiti üçin Ykdysady we Sosial Iş Topary (Komissiýasy) |
| MÝ | FM | Modulýasiýanyň ýygylygy |
| AKEPÜ | FOSS | Açyk Kodly Erkin Programma Üpjünçiligi |
| FGP | FTP | Faýly geçirmegiň Protokoly |
| KMDU | GeoCMS | Kartografiki Mazmuny Dolandyrmak Ulgamy |
| GMU | GIS | Geografiki Maglumat ulgamy |
| GDD | GooB | Gapyrjakdan Daşda Dolandyrmak |
| BBSTAE | HINARI | Barlag Başlangyçlaryna Saglyk Torara Elýeterligi |
| AIDW | HIV | Adamyň Immunodefisit Wirusy |
| IKT | ICT | Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýasy |
| IKTÖ | ICTD | Ösüş üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýasy |
| HÖYBM | IDRC | Halkara Ösüş Ylmy-barlag Merkezi, Kanada |
| OHÖHG | IFAD | Oba Hojalyk Ösüşi üçin Halkara Gaznasy |
| HKÖG | ISRO | Hindistanyň Kosmosy Öwrenmek Guramasy |

| | | |
|---|---|---|
| IT | IT | Informasiýa tehnologiýasy |
| KSÖG | KADO | Karakoram Sebitiniň Ösüş Guramasy |
| HAÖÝ | LDC | Has Az Ösen Ýurt |
| MÖM | MDG | Müňýyllygyň Ösüş Maksady |
| MIGMU | MIGIS | Mobil Interaktiw Geografiki Maglumat Ulgamy, Hytaý |
| FDB | NFE | Formal Däl bilim |
| HDBG | NGO | Hökümede Degişli Bolmadyk Gurama |
| AMMI | NIOS | Milli Açyk Mekdep Instituty, Hindistan |
| OIMKA | NREGA | Oba Işliligini Milli Kepillendirmek akty |
| YIUO | OCHA | Ynsanperwerlik Işlerini Utgaşdyrmak Ofisi |
| YHÖG | OECD | Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş guramasy |
| BHT | PFnet | Birinji Halk Tory, Süleýman adalary |
| JIM | PIC | Jemgyýetçilik Internet Merkezi, Mongoliýa |
| JHH | PPP | Jemgyýetçilik Hususy Hyzmatdaşlyk |
| AP | SARS | Atipiki Pnewmoniýa |
| AKÖD | SIDS | Adalardaky Kiçi Ösýän Döwletler |
| AKÖDT | SIDSNet | Adalardaky Kiçi Ösýän Döwletleriň Tory |
| KOK | SME | Kiçi we Orta Kärhanalar |
| GHH | SMS | Gysga Habar Hyzmaty |
| ÝAAGYIT | SOPAC | Ýuwaş okean Adalarynyň Amaly Geoylym Iş Topary |
| TÝMT2 | TEIN2 | Trans-Ýewraziýa Maglumat Tory 2 |
| SIHBU | TEWS | Sunami barada Irki Habar Beriş Ulgamy |
| TW | TV | Telewideniýe |
| BMG | UNO | Birleşen Milletler Guramasy |
| BMGÖM | UNDP | Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy |
| BMGBYMG | UNESCO | Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, Ylym we Medeni Guramasy |
| BABBMGHS | UNISDR | Betbagtçylyklary Azaltmak boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Halkara Strategiýasy |
| ABŞHÖA | USAID | Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Halkara Ösüş Agentligi |
| OT | VP | Oba Telefony |
| ÖKAT | VSAT | Örän Kiçi Apertura Terminaly |
| AKDWU | VUSSC | Arkadaşlygyň Kiçi Döwletleri üçin Wirtual Uniwersitet |
| BSSG | WHO | Bütindünýä Saglygy goraýyş Guramasy |

## Şertli belgilemeleriň sanawy

Mysal

Maksat

Oýlanmak üçin soraglar

Praktiki gönükmeler

Özüňizi barlaň

# 1. GIRIŞ

Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň çäginde Ýeriň ilatynyň dörtden biri töweregi ýaşaýar. Galan dünýä bilen deňeşdireniňde bu ýerde ilatyň iň ýokary gürlügi hasaba alyndy, iň garry we iň ýaş siwilizasiýalar, hem-de kontinental Aziýanyň iň gür ilatly ýurtlary, hem-de bolsa Ýuwaş okean sebitiniň iň pytraň we daş ýerleşen adadaky döwletleri ýerleşýärler. Bu sebitde ähli jynslaryň we milletleriň adamlary ýaşaýarlar, hem-de bu sebitde örän baý sebitler we garyplygyň gorkunç derejesi bolan oblastlar goňşuçylykda ýerleşýärler. Bu sebitde dünýäde iň çalt ösýän ykdysadyýetler, iň garyp döwletler we geçiş ykdysadyýetli ýurtlar bilen goňşuçylykda ýerleşýärler.

Şeýlelikde, donorlaryň, ösüş agentlikleriniň we praktiki guramalaryň dünýä jemgyýetçiliginiň duçar bolýan Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ösüşiniň kynçylyklary ägirtdir. Bu sebite bitewi prinsipleri ulanmak mümkin däldir, sebäbi sebitiň bir ýurdy üçin birkemsiz kabul ederlikli çözüw bu sebitiň beýleki böleginde absolýut ýaramsyz bolup biler.

Mümkin, şu sebäp boýunça sebitiň ýurtlaryny ösüşiň meňzeş görkezijilerine eýe bolan toparlar boýunça bölmäge ýiti zerurlyk bardyr, hem-de degişlilikde, sebitiň ösüşiniň problemalaryny ýeňip geçmegiň täze ýollaryny gözlemäge aýratyn üns bermelidir. Müňýyllygyň ösüşiniň 8-nji maksadynyň (MÖM) 13-nji we 14-nji meseleleri adalarda ýerleşýän, daglarda ýerleşýän döwletlere, deňze çykalgasy ýok ýurtlara, hem-de bolsa iň az ösen ýurtlara goşmaça kömegi bermegiň aýratyn jogapkärçiligini dünýä jemgyýetçiligine ýükleýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Aziýa we Ýuwaş okean üçin Ykdysady we Sosial Iş topary (AÝYSIT, ЭСКАТО) hem prioritet ýurtlar hökmünde Ýuwaş okeanyň adalarda ýerleşýän ösýän ýurtlaryny, iň az ösen ýurtlary (IAÖÝ), deňze çykalgasy ýok döwletleri we geçiş ykdysadyýetli ýurtlary kesgitleýär.

Surat 1. Aziýa we Ýuwaş okean üçin Ykdysady we Sosial Iş toparynyň kwalifikasiýasy boýunça prioritet ýurtlar




Öz ähli dürlidiklerine seretmezden, prioritet ýurtlar meňzeş problemalara duçar bolýarlar. Olaryň uly bolmadyk territoriýalary we ilatynyň uly bolmadyk sany bar, ýerlemegiň uly bolmadyk bazarlary, hem-de bolsa çäklendirilen adam, tehniki we/ýa-da çig mal resurslary bar. Adalarda ýerleşýän döwletler hem, uzakdaky daglyk ýurtlar hem daşky gurşawyň, sunami we ýer titreme ýaly düýpli özgertmelerine duçardyrlar. Syýasy taýdan bu ýurtlar öz gowşaklygyny aňlaýarlar, hem-de kritiki massa ýok bolandygy üçin ýeňillik bilen ikinji derejeli bolup biljekdiklerinden hem-de has ösen we uly döwletlerde işlenilip düzülýän we öndürilýän tehnologiýalara, ulgamlara, harytlara, hyzmatlara we materiallara bagly boljakdyklary barada howplanýarlar. Şol bir wagtda bolsa olar halkara ösüşiň we güýçlenmegiň esasy ugrundan gapdalda galmagy özlerine ýol berip bilmejekdiklerini ykrar edýärler.

Şeýlelikde, prioritet ýurtlaryň ösüşiniň problemalaryny we mätäçliklerini çözmek üçin innowasion çäreleri we çözüwleri gözlemäge zerurlyk bar. Informasion jemgyýetiň ösýän asyrynda informasion we kommunikasion tehnologiýalaryň (IKT) häzirkizaman ulanylyşy beýle innowasion usullary we taýýar çözüwleri amala aşyrmagy mümkin edýärler.

Bu modulda prioritet ýurtlarda ösüşiň problemalary IKT-ni ulanmagyň prizmasy, hususan-da kompýuter we Internet sifrleýin tehnologiýalary astynda seredilýär[1]. Bu modulda IKT-ni ulanmagyň we MÖM-e ýetmegiň arasynda baglanyşygy dikeltmäge synanyşyk edilýär, hem-de bolsa ösüş maksatlary üçin IKT-ni (IKTÖ) has giň we manyly ulanmak ara alnyp maslahatlaşylýar. Emma başda MÖM-e ýetmek üçin IKT-ni ulanmagyň uniwersal usulynyň ýoklugyny bellemek möhümdir, hem-de her ýurt öz maksatlaryny, meselelerini, strategiýasyny we çözüw ýollaryny özbaşdak kesgitlemelidir. Bu modulda okyjy maksatlary (MÖM) we üstünlikleriň strategiýasyny (IKT) baglanyşdyrmagyň soraglary bilen ýönekeý derejede tanyşýar, hem-de bu strategiýalary netijeli ulanmagyň ýollary teklip edilýär.

Girişden soň gelýän bap MÖM-iň we IKT-niň beýanyny özünde saklaýar. Soňky bölümde ykdysadyýetiň dürli we ösüşe mätäç sektorlarynda IKT-ni praktiki ulanmagyň usullary beýan edilýärler. Ösüşe mätäç sektorlara aýratyn seredilýän bolsa hem, ykdysadyýetiň bir sektorynda, meselem, bilimde, IKT-ni ulanmagyň beýeki sektorlarda hem oňyn ilerlemelere öz yzyndan getirip biljekdigini bellemek möhümdir. Bu modulyň tamamlaýjy babynda maksatnamalary we taslamalary şowly amala aşyrmaga päsgel berýän iň uly problemalara jikme-jik seretmek amala aşyrylýar. Bu bap taslamalary amala aşyrmak meselesi bilen gös-göni meşgul bolýanlara aýratyn gyzykly bolar.

Bu modul okyjyda ara alnyp maslahatlaşylýan soraglar boýunça iň bolmanda umumylaşdyrylan pikiri döretmek üçin niýetlenildi. Şonuň üçin, käbir okyjylar üçin maglumat täze bolup görünse hem, beýlekiler ony has ýönekeýleşdirilen diýip hasaplamaklary mümkin. Şeýle hem pedagogiki maksatlar üçin bu modulda hem, bu modulyň onuň bölegi bolup durýan okuw modullarynyň ähli blogunda hem, käbir soraglara seretmekde käbir ýönekeýleşdirmegi ýüze çykaryp bolar. Bu seredilýän temanyň çylşyrymly häsiýeti bilen bagly, onda şol bir sorag dürli nukdaýnazarlardan we dürli göwrümlerde seredilip bilner, bu bolsa öwrenilýän oblasty seretmek üçin has gyzykly we çylşyrymly edýär.

[1] Radio we telewideniýeni ulanmak ýaly has köne tehnologiýalar diňe sifrleýin tehnologiýalar bilen baglanyşýan derejesinde ara alnyp maslahatlaşylar.

# 2. ÖMMD WE IKT: UMUMY KARTINA

Bu bölümiň meseleleri:

- Sebitler tarapyndan ÖMMD-e ýetmek boýunça häzirki ýagdaýa seretmek;
- IKT-ni ulanmagyň esasy aýratynlyklaryny beýan etmek;
- Sebitiň ösüş meselelerini çözmäge ukyply IKT-ni strategiki ulanmagyň mümkinçilikleri barada umumy düşünjäni döretmek.

## 2.1 ÖMMD boýunça gysgaça maglumat

2000-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň hemme 189 agzasy tarapyndan kabul edilen Müňýyllygyň Deklarasiýasy we MÖM-leri global hyzmatdaşlygy ösdürmekde özgeriş pursady boldy. Onýyllyklaryň dowamynda dürli forumlarda we global konferensiýalarda adamzadyň ösüşiniň soraglary galdyrylsalar hem, birinji gezek absolýut hemme ýurtlar – gatnaşyjylar we olaryň hökümetleri, ösüş boýunça donorlar we agentlikler, hökümete degişli bolmadyk we raýat jemgyýetçilik guramalary umumy çemeleşmelere we borçnamalara garamazdan adalatly ösüşi üpjün etmek maksadyna hiç haçan ýetilip bolunmajakdygy baradaky fakty boýun aldylar.

ÖMMD-niň möhümligi

ÖMMD (Ara goşma 1) dünýä jemgyýetçiliginde formulirlenen we has wajyp diýlip ykrar edilen, giň goldawa eýe we garyplygyň derejesini peseltmegiň iň praktiki strategiýalaryny üpjün edýän maksatlar bolup durýar. Öz içine donor guramalaryny we tehniki kömegi bermek boýunça agentlikleri alýan halkara ulgamy üçin maksatlar öz içine ösüşe kömek bermegiň umumy maksatnamasyny alýarlar. Ýurtlar-halklar üçin MÖM ösüşiň halkara derejede ylalaşylan minimal standartlaryna laýyk gelmek borçnamasyny aňladýar, ol standartlaryň esasynda ýerine ýetirilişiň barşyna gözegçilik amala aşyrylar. Eger-de goýlan maksatlara ýetilse, onda ol garyplykda ýaşaýan we mätäçlige sezewar bolýan bir milliarddan gowrak adamyň gurplylykda we azatlykda ýaşamaga mümkinçilik aljakdygyny aňladýar.

Goýlan maksatlaryň sekizsiniň hersi anyk maksatlara eýedir, özi hem olaryň hemmesiniň möhümligi deňdir, ýurtlar-gatnaşyjylar 2015-nji ýylda goýlan

maksatlaryň bölekleýin ýerine ýetirilendigi barada bellemek hem, şeýlede olaryň doly ýerine ýetirilendigini subut etmek barada hem mümkinçilige eýedirler.

Ara goşma 1. Müňýyllygyň Deklarasiýasynda formulirlenen ösüş oblastyndaky maksatlar we meseleler

Maksat 1: Juda garyplygy we açlygy ýok etmek
Mesele 1: 1990-njy ýyldan 2015-nji ýyla çenli aralykdaky döwürde günde ABŞ-nyň 1 dollaryndan az girdejisi bolan ilatyň tutýan bölegini iki esse azaltmak
Mesele 2: 1990-njy ýyldan 2015-nji ýyla çenli aralykdaky döwürde açlykdan ejir çekýän ilatyň bölegini iki esse azaltmak

Maksat 2: Ähli umumy başlangyç bilimi üpjün etmek
Mesele 3: 2015-nji ýylda bütin dünýäde çagalarda, oglanlarda hem, şeýlede gyzlarda hem, başlangyç mekdep bilimini doly göwrümde alar ýaly mümkinçiligiň bolmagyny üpjün etmek

Maksat 3: Jynslaryň deňligini höweslendirmek hem-de aýallaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek
Mesele 4: Başlangyç we orta bilim sferasynda jynslaryň arasyndaky deňsizligi gowusy 2005-nji ýyla çenli, 2015-nji ýyldan gijä galman bolsa – bilimiň ähli derejelerinde ýok etmek

Maksat 4: Çaga ölümini azaltmak
Mesele 5: 5 ýyla çenli ýaşdaky çagalaryň ölüm sanyny 1990-2015-nji ýyllar aralykdaky döwürde üçden iki esse azaltmak

Maksat 5: Eneligiň goralmagyny gowulandyrmak
Mesele 6: Eneleriň ölümlik koeffisiýentini 1990-2015-nji ýyllar aralykdaky döwürde dörtden üç esse azaltmak

Maksat 6: AIDW/AIDS, malýariýa we beýleki keseller bilen göreş
Mesele 7: 2015-nji ýyla çenli AIDW/AIDS-iň ýaýramagynyň togtamak we kesellemegi azaltmak tendensiýasynyň başlangyjyny goýmak
Mesele 8: 2015-nji ýyla çenli malýariýanyň we beýleki esasy keselleriň ýaýramagyny togtatmak hem-de kesellemegi azaltmak tendensiýasynyň başlangyjyny goýmak

Maksat 7: Ekologiki durnuklylygy üpjün etmek

Mesele 9: Ýurtlaryň strategiýalaryna we maksatnamalaryna durnukly ösüşiň prinsiplerini girizmek, tebigy resurslary ýitirmek prosesini yza öwürmek

Mesele 10: 2015-nji ýyla çenli ilatyň arassa agyz suwuna hemişelik elýeterliligi bolmadyk bölegini iki esse azaltmak

Mesele 11: 2020-nji ýyla çenli harabalyklarda ýaşaýanlaryň azyndan 100 millionynyň ýaşaýşynyň ymykly gowulandyrmagyny üpjün etmek

Maksat 8: Ösüş üçin global hyzmatdaşlygy emele getirmek

Mesele 12: Açyk, düzgünleşdirilýän, öňünden kesgitlenilip bilinýän we hukuklar kemsidilmeýän söwda we maliýe ulgamyny döretmegi dowam etmek

Mesele 13: Iň az ösen ýurtlaryň aýratyn zeruryklaryny kanagatlandyrmak

Mesele 14: Deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň, hem-de adalarda ýerleşýän kiçi we ösýän döwletleriň aýratyn zerurlyklaryny kanagatlandyrmak (adalarda ýerleşýän kiçi we ösýän döwletleriň durnukly ösüşini üpjün etmek boýunça hereketleriň maksatnamasyny ýerine ýetirmegiň we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Adatdan daşary 22-nji mejlisinde ýetilen netijeleriň üsti bilen)

Mesele 15: Ösýän ýurtlaryň bergidarlyk problemalaryny döwlet we halkara derejelerinde çözüwleri kabul etmek ýoly bilen, uzak möhletleýin perspektiwada bu ýurtlaryň bergilerini yzyna bermegini üpjün etmek üçin toplumlaýyn çözmek

Mesele 16: Ösýän ýurtlar bilen hyzmatdaşlykda ýaşlar bilen öndürijilikli we netijeli işi üpjün etmek strategiýasyny işläp düzmek we durmuşa geçirmek

Mesele 17: Farmasewtiki kompaniýalar bilen hyzmatdaşlykda ösýän ýurtlarda gymmat bolmadyk esasy derman serişdeleriniň elýeterliligini üpjün etmek

Mesele 18: Hususy sektor bilen hyzmatdaşlykda, hemmeleriň täze tehnologiýalaryň, aýratyn hem informasion-kommunikasion tehnologiýalaryň eşretlerinden peýdalanyp bilmekleri üçin çäreleri kabul etmek

Çeşme: BMGÖM (PROON), *Adam ösüşi boýunça sebitleýin hasabat – Aziýada adam ösüşi üçin IKT-ni öňe sürmek: Ösüş oblastynda Müňýyllygyň Deklarasiýasynda formulirlenen maksatlary durmuşa geçirmek* (Nýu-Deli: BMGÖM, Elsewýer, 2005), http://www.apdip.net/elibrary#rhdr.

Hem-de bolsa global borçnamalar hökmünde strategiýa we hereketleriň meýilnamasy kabul edildiler, olar sebitleýin derejede hereketler bilen goldanylan milli we halkara derejedäki degişli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegini talap edýärler. Global derejede bu struktura hökmünde BMG-yň ulgamy çykyş etmeli, ol monitoring, derňew, çäreleri guramak, serişdeleri mobilizlemek we gündelik işler ýaly esasy elementleri ýerine ýetirmek ýoly bilen goýlan maksatlara ýetmegiň üstünde işlemelidir. Milli derejede Garyplygy azaltmagyň Strategiýasynyň ýa-da beýleki meňzeş milli meýilnamalaryň we strategiýalaryň çäklerinde göz öňünde tutulan syýasy dialog we strategiýalary işläp düzmek prosesi arkaly durmuşa geçirilýän netijeli syýasy ulgamlar, hyzmatdaşlyk, ýurt boýunça derňewler we hereketler gerekdir.

ÖMMD-i durmuşa geçirmek prosesi

2004-nji ýyldan başlap dünýäniň dürli böleklerinde meseleleri ýerine ýetirmek boýunça global we sebitleýin ösüşiň aralyk synlarynyň birnäçesi amala aşyryldy. 2007-nji ýyl berlen ýyllaryň ýarysyny aňladýar, hem-de birinji howsalaly jaňlar eşidilýär. *2007-nji ýyl üçin Müňýyllygyň ösüş maksatlary boýunça Dokladda*[2] goýlan maksatlary ýerine ýetirmegiň barşynda umumy progrese bütin dünýä boýunça endigan däl ýetilýändigi, hem-de, hat-da iň köp kynçylyklar bar bolan sebitlerde hem ýetilen belli bir göze görnükli we giň gerimli üstünliklere garamazdan, Ýer şarynyň esli territoriýalarynda goýlan maksatlara 2015-nji ýylda ýetilmez diýlip bellenilýär.

"*Müňýyllygyň ösüşiniň maksatlary: Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde durmuşa geçirmegiň gidişi, 2007-nji ýyl*"[3] atly pudagara dokladda sebitiň Afrikan Saharasy bilen deňeşdireniňde ÖMMD-ni ýerine ýetirmek babatynda has uly üstünlikleri görkezýändigine garamazdan, onda dünýäniň bäş iň gür ilatly ýurtlarynyň (Bangladeş, HHR, Hindistan, Indoneziýa, Päkistan), olarda Ýer şarynyň oba ilatynyň takmynan üçden ikisiniň ýaşaýandygy, olaryň esasy sanitar-gigiýeniki serişdelere elýeterliliginiň ýoklugy, ol sebitde ýetik däl çagalaryň dogulýandygy, hem-de bolsa juda garyplyk we mätäçlik şertlerinde ýaşalýandygy görkezilendir. 1-nji tablisada görkezilişi ýaly, Aziýa-Ýuwaş okean sebiti, bitewiligine alanyňda, ÖMMD-iň köpüsiniň 2015-nji ýyla çenli ýerine ýetirilmegini gazanyp biler. Garyplygyň we açlygyň derejesini iki esse azaltmakda, ählumumy başlangyç

[2] BMG, *2007-nji ýyl üçin ösüş maksatlary boýunça Doklad* (Nýu-Ýork: BMG, 2007), http://www.un.org/millenniumgoals/pdf/mdg2007.pdf.
[3] AÖB, ESKATO we BMGÖM, *Aziýada we Ýuwaş okean sebitinde müňýyllygyň ösüş maksatlary, 2007* (Bangkok: AÖB, ESKATO we BMGÖM, 2007), http://www.unescap.org/stat/mdg/MDG-Progress-Report2007.pdf.

bilimi üpjün etmekde, bilimiň ähli derejelerinde gender deňsizligini aradan aýyrmakda progres ýeterlik uludyr, hem-de sebit goýlan maksatlary doly durmuşa geçirmäge ukyplydyr. Emma çaga ölüminiň derejesi ýeterlik ýokary bolmagyna galýar, hem-de AIDW/AIDS bilen kesellemegiň artmagy bellenilýär. Daşky gurşawyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy hem ynjalyksyzlyk döredýär.

Doklad ÖMMD-e ýetmekde progresiň aýratynlykda özbaşyna ýeterlik däldigine ynandyrýar, sebäbi hat-da ÖMMD-iň käbir meselelerini ýerine ýetirmek boýunça dogry ýolda bolan ýurtlar hem şol bir wagtda çaga ölüminiň we garyplygyň ýokary görkezijilerine eýe bolup bilerler, emma beýleki has az üstünlikli ýurtlar maksatlara ýetmäge ýakyn bolup bilerler. Şu sebäbe görä her ýurt boýunça umumy progresiň has bitewi bahalandyrmagyna eýe bolmak gerekdir.

Tutuş Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ösüşinde kesgitli bir meňzeşlikleriň bellenilýändiklerine garamazdan, ESKATO-nyň prioritet ýurtlaryna mahsus (seret, Tablisa 1) tapawutlar ýüze çykarylmalydyr we beýan edilmelidir. Haz az ösen ýurtlar häzire çenli hem çaga we ene ölüminiň, sebitde tuberkulýozyň ýaýramagynyň iň ýokary derejelerine eýedirler. Merkezi Aziýa ýurtlary saglygy goramak sferasynda yza gaýdýarlar we çaga ölümini azaltmak soraglarynda haýal progrese eýedirler. Arassa agyz suw we esasy sanitar-tehniki serişdeler bilen üpjün etmek soraglary hem ýeterlik däl çalt çözülýärler. Statistiki maglumatlaryň ýetmezçiligi Ýuwaş okean sebitinde goýlan maksatlary ýerine ýetirmegi bahalandyrmak prosesini kynlaşdyrýar, emma esasy problemaly soraglar Merkezi Aziýada bar bolanlara meňzeşdirler. Hytaý we Hindistan maksatlara ýetmek boýunça güýçli täsir galdyryjy progresi görkezýärler, emma şol bir wagtda, 1-4 we 6 Maksatlar boýunça görkezijilere ýetilmedik garyp adamlaryň uly sany bilen bu ýurtlaryň öz içinde äpet tapawutlar bardyr.

Tablisa 1. ÖMMD-iň meselelerini ýerine ýetirmek derejesi boýunça ýurtlaryň klassifikasiýasy.

| ● Irki üstünlikler<br>▲ Öz wagtynda<br>■ Haýal<br>▼ Proges ýok/ erbetleşmek | Maksat 1 | | Maksat 2 | | | Maksat 3 | | | Maksat 4, 5 | | Maksat 6 | | | Maksat 7 | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ýurt | Günde 1$ | Ýetik dogmadyk çagalar | Başlangyç bilim | 5 derejäni hasaba almak | Başlangyç bilim | Jynslaryň bilimde deňsizligi | Orta bilimde jyns. deňsizligi | Ýokary bilimde jyns. deňsizligi | Ölümlilik > 5 | Ene ölümi | AIDW-yň ýaýraýşy | TWS ýaýraýşy | TWS-den ölümlilik derejesi | Tokaý massiwleri | Tokaýy goramak | $CO_2$ zyňylmalary | OCP/CFC hapalanmagy | Şäherleriň suw üpjünçiligi | Oba ýeriniň suw üpjünçiligi | Şäherlerde kanalizasiýa | Oba ýerinde kanalizasiýa |
| Owganystan | | ▲ | | | | ■ | ▼ | ▼ | ■ | ■ | ▲ | ● | ● | ▼ | ▲ | ● | ● | ● | ▲ | ● | ▲ |
| Gündogar Samoa | | | | | | | | | | | | ● | ● | ▼ | | ● | | | | | |
| Ermenistan | ● | | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ▲ | ▼ | ▼ | ▼ | ● | ● | ● | ● | | ● | |
| Azerbaýjan | ● | | ▼ | | ● | ● | ● | ▲ | ■ | ■ | ▲ | ● | ▼ | ▲ | ● | ● | ● | ● | ● | | |
| Bangladeş | ▼ | ■ | ▲ | ▼ | ▼ | ● | ● | ▼ | ▲ | ▲ | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ▼ | ▼ | ■ | ▼ | ▲ |
| Butan | | | | ▲ | | | | | ▲ | ■ | ▲ | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | | | | |
| Bruneý Darussalam | | | | ▲ | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ▲ | ▼ | ▼ | ▼ | ● | ● | ● | | | | |
| Kamboja | | ▼ | ● | ▼ | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ▼ | ▼ | ● | ● | ● | ▼ | ● | ● | ● | | | | |
| HHR | ● | ● | | | | ● | ● | ▲ | ● | ● | ▲ | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ■ | ■ | ▲ |
| Kuk adalary | | | ▼ | | | ● | ● | | ● | ● | | ● | ● | ● | | ▼ | ● | | | | |
| KHDR | | ▼ | | | | | | | ▼ | ▼ | | ● | ● | ▼ | ▲ | ● | ● | ● | ● | | |
| Fiji | | | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ▲ | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | | | ▼ | ▼ |
| Fransuz Polineziýasy | | | | | | | | | | | | ▼ | ● | ▲ | | ● | | ● | ● | ● | ● |
| Gruziýa | ▼ | | ▼ | | ▼ | ● | ● | ● | ● | ■ | ▼ | ● | ● | ▲ | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | ▼ |
| Guam | | | | | | | | | | | | ● | ▼ | ▲ | | ▼ | | ● | ● | ● | ● |
| Gonkong, HHR | | | ▼ | ● | ● | ▼ | ● | ● | | | ▲ | ● | ● | | | ▼ | | | | | |
| Hindistan | ▲ | ■ | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ■ | ■ | ■ | ▲ | ● | ● | ● | ● | ▼ | ▼ | ● | ● | ▲ | ▲ |
| Indoneziýa | ● | ▼ | ■ | ▼ | ● | ● | ● | ▼ | ● | ● | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ▼ | ■ | ■ | ■ |
| Eýran | ● | | ▲ | ▼ | ■ | ● | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | ● | ▲ | ● | ▼ | ● | ● | ▼ | | |
| Gazagystan | ● | | ▲ | | ● | ● | ● | ● | ▼ | ▼ | ▲ | ▼ | ▼ | ▲ | ● | ● | ● | ● | ▼ | ▼ | ▼ |
| Kiribati | | | | ▲ | ● | ● | ● | | ■ | ■ | | ● | ● | ▲ | ● | ▼ | ● | ■ | ▲ | ▲ | ■ |
| Gyrgyzstan | ● | | ■ | | ▼ | ● | ● | ● | ■ | ■ | ▲ | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ▼ | ▼ | ▼ |
| Laos HDR | ▼ | ■ | ▲ | ▲ | ■ | ▲ | ■ | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | | | | |
| Makao, HHR | | | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | | | | ▼ | ▼ | | | ▼ | | | | | |
| Malaýziýa | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ● | ● | ▼ | |
| Maldiwler | | ▲ | ▼ | | ● | ● | ● | ● | ● | ● | | ● | ● | ▲ | | ▼ | ● | ● | ▼ | ● | |
| Marşal adalary | | | ▲ | | ● | ▼ | ● | ● | ▲ | ■ | | ● | ● | | ● | | ● | ▼ | ● | ▲ | ■ |
| Mikroneziýa | | | | | | | | | ● | ● | | ● | ● | ▲ | ● | | ▼ | ● | ● | ■ | ▼ |
| Mongoliýa | ▼ | ▼ | ▼ | | ● | ● | ● | ● | ▲ | ▲ | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ● | ● | ▼ | ▼ | | |
| Mýanma | | ■ | ▲ | ▲ | ▲ | ● | ● | ● | ■ | ■ | ● | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ▼ | ▼ | ● | ● | ● |

Çeşme: AÖB, ESKATO we BMGÖM, *Aziýada we Ýuwaş okean sebitinde müňýyllygyň ösüş maksatlary, 2007* (Bangkok: AÖB, ESKATO we BMGÖM, 2007), 33, http://www.unescap.org/stat/mdg/MDG-Progress-Report2007.pdf.


| | Maksat 1 | Maksat 2 | Maksat 3 | Maksat 4, 5 | Maksat 6 | Maksat 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|

| ● Irki üstünlikler<br>▲ Öz wagtynda<br>■ Haýal<br>▼ Proges ýok/ erbetleşmek<br><br>Ýurt | Günde 1$ | Ýetik dogmadyk çagalar | Başlangyç bilim | 5 derejäni hasaba almak | Başlangyç bilim | Jynslaryň bilimde deňsizligi | Orta bilimde jyns. deňsizligi | Ýokary bilimde jyns. deňsizligi | Ölümlilik > 5 | Ene ölümi | AIDW-yň ýaýraýşy | TWS ýaýraýşy | TWS-den ölümlilik derejesi | Tokaý massiwleri | Tokaýy goramak | $CO_2$ zyňylmalary | OCP/CFC hapalanmagy | Şäherleriň suw üpjünçiligi | Oba ýeriniň suw üpjünçiligi | Şäherlerde kanalizasiýa | Oba ýerinde kanalizasiýa |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Nauru | | | | | ▼ | ● | ● | | ● | ● | | ● | ▼ | | | ● | ● | | | | |
| Nepal | ▲ | | ▲ | ■ | ▲ | ▲ | ▲ | ■ | ▲ | ■ | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ● | ● | ▲ | ▲ |
| Täze Kaledoniýa | | | | | | | | | | | | ▼ | ● | ▲ | | ● | | | | | |
| Niýe | | | | | ▼ | ● | ▼ | | | | | ● | ● | ▼ | | ▼ | ● | ● | ● | ● | ● |
| Marian adalary | | | | | | | | | | | | ● | ▼ | ▼ | | | | ● | ● | ● | ● |
| Päkistan | ● | ■ | ▲ | | | ■ | ▲ | ▼ | ■ | ■ | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ▼ | ● | ● | ● | ▲ |
| Palau | | | ● | | ● | ▼ | ● | ● | ● | ● | | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ■ | ▼ | ● | ▼ |
| Papua | | | | ▲ | ▼ | ▼ | ▲ | | ■ | ■ | ▼ | ● | ● | ▼ | ● | ● | ● | ▼ | ▼ | ▼ | ▼ |
| Filippinler | ▲ | ▼ | ▲ | ▼ | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ▼ | ■ | ▲ | ■ |
| Koreýa Respublikasy | | | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ● | | | |
| Russiýa | ● | | ▲ | | | ● | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | ● | ▲ | ● | ● | ● | ● | ■ | ▼ | ▼ |
| Samoa | | | ▲ | ▲ | ● | ● | ● | ▼ | ● | ● | | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ▼ | ● | ● |
| Singapur | | | | | | | | | ● | ● | ▲ | ● | ● | ▲ | ● | ● | ● | ● | | ● | |
| Süleýman adalary | | | ● | | | ● | ▲ | | ■ | ● | | ● | ● | ▼ | ● | ● | ● | | | ● | |
| Şri-Lanka | ▲ | | ● | | | ● | ● | | ● | ● | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ● | ▲ | ● | ● |
| Täjigistan | ● | | ● | | ▼ | ● | ▼ | ▼ | ■ | ■ | ▲ | ▼ | ▼ | ▲ | ● | ● | ● | | | | |
| Tailand | ● | | | | | ● | ● | ● | ● | ● | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ● | ● | ● | ● |
| Gündogar Timor | | ▼ | | | | | | | ▲ | ▲ | | ● | ● | ▼ | ▲ | ● | | | | | |
| Tonga | | | ● | | ● | ▼ | ● | ● | ● | ● | | ● | ▼ | ▲ | ● | ▼ | ● | ● | ● | ● | ● |
| Türkiýe | ● | ● | ▼ | ▼ | ▼ | ▲ | ▼ | ▲ | ● | ● | | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | ● | ● | ● | ● |
| Türkmenistan | ● | | | | | | | | ▼ | ▼ | | ● | ● | ▲ | ● | ▼ | ● | | | | |
| Tuwalu | | | | ▼ | ● | ● | | | ■ | ▲ | | ● | ● | ▲ | ▲ | | ● | ▲ | ▲ | ● | ▲ |
| Özbegistan | ● | | | | ● | ● | ● | ▼ | ■ | ■ | ▼ | ▼ | ▼ | ● | ● | ● | ● | ▼ | ▼ | ● | ▲ |
| Wanuatu | | | ▲ | | ▲ | ● | ▼ | ▼ | ● | ● | | ● | ● | ▲ | ■ | ▼ | ▲ | ▼ | ▼ | | |
| Wýetnam | ● | ● | ▼ | ▲ | ● | ▼ | ● | ■ | ● | ● | ▼ | ● | ● | ● | ● | ▼ | ● | ● | ● | ● | ▼ |
| Aziýa we Ýuwaş okean | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ | ■ | ▼ | ● | ● | ● | ● | ● | ● | ▼ | ▲ | ■ | ▲ |
| Ösýän ýurtlar | ■ | ■ | ▼ | ■ | ▲ | ▲ | ▲ | ■ | ■ | ■ | ● | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ |
| Günorta Aziýa (Hindistandan başga) | ▲ | ■ | ▲ | ▼ | ▼ | ▲ | ▲ | ▼ | ■ | ■ | ▲ | ● | ● | ▼ | ● | ▼ | ● | ▲ | ▲ | ▲ | ▲ |
| GDA (Aziýa) | ● | | ▲ | | ● | ● | ● | ▲ | ■ | ■ | ▼ | ▼ | ▼ | ● | ● | ● | ● | ● | ▼ | ■ | ■ |
| Ýuwaş okeanyň adalary | | | ▲ | ▲ | ■ | ▼ | ▲ | ● | ■ | ■ | ▼ | ● | ● | ▼ | ● | ● | ● | ▼ | ■ | ▼ | ▼ |

Oýlanmak üçin soraglar

1. Siziň ýurduňyzda ÖMMD-iň haýsy esasylaryna ýetildi?
2. Siziň ýurduňyz ýakyn wagtda haýsy ÖMMD-e ýetmäge taýýar?
3. Siziň ýurduňyzda haýsy maksatlara uly ähtimallyk bilen ýetilmez? Näme üçin?

2015-nji ýyla çenli ÖMMD-e ýetmekde Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň dürli ýurtlarynyň progresinde giň gabat gelmezlikleriň sebäpleri ýurda baglylykda tapawutlanýarlar. Umumy ýagdaýda, bilim we saglygy goraýyş sferalaryna has ymykly döwlet maýa goýumlary talap edilýär. Meselem, Günorta Aziýada bilime döwlet maýa goýumlarynyň derejesi ýeterlik pes derejede galýar, Owganystanda bolsa saglygy goraýyşa maýa goýumlar soňky wagta çenli praktiki taýdan bütinleý ýokdular. Köp ýurtlar halkara kömegiň diňe uly bolmadyk göwrümini alýarlar, sebäbi donorlar bölünip berilýän serişdeleriň netijeliligine aýratyn üns berýärler.

Beýleki tarapdan, sosial bähbitlere ýetmegiň döwlet çykdajylarynyň göwrümine baglylygynyň korrelýasiýasyny kesgitlemek kyn, sebäbi bu hilli gatnaşyk beýleki sosial faktorlaryň köpsanlysyna bagly. Käbir ýurtlar bilimiň derejesini gowulandyrmak boýunça uly üstünliklere ýetdiler, emma şonda-da garyplygyň ýeterlik ýokary derejesine eýedirler. Beýlekileri ösüşiň ýokary derejesine eýe, emma ýurduň içinde ösüşiň uly deň ölçegde dälligi (disproporsiýasy) bar. Diýmek, ÖMMD-ni ýerine ýetirmekde ýetilen ösüşleriň derejesini we üstünlikleri bahalandyrmak üçin adam ösüşiniň aşakdakylar ýaly aýratyn görkezijilerine seretmekde kesgitli seresaplygy görkezmek zerurdyr: täze doglanlaryň ýaşaýşynyň orta dowamlylygy, uly ýaşly ilatyň sowatlylyk derejesi we olaryň bilim bilen gurşalyp alynmak derejesi.

Häzirki wagtdaky progres barada sebitleýin dokladlar öwrenilenden soňra, eger-de sebitdäki hökümetler ÖMMD-ni ýerine ýetirmäge çyndan hem meýil bildirýän bolsalar, onda entek ýene köp zatlary etmelidigi aýdyň bolýar. Sosial sferalara maýa goýumlaryny artdyrmagyň zerurlygyndan başga-da netijeli dolandyryşy üpjün etmek we goýlan maksatlary durmuşa geçirmek prosesini çaltlaşdyrmak ugrunda dürli maksatnamalary ýaýbaňlandyrmak üçin maýa goýumlaryna zerurlygyň parallellikde bardygy hem aýdyňdyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Müňýyllygyň taslamasynyň[4] ahyrky doklady olar sebäpli goýlan maksatlara ýetilip bilinmeýänligiň dört esasy sebäplerini kesgitleýär: ýolbaşçylygyň pes netijeliligi, korrupsiýa, dogry däl syýasy prioritetler, hem-de bolsa adam hukuklarynyň bozulmagy. Kähalatlar garyplygyň derejesiniň özi hem problema bolup durýar: ýerli we döwlet derejesindäki käbir häkimiýetleriň zerur bolan maýa goýumlaryny amala aşyrmak üçin ýeterlik serişdeleri ýokdur. Muňa garamazdan, dünýä liderleri özlerini we öz ýurtlaryny "öz doganlarymyzy – erkekleri, aýallary we çagalary – adam mertebesini kemsidýän aşa garyplykdan gutarmak üçin ähli tagallalary goýmaga"[5] borçlandyrdylar. Ähli döwlet konstitusiýalary hem özlerine öz ähli raýatlaryny garyplykdan ýokarky derejedäki maddy hal-ýagdaý derejesi bilen üpjün etmekde borçnamalary alýandyklary barada yglan etdiler. Ewolýusion üýtgemeleriň prosesiniň ýeterlik haýal amala aşyrylýandygyna garamazdan, hökümetler asyrlyk üýtgemeleri iň gysga intensiw möhletde – 15 ýylyň dowamynda (2000-nji ýyldan 2015-nji ýyl boýunça) ýerine ýetirmäge borçlandylar.

Hut şu ýerde IKT-niň roly ösüşi çaltlandyrmak üçin garyplygy azaltmak maksatnamalarynda hökümetleriň ulanyp biljek gurallary hökmünde möhüm bolup durýar. Hakykatdan hem, soňky 10 ýylyň dowamynda kompýuterleri we Internedi netijeli ulanmagyň mümkinçilikleri birnäçe Aziýa ýurtlarynyň ösüşiniň güýçli çaltlanmagynyň esasy sebäbi boldy. IKT-ni hyzmatlary has netijeli we deň hilli bermegi üpjün etmek, toplumlaýyn meýilnamalaşdyrmak we sektorlar arasyndaky utgaşdyrmak prosesini ýeňilleşdirmek, maglumatlary ýaýratmagyň mümkinçiliklerini giňeltmek, esasy amala aşyrylmaga girişilen tagallalaryň ýaýradylmagynda we gözegçiliginde ulanmak mümkindir. Ösýän ýurtlarda durmuşa geçirmek bilen bagly problemalar sosial sferanyň esasy sektorlarynda bijaý gaty tagallalar bilen bir wagtda bolup geçýärler. Emma, haçanda IKT toplumlaýyn çemeleşmäni guramakda we maliýe taýdan esaslandyrylan, giňeldilip bilinýän çözüwleri kabul etmekde hemaýat üçin ulanylanda, umumy durmuşa geçirmegiň gymmaty we operasion çykdajylar has dogrusy pes bolarlar.

Muny ykrar etmek bilen, sebitdäki ýurtlar ösüş üçin IKT-ni ulanmak üçin öz isleglerini görkezdiler. IKT-ni ulanmagyň käbir köp wada beriji oblastlary öz içine durmuş taýdan zerur dermanlary üpjün etmegi, bilime elýeterliligi giňeltmegi we mugallymlaryň hünärmen derejesini ýokarlandyrmagy, daşdaky etraplara

---

[4] BMG-yň müňýyllygyň taslamasy. *Ösüşe maýa goýum goýmak: ÖMMD-ä ýetmegiň praktiki meýilnamasy* (Nýu-Ýork: BMGÖM, 2005), http://www.unmillenniumproject.org/reports/fullreport.htm.

[5] BMG, *Baş Sekretaryň Birleşen Milletler Guramasynyň işi baradaky Doklady* (Nýu-Ýork: BMG, 2006), 4

elýeterliligi fermer jemgyýetçilikleri bilen göni aragatnaşygy guramak ýoly arkaly giňeltmegi, irki habar beriş ulgamlaryny döretmegi, geografiki gowşak goralýan ýerler üçin tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini azaltmagy alýar. Ýokardaky aýdylanlary nazara almak bilen, ÖMMD-ä ýetmegiň IKT-ni ulanmak bilen üznüksiz baglydygyny bellemek ulaltmak bolmaz, hem-de şu sebäpli bu tehnologiýalara düşünmek hökmanydyr.

### Netijeleri jemlemek

- ÖMMD-ni ýerine ýetirmegiň gidişi deňölçegli däldir. Käbir göze görünýän we giň ýaýran üstünliklere syn edilýän bolsada, Ýuwaş okean sebitiniň Afrikanyň Sahara etrabyna görä uly üstünlikleri gazanýan hem bolsa, sebitiň iň az ösen ýurtlarynda entek hem enäniň we çaganyň ölümliliginiň örän ýokary derejeleri bellenilýär, tuberkulýozyň we AIDW/AIDS-iň ýaýramagynyň artmagy dowam edýär, şeýlede sebitde ekologiki ýagdaý ýaramazlaşýar. Ýuwaş okean sebitinde maglumatlaryň uly ýetmezçiligi, hem-de bolsa ýurtlaryň öz içinde, meselem, HHR we Hindistanda, ösüşde uly tapawutlar bar.
- Bilime we saglygy goraýyşa döwlet subsidiýalaryny artdyrmak zerurlygy bar.
- Ýolbaşçylygyň pes derejesi, elmydama dogry bolmadyk syýasy çözüwler, korrupsiýa we adam hukuklaryny bozmak çalt progrese päsgel berýän faktorlar bolup durýarlar.
- IKT ösüşi üpjün edýän garyplyk bilen göreş, bilimi ösdürmek, saglygy goraýyş, tebigy resurslary dolandyrmak we tebigy betbagtçylyklar bilen göreş ýaly esasy sektorlarda toplumlaýyn çemeleşmäni guramaga we maliýe taýdan esaslandyrylan, giňeldilýän çözüwleri kabul etmäge hemaýat bermek üçin ulanylyp bilner.

Häzirki wagtda ilata IKT barada maglumat alanlyk derejesinden bu tehnologiýalary ulanmak mümkinçiliklerini praktiki okatmaga geçmek boýunça çäreler talap edilýär, başga sözler bilen aýdanyňda, bu strategiki instrumentleri netijeli ulanmakda kömek berip biljek IKT-niň häsiýetine, şertlerine we mazmunyna has çuň düşünmäge geçmek talap edilýär.

## 2.2 IKT: olaryň özi näme we olary nähili ulanmaly

IKT-niň kesgitlemeleri mazmunyna we ulanylyşynyň şertlerine baglylykda giňden tapawutlanýarlar. Bu soragy ara alyp maslahatlaşmak üçin biz BMG-yň Ösüş Maksatnamasynda (BMGÖM) berlen kesgitlemäni kabul edýäris:

> IKT, esasan, informasiýany gaýtadan işlemek boýunça gurallaryň jemi bolup durýar – bu informasiýany öndürmek, saklamak, gaýtadan işlemek, paýlamak we alşyp-çalyşmak üçin ulanylýan harytlaryň, programma üpjünçiliginiň we hyzmatlaryň giň toplumydyr. Olar öz içine radiony, telewideniýäni we telefony alýan "köne" IKT-leri hem, hem-de bolsa 'täze" IKT-leri: kompýuterleri, hemra ulgamlaryny we simsiz tehnologiýalary, hem-de bolsa Internedi hem alýarlar. Bu dürli instrumental serişdeler häzirki wagtda bilelikde işlemäge ukyplydyrlar, olar toplumda biziň "torlaýyn dünýämizi", birleşen telefon torlarynyň, standartlaşdyrylan kompýuter apparat serişdeleriniň, Internediň, radionyň we telewideniýäniň gigant strukturasyny düzýärler, özi hem bu komponentleriň kömegi bilen Ýer şarynyň islendik nokadyna ýeňillik bilen elýeterliligi alyp bolar.[6]

IKT giň manyda sifrleýin we analoglaýyn, sinhron we asinhron ýalylar diýlip klassifisirlenilip bilner. Analog maglumatlar üznüksiz režimde ýygnanýarlar, emma welin sifrleýin enjamlar analoglaýyn maglumatlary nullar we birlikler görnüşinde "okaýarlar". Telewideniýäniň we radionyň gepleşik berşiniň has köne ulgamlary, şeýle hem wideokasseta magnitofonlary analoglaýyn enjamlardyrlar. Emma bu apparat serişdeleri çalt sifrleýine öwrüldiler, hem-de häzirki wagtda olarda ýazylan informasiýa DWD oýnaýjylary ýaly beýleki sifrleýin gurluşlaryň kömegi arkaly ýeňillik bilen ulanylyp bilnerler. Kompýuterler diňe sifrleýin maglumatlary gaýtadan işlemäge ukyplydyrlar, hem-de şonuň üçin informasiýanyň uly bölegi häzirki wagtda sifrleýin görnüşde saklanylýar. 2-nji Tablisa häzirkizaman dünýäsinde ulanylýan dürli IKT-leri sanap geçýär.

Tablisa 2. Häzirkizaman IKT-leriň klassifikasiýasy

| **Sinhron IKT**<br>(üpjün edijileriň we ulanyjylaryň bar bolmagyny we bir wagtdaky işini talap | **Asinhron IKT**<br>(üpjün edijilere we ulanyjylara "dürli wagtda" we "dürli ýerlerde" bolmaga |
|---|---|

[6] BMGÖM-nyň baha beriş ofisi, *Ösüşe hemaýat berýän informasion we kommunikasion tehnologiýalar, BMGÖM-nyň esasy gurallary: Öwrenilen mümkinçilikleriň sintezi* (Nýu-Ýork: BMGÖM, 2001), 2

| edýärler, olar “dürli ýerlerde” bolup hem bilerler) | mümkinçilik berýärler |
|---|---|
| Audio-grafika<br>Kompýuter konferensiýalary (sinhron)<br>Bildirişleriň elektron tagtalary<br>Radioaragatnaşyk<br>Hemra aragatnaşygy<br>Telewizion klaslar<br>Telekonferensiýalar<br>Telewideniýe<br>Habar beriş serişdeleri<br>-radioeşitdiriş<br>- kabel arkaly eşitdiriş<br>Telefoniýa | Kompýuterde okatmak<br>Kompýuter konferensiýalary (asinhron)<br>Kompýuter faýllaryny geçiriji ulgamlar<br>Hat ýazyşmagyň materiallary<br>Bildirişleriň elektron tagtalary<br>Elektron poçta<br>Faksimil aragatnaşyk<br>CD-ROM ýaly multimediýa önümleri<br>Internet tehnologiýalary (meselem, websaýtlar)<br>Teleokadylyş (Kompýuteriň kömegi bilen öwretmek (Computer-assisted instruction – CAI)<br>Wideokassetalar, diskler |

Artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri

Köne hem, şeýlede täze sifrleýin tehnologiýalar hem ulanylyşyň aýrybaşgalaşdyrmagyny ündeýärler, hem-de bolsa köp gaýtalanýan zerurlyklara, dürli wezipelere we ulanyjylaryň dürli toparlaryna hyzmat edip bilerler. Emma olaryň mümkinçilikleriniň derejesinde ep-esli tapawutlar hem bardyr. Anyk tehnologiýalaryň dürs saýlawy olaryň artykmaçlyklaryna we çäklendirmelerine düşünmeklige baglydyr, olar 3-nji Tablisada getirildi.

Tablisa 3. Dürli IKT-leriň artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri

| IKT | Artykmaçlyklary | Ýetmezçilikleri |
|---|---|---|
| Çap ediş tehnologiýalary | • Meşhurlyk<br>• Gaýtadan ulanmak mümkinçiligi<br>• Göwrümleri ulaltmak mümkinçiligi<br>• Ýaýramak masştablaryna gözegçilik<br>• Mazmunyň we ulanylýan | • Sowatlylyk boýunça çäklendirmeler<br>• Wagt boýunça hereketsizlik<br>• Üýtgetmeleri girizmegiň kynlygy<br>• Passiwlik, interaktiwligiň ýeterlik däl derejesi bilen |

| | | |
|---|---|---|
| | standartlaryň unifikasiýa mümkinçiligi | birtaraplaýyn tehnologiýalar |
| Analoglaýyn eşitdiriş tehnologiýalary (radio we telewideniýe) | • Meşhurlyk<br>• Ulanyjylara çenli eltmegiň çaltlygy<br>• Ulanyjylara gaýtalanýan (stereotip) täsiriň mümkinçiligi<br>• Ýaýramagyň masştabyny regulirlemegiň mümkinçiligi<br>• Mazmunyň we standartlaryň unifikasiýa mümkinçiligi<br>• Ulanmagyň ýönekeýligi | • Çäklendirilen elýeterlilik<br>• Wagt boýunça hereketsizlik, hödürlemegiň sinhronlygy<br>• Takyklamalary girizmegiň kynlygy<br>• Anyk meseleler we geografiki oblastlar boýunça ýöriteleşmäniň ýoklugy<br>• Passiwlik, interaktiwligiň pes derejesi ýa-da onuň doly ýoklugy<br>• Ilatyň ähli toparlary üçin bitewi mazmunyň hödürlenilmegi<br>• Işe goýbermegiň, önümçilik we ulanyş çykdajylarynyň ýokary derejesi |
| Sifrleýin tehnologiýalar (kompýuter we Internet tehnologiýalary) | • Interaktiwlik<br>• Ýekeleýin pes çykdajylar<br>• Ulanyşyň masştabyny regulirlemek mümkinçiligi<br>• Mazmuny we standartlary unifisirlemek mümkinçiligi<br>• Üýtgetmeleri girizmegiň ýönekeýligi<br>• Anyk meseleler we geografiki oblastlar boýunça ýöriteleşmäniň mümkinçiligi<br>• Ulanyjynyň doslukly interfeýsi | • Ulanyşyň aradan aýrylmadyk çäkliligi<br>• Işläp düzmäge ýokary çykdajylar<br>• Üpjün edijileriň mümkinçiligine baglylyk<br>• Has giň ýaýraýyş üçin kompýuter sowatlylygyň endikleriniň bar bolmagynyň zerurlygy<br>• Ýerli informasiýanyň ýeterlik däl göwrümi |

Has irki ýyllarda ösüş boýunça tagallalary goldamak üçin köne tehnologiýalary ulanmak has ýaýrandy (meselem, analog radiosy we telewideniýe). Potensial elýeter ýagdaýda bolmaklyk we elýeterliligiň ýönekeýligi radionyň we telewideniýeniň giň ulanylmagynyň esasy höweslendiriji faktorlary boldular, şonuň üçin tehniki kömegiň donorlary we agentlikleri bu tehnologiýalaryň ulanylmagyny goldadylar. Köpsanly mysallary getirip bolar. Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde durmuşa geçirilen şowly bolan köne taslamalaryň biri Günorta-Ýuwaş okean uniwersitetinde bilim beriş maksatlary üçin hemra radiosyny we telewizion kabul edijilerini ornaşdyrmak boldy. Beýleki täsir galdyryjy mysallar 20-nji asyryň 50-nji ýyllaryndaky Oba radio-forumy, 1975-76-njy ýyllarda Hindistandaky SITE taslamasy, HHR-yň tele- we radiouniwersiteti, hem-de orta bilimi telewideniýeniň üsti bilen ösdürmegiň Meksikan taslamasy (Telesecundaria) boldular.

Anyk maksatlaryň we strategiýalaryň ýerli zerurlyklar we şertler bilen kesgitlenilýän wagtynda, IKT-ni ulanýan bu taslamalar, tanyş şablon boýunça ýaýbaňlandyryldylar. Ýurtlar şu problemalary ýeňip geçmek üçin iň häzirkizaman tehnologiýalary ulandylar: uly aralyklar, gowşak ösen infrastruktura, mekdepleriň we kollejleriň ýeterlik däl sany, ilatyň sowatsyzlygy. Her ýurt milli we halkara tehnologiki torlaýyn kommunikasiýalary döretmek üçin uly maýa goýumlaryny amala aşyrdy, bu informasiýanyň ýaýramagyny üpjün etmäge mümkinçilik berýärdi. Ondan soňra her ýurt informasion dolduryşy (mazmuny, konteni) işläp düzmäge, kontenti döretmek boýunça hünärmenleri okatmaga, häzirkizaman döwlet prioritetlerini, sosial we medeni gymmatlyklary kesgitleýän bilim beriji materiallary işläp düzmek üçin dersara toparlara birleşdirilen mugallymlara, prodýuserlere we ylmy barlaglary alyp baryjylara maýa goýumlaryny hem amala aşyrdylar.

Ýetilen üstünlikleri bilen bir hatarda, bu maksatnamalaryň belli bir problemalara we soraglara duçar bolandygyny belleýäris. Olar öz içine informasiýany bermegiň sinhron modeliniň ýüze çykaran çeýe dälligi azaltmagy (hususan-da, telewizion maksatnamalarynyň görkezilişini meýilnamalaşdyrmakda çeýeligi gazanyp bolmaýandygy), hem-de bolsa pedagogyň janly sesiniň ornuna telewizion şekili ulanmak bilen pedagogiki effekte ýetmek, özi hem okamagyň we derňemegiň endikleri talap edilýän okuw işlerini talap etmek we modelirlemek bilen, okyjylary praktiki sapaklary ýerine ýetirmäge mejbur etmek üçin höweslendirmek ýalylary öz içine alýar. Ondan başgada bu maksatnamalar ýerli şertleri hasaba almagyň we sebitleýin talaplary we zerurlyklary kanagatlandyrmagyň ornuna meýilnamalaşdyrmagyň we paýlamagyň merkezleşdirilen ulgamyny ulanmaga mejbur boldular. Bu maksatnamalaryň ählisi deň eleýeterliligi, hemmelere şol bir deň gatnaşygy we interaktiwligi guramakda kynçylyklar bilen duçar boldular.

Onuň üstesine-de, bu maksatnamalar sifrleýin rewolýusiýanyň ösmegi bilen ýüze çykyp ugran tehniki täzelikler bilen käbir derejä çenli gysylyp çykaryldylar. Hat-da täze tehnologiýalaryň gymmatynyň azalmagy bilen könelişen enjamlary döwrebaplaşdyrmagyň we çalyşmagyň soraglary hemişelik kelleagyryny ýüze çykarýarlar.

Häzirki wagtda IKT-niň kömegi bilen bilimiň derejesini gowulandyrmak boýunça ähli uly masştably tagallalar has az çykdajylarda okadylýanlaryň arasynda, mugalymlaryň we okuwçylaryň arasynda interaktiwligiň mümkinçiligini şol bir wagtda öňe sürmek bilen elýeterliligi artdyrmak üçin sifrleýin tehnologiýalary ulanýarlar. Has köne analoglaýyn we täze sifrleýin IKT-leriň (Tablisa 3) artykmaçlyklarynyň we ýetmezçilikleriniň bahalandyrylmagynyň deňeşdiriji tablisasynda görkezilişi ýaly, soňkular olary informasion gurallar toplumy hökmünde ulanylanda ep-esli artykmaçlyga eýedirler. Şu sebäp boýunça olary ÖMMD-ä ýetmekde ulanmagy has çuň ylmy derňewden geçirmek gerekdir.

Ösüş üçin IKT-ni ulanmak boýunça ylmy barlaglaryň birnäçesi geçirildi, olarda IKT-leri ulanmagyň artykmaçlyklary hem, şeýle-de ýetmezçilikleri hem bellenildi. Ylmy derňewler dürli milli aýratynlyklary hasaba almak bilen tehnologiýalar syýasatynda, taslamalaşdyrylyşynda, durmuşa geçirilişinde we ulanylyşynda çemeleşmeleriň we tejribäniň ägirt uly dürlüligini ýüze çykardylar. Emma bu barlaglardan sifrleýin IKT-leriň has köne IKT-lerden ymykly tapawutlanýandyklary mese-mälim aýdyňdyr. Has köne tehnologiýalar ulanylanda çap edilen önüm, radio we telewideniýe, komponowka, mazmuny öndürmek we düzleşdirmek, hem-de bolsa eltmegiň usulyýeti merkezleşdirilen we birtaraplaýyn bolmagyna galýardylar. Täze sifrleýin tehnologiýalar potensial taýdan has açykdyrlar we aýratyn şahsyýetleriň ýa-da sosial toparlaryň eýeçiliginde we ulanyşynda bolup bilerler, ýagny eýeçilik hukugy distansion gözegilik serişdeleri, “syçany”, ýa-da ykjam telefony bolan aýratyn şahsyň ellerine geçýär. Tehniki serişdeleri ulanmak şahsy zerurlyklaryň we islegleriň çäklerinde, hem-de bolsa aýrybaşga hususy giňişligiň çäklerinde bolup geçýär. Bu görnüş we mazmun boýunça dürli-dürliligiň artmagyna, diller we medeni häsiýetnamalar, dizaýn, mazmun we ulanmagyň usullary boýunça ýerlileşdirilmegine eltýär.

Sifrleýin tehnologiýalary ulanmagyň göwrümini çaltlaşdyrmagyň esasy serişdesi konwergensiýa prosesi bolup durýar. Konwergensiýa diýip telekommunikasiýa tehnologiýalarynyň, informasiýanyň ähli serişdeleri, tekst, grafika, animasiýa we wideo bilen göze görnüksiz birleşmek prosesine düşünilýär, özi hem şeýle

görnüşde, şonda olaryň hemmesi bitewi platformadan eltilmelidirler, şol bir wagtda bolsa ulanyja interaktiw özara täsir üçin informasion serişdeleriň islendik kombinasiýasyny saýlap almaga mümkinçilik bermelidirler. Konwergensiýa bu dürli tehnologiýalaryň tora olary biri-birinden tapawutlandyrmak kyn bolar ýaly görnüşde birleşmegini hem aňladýar. Meselem, telekommunikasiýanyň şol bir serişdesi – mysal üçin, ykjam telefon – teksti, audio-, wideoinformasiýany, elektron poçtany, SMS-habarlary geçirmek we Internede birikmek üçin bir nokatdan beýleki nokada (ugradyjydan alyja), gelip çykmagynyň bir çeşmesinden niýetlenilen punktlarynyň köpsanlysyna, köpsanly nokatlardan alyjylaryň islendik sanyna serişde hökmünde ulanylyp bilner.

Konwergensiýa informasiýany üpjün edijilere kognitiw önümi döretmäge we eltmäge "bir prosesden köp gezek netijeler almak mümkin" bolar ýaly görnüşde mümkinçilik berýär – informasiýa we bilimler berlenler, grafikler, audio, wideo hökmünde elektron görnüşde aýratynlykda hem, bilelikde hem döredilip we geçirilip bilnerler. Tehnologiýalaryň bu konwergensiýasy önümçilik prosesini ýönekeýleşdirýär we informasiýa bilen gurşap almagyň göwrümini giňeldýär, şonuň bilen hem köne analoglaýyn tehnologiýalary ulanmagyň iň düýpli kemçilikleriniň birini aradan aýyrýar.

## Netijeleri jemlemek bilen

- Köne hem, şeýle-de täze hem IKT-ler ösüş boýunça işlerde möhüm instrumental serişdeler bolup durýarlar.
- Emma bu fonda sifrleýin tehnologiýalary ulanmagyň artmak tendensiýasyna syn edilýär.
- Täze sifrleýin tehnologiýalary ulanmak tehnologiýalaryň konwergensiýa prosesi tarapyndan amala aşyrylýan demokratiki önümçilik we awtorlyk hukugynyň has ýaýradyjylyk we dürli-dürlilik artykmaçlygyna eýedir.

## Praktiki gönükme

Üç ýa-da dört adamdan ybarat uly bolmadyk toparlary orediň we öz toparyňyzda IKT-niň haýsy kombinasiýasynyň (köne hem, şeýle-de täze IKT-leri ulanmak bolar) hyzmatlary bermekde, ilatyň aşakdaky toparlarynyň arasynda has ýokary

jemgyýetçilik gatnaşygynyň şertlerini döretmekde (ilatyň diňe bir toparyny saýlaň) has peýdaly bolup biljekdigini ara alyp maslahatlaşyň:

a. Fermerler
b. Oba ýeriniň aýal-gyz ilaty
ç. Daş obalardaky çagalar
d. Mekdepden daşdaky ýaşlar

Berilmeli hyzmaty ýa-da hyzmatlary gysgaça kesgitläň (meselem, saglygy goraýyş, bilim, bilimleriň çeşmesine elýeterlilik) hem-de bu hyzmaty/hyzmatlary ilatyň saýlanan topary üçin teklip edýän anyk IKT-leriň saýlawyny geçirmegiňiziň sebäplerini düşündiriň.

## 2.3 Sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmak

Materialy mundan buýanky öwrenmegiň öň ýanynda telekommunikasion serişdeler bilen gurşap almagynyň giňligi barada bar bolan sebitleýin we milli statistiki maglumatlara we Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde IKT-niň aralaşmak derejesine has jikme-jik seretmek zerurdyr.

Tablisa 4. Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň iň az ösen ýurtlarynda (IAÖÝ) telekommunikasion serişdeler bilen gurşap alynmagyň gerimi

| | Ýurt | HDIa rang | Telefon liniýalaryň sany (100 adama) | Mobil (ykjam) hyzmatlara ýazylanlaryň sany (100 adama) | Internet-ulanyjylaryň sany (100 adama) |
|---|---|---|---|---|---|
| | | 2007 | 2005 | 2005 | 2005 |
| Deňze çykalgasy bolmadyk IAÖÝ | Owganystan | M/Ý | M/Ý | M/Ý | M/Ý |
| | Butan | 133 | 51 | 59 | 39 |
| | Laos HDR | 130 | 13 | 108 | 4 |
| | Nepal | 142 | 17 | 9 | 4 |
| Deňze çykalgasy bolan IAÖÝ | Bangladeş | 140 | 8 | 63 | 3 |
| | Kamboja | 131 | 3# | 75 | 3* |
| | Maldiwler | 100 | 98 | 466 | 59* |
| | Mýanma | 132 | 9 | 4 | 2 |
| | Süleýman | 129 | 16 | 13 | 8 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | adalary Timor-Lesoto | 145 | 11* | 4 | 23 |
| IAÖÝ-lara degişli bolmadyk, deňze çykalgasy ýok ýurtlar | Ermenistan | 83 | 192* | 106 | 53 |
| | Azerbaýjan | 98 | 130 | 267 | 81 |
| | Täjigistan | 122 | 39# | 41 | 1* |
| | Gazagystan | 73 | 167* | 327 | 27* |
| | Gyrgyzstan | 116 | 85 | 105 | 54 |
| | Mongoliýa | 114 | 61 | 218 | 105 |
| | Türkmenistan | 109 | 80# | 11* | 8* |
| | Özbegistan | 113 | 67# | 28 | 34* |
| Beýleki sebitler | Ösýän ýurtlar | | 132 | 229 | 86 |
| | IAÖÝ | | 9 | 48 | 12 |
| | YHÖG | | 441 | 785 | 445 |
| | Dünýäde | | 180 | 341 | 136 |

* - 2004-nji ýylyň maglumaty,
# - 2003-nji ýylyň maglumaty,
M/Ý - Maglumat ýok.
Çeşme: BMGÖM, Adam ösüşi baradaky doklad, 2007/2008 ý. Klimatyň üýtgemegi bilen göreş: Bölünişikli dünýäde adam raýdaşlygy (Nýu-Ýork: BMGÖM, 2007), 273-276, http://hdr.undp.org/en/media/HDR_20072008_EN_Complete.pdf

Aziýa-Ýuwaş okean sebiti, gurşap almagyň geriminiň dürli dykyzlygy bilen (100 adama telefon liniýalarynyň sany), ol Gonkongda ýokary derejeden - 53 göterimden - Günorta-Gündogar Aziýanyň döwletlerinde (meselem, Bangladeş we Kamboja) 1 göterim derejä çenli üýtgeýär, telekommunikasion ulgamlaryň infrastrukturasynyň ösmeginiň derejeleriniň giň spektrini görkezýär.

ESKATO laýyklykda şu netijeleri jemlemek bolar:

Deňze çykalgasy bolmadyk IAÖÝ-larda (maglumatlaryň ýoklugy sebäpli Owganystana seredilmeýär), 100 ýaşaýja fiksirlenen telefon liniýalarynyň sany 1998-nji ýyldan 2003-nji ýyla çenli döwürde 15,3% artdy. Butan Nepal bilen deňeşdireniňde fiksirlenen telefon liniýalaryň köp sanyna eýe, hem-de Laos bilen deňeşdireniňde fiksirlenen telefon liniýalaryň üç esse köp sanyna eýedir. Bu deňze çykalgasy bolmadyk IAÖÝ fiksirlenen telefon liniýalarynyň sanyny AÖÝ-lar üçin hasaplanylan orta dereje bilen deňeşdireniňde has köp artdyrdylar. Bangladeş we Kamboja telekommunikasion liniýalaryň 1% az dykyzlygyna eýe, bu sebitiň beýleki döwletleri bilen deňeşdireniňde örän pes derejäni düzýär.

Süleýman adalarynda 1998-nji ýyldan 2003-nji ýyla çenli döwür üçin ýagdaý ýaramazlaşdy, hem-de telekommunikasion liniýalaryň dykyzlygy 7% aşak düşdi. Bu ýerde, ortaça alanyňda, bu görkezijiniň 3,27% orta derejesine ýetilmek bilen, telekommunikasion liniýalaryň dykyzlygynyň 4,6% artmagy hasaba alyndy. Bu maglumatlar deňze çykalgasy bolmadyk IAÖÝ-yň telekommunikasion liniýalarynyň dykyzlyk derejesi bilen deňeşdireniňde ýokarydyr, olarda bu görkeziji 2,08% düzýär, bu bolsa, esasan, Nepalda we Laosda telekommunikasion liniýalaryň örän erbet aralaşmagy sebäpli bolup geçýär. Maldiwler bu sebitde tapawutlanýarlar, onda telekommunikasion liniýalaryň aralaşmak derejesi 10,2%, özi hem bu görkeziji 1998-nji ýyldan 2003-nji ýyla çenli döwür aralykda öz bahasyny 7,2%-e artdyrdy.

Deňze çykalgasy bolmadyk we IAÖÝ-lar degişli bolmadyk ýurtlarda telekommunikasion liniýalaryň dykyzlygy IAÖÝ-lar bilen deňeşdireniňde ep-esli ýokary, hem-de 2003-nji ýylda ortaça 8,79% düzdi. Ermenistan, Azerbaýjan we Gazagystan telekommunikasion liniýalaryň dykyzlygynyň otnositel ýokary görkezijisine eýedirler – 13,0% derejesinde, şol bir wagtda Täjigistan bu görkezijiniň iň pes derejesne eýe - 3,7%, bu bolsa IAÖÝ-lara degişli bolan Maldiwlerdäkiden we Samoadakydan hem aşakdyr. Gyrgyzstan hem, Türkmenistan hem, bu görkezijiniň aşaklamagyny görkezdiler, bu ähli topar üçin görkezijiniň orta derejeleriniň haýal artmagy bilen şertlendirilendir, onda artma 1998-nji ýyldan 2003-nji ýyla çenli döwür üçin bary-ýogy 1,8% düzdi. Bu görkeziji dünýäniň orta bahasyndan hem aşakdyr, ol ýerde telekommunikasion liniýalaryň dykyzlygynyň artmagynyň derejesi şol bir döwür üçin 5,2% düzdi.[7]

Mobil aragatnaşygyň aralaşmagynyň maglumatlary köp wada beriji görünýärler.[8] Sebit Hytaýda we Hindistanda mobil aragatnaşygyň iň çalt ösýän bazarlary, Merkezi Aziýanyň uly böleginde aralaşmagyň ýokary derejesi we Bangladeşde öňdebaryjy başlangyçlar bilen öwnüp biler. Telekommunikasion liniýalaryň aralaşmagynyň örän pes görkezijilerine eýe bolan Owganystan mobil

---

[7] ESKATO, "Ösüş soraglaryny çözmek üçin informasion, kommunikasion we kosmiki tehnologiýalar", BMG-yň Ykdysady we Sosial Maslahaty, Ýedinji mejlis, Bangkok, Tailand, 2005-nji ýylyň 10-11 maýy, 7, http://www.unescap.org/LDCCU/SB7_Item%205.doc.

[8] Wikipediýa, "Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde mobil torlaryň operatorlarynyň sanawy", Wikimediýa fondy, Inc., http://en.wikipedia.org/wiki/List_of_mobile_network_operators_of_the_Asia_Pacific_region.

aragatnaşygyň aralaşmagynyň 15% derejesine eýedir (2007-nji ýylyň maýyndaky ýagdaý boýunça).

Internedi ulanmagy hasap etmek bilen (seret, Tablisa 5), Ýer şarynyň ilatynyň üçden ikisi ýaşaýan Aziýa Internedi ähli ulanyjylaryň üçden biri düşýär. Olaryň uly bölegi Aziýanyň Ýaponiýa, Malaýziýa, Günorta Koreýa we Singapur ýaly ösen ýurtlarynda jemlenendirler. Okeaniýada Internedi ulanmagyň derejesi hat-da pesdir we dünýä derejesinden diňe 2%-i düzýär, olardan Awstraliýanyň we Täze Zelandiýanyň paýyna 96% düşýär. ESKATO ýurtlarynyň kömege mätäçligiň ýokary derejesi bar bolanlarynyň hiç birisi hem Internet bilen gurşalyp alynmagyň derejesiniň iki belgili görkezijilerine eýe däldirler. Bu statistiki maglumatlaryň derňewi netijesinde IKT-başlangyçlaryň ýokary derejede goldanylmak, ornaşdyrmagy meýilnamalaşdyrmagyň bolsa ähli ýurt boýunça amala aşyrylmak şertinde infrastrukturany başlangyç döretmäge we kabul ederlikli tarifler boýunça birikdirmegi üpjün etmäge ýiti zerurlygyň bardygy hakynda netije çykarmak mümkin.

Tablisa 5. Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde Internet bilen gurşap alynmagyň we ony ulanmagyň derejesi

| Ýurt | Ilaty (2007-nji ýylyň maglumaty) | Internedi ulanyjylar (2000-nji ýyl) | Internedi ulanyjylar, soňky maglumatlar | Gurşap alynmagyň derejesi | Aziýadaky ulanyjylaryň %-ti | Ulanyjylaryň sanynyň artmagy (2000-2007 ý.) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Günorta Aziýa | | | | | | |
| Bangladeş | 137,493,990 | 100,000 | 450,000 | 0.3% | 0.1% | 350.0% |
| Butan | 812,814 | 500 | 30,000 | 3.7% | 0.0% | 5,900.0% |
| Hindistan | 1,129,667,528 | 5,000,000 | 60,000,000 | 5.3% | 13.1% | 1,100.0% |
| Maldiwler | 303,732 | 6,000 | 20,100 | 6.6% | 0.0% | 235.0% |
| Mýanma | 54,821,470 | 1,000 | 300,000 | 0.5% | 0.1% | 29,000.0% |
| Nepal | 25,874,519 | 50,000 | 249,400 | 1.0% | 0.1% | 398.0% |
| Päkistan | 167,806,831 | 133,900 | 12,000,000 | 7.2% | 2.6% | 8861.9% |
| Şri-Lanka | 19,796,874 | 121,500 | 428,000 | 2.2% | 0.1% | |
| Günorta-Gündogar Aziýa | | | | | | |
| Bruneý | 403,500 | 30,000 | 165,600 | 41.0% | 0.0% | 452.0% |
| Kamboja | 15,507,538 | 6,000 | 44,000 | 0.3% | 0.0% | 633.3% |
| Indoneziýa | 224,481,720 | 2,000,000 | 20,000,000 | 8.9% | 4.4% | 900% |
| Laos HDR | 5,826,271 | 6,000 | 25,000 | 0.4% | 0.0% | 316.7% |
| Malaýziýa | 28,294,120 | 3,700,000 | 14,904,000 | 52.7% | 3.2% | 302.8% |
| Filippinler | 87,236,532 | 2,000,000 | 14,000,000 | 16.0% | 3.0% | 600.0% |
| Singapur | 3,654,103 | 1,200,000 | 2,421,800 | 12.6% | 1.8% | 268.1% |
| Gündogar Timor | 958,662 | - | 1,000 | 0.1% | 0.0% | 0.0% |
| Wýetnam | 85,031,436 | 200,000 | 17,220,812 | 20.3% | 3.7% | 8,510.4% |
| Orta Aziýa | | | | | | |
| Owganystan | 27,089,593 | 1,000 | 535,000 | 2.0% | 0.1% | 53,400.0% |
| Ermenistan | 2,950,260 | 1,000 | 535,000 | 2.0% | 0.0% | 476.0% |
| Azerbaýjan | 8,448,260 | 12,000 | 829,100 | 9.8% | 0.2% | 6,809.2% |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Gruziýa | 4,389,004 | 20,000 | 332,000 | 7.6% | 0.1% | 1,560.0% |
| Gazagystan | 14,653,998 | 70,000 | 1,247,000 | 8.5% | 0.3% | 1,689.4% |
| Gyrgyzstan | 5,436,608 | 51,600 | 298,100 | 5.5% | 0.1% | 477.7% |
| Mongoliýa | 2,601,641 | 30,000 | 268,300 | 10.3% | 0.1% | 794.3% |
| Täjigistan | 6,886,825 | 2,000 | 19,500 | 0.3% | 0.0% | 875.0% |
| Türkmenistan | 6,886,825 | 2,000 | 64,800 | 0.9% | 0.0% | 3,140.% |
| Özbegistan | 26,607,252 | 7,500 | 1,745,000 | 6.6% | 0.4% | 23,166.7% |
| Gündogar Aziýa | | | | | | |
| HHR | 1,317,431,495 | 22,500,000 | 162,000,000 | 12.3% | 35.3% | 620.0% |
| Gonkong* | 7,150,254 | 2,283,000 | 4,878,713 | 68.2% | 1.1% | 113.7% |
| Ýaponiýa | 128,646,345 | 47,080,000 | 87,540,000 | 68% | 19.1% | 85.9% |
| Koreýa HDR | 23,510,379 | -- | -- | -- | -- | 0.0% |
| Koreýa Respublikasy | 51,300,000 | 19,040,000 | 34,120,000 | 66.5% | 3.2% | 131.6% |
| Makao* | 500,631 | 60,000 | 201,000 | 40.1% | 0.0% | 235.0% |
| Taýwan | 23,001,442 | 6,260,000 | 14,500,000 | 63.0% | 3.2% | 131.6% |

Tablisa 5. Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde Internet bilen gurşap alynmagyň we ony ulanmagyň derejesi (dowamy)

| Ýurt | Ilaty (2007-nji ýylyň maglumaty) | Internedi ulanyjylar (2000-nji ýyl) | Internedi ulanyjylar, soňky maglumatlar | Gurşap alynmagyň derejesi | Aziýadaky ulanyjylaryň %-ti | Ulanyjylaryň sanynyň artmagy (2000-2007 ý.) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Ýuwaş okean sebiti | | | | | | |
| Amerikan Samoasy | 57,663 | 1.6% | -- | -- | -- | 0.0 % |
| Antarktika | 1,446 | 0.0 % | -- | -- | -- | 0.0 % |
| Awstraliýa | 20,434,176 | 60.9 % | 15,504,532 | 75.9 % | 80.9 % | 134.9% |
| Awstraliýa, daşky territoriýalar | 3,750 | 5.6 % | -- | -- | -- | 0.0 % |
| Roždestwo adasy | 1,493 | 0.0 % | 464 | 31.1 % | 0.0 % | 0.0 % |
| Kokos (Kiling) adalary | 618 | 0.0 % | -- | -- | -- | 0.0 % |
| Kuk adalary | 21,750 | 0.1 % | 3,600 | 16.6% | 0.0 % | 0.0 % |
| Fiji | 0918,675 | 02.7 % | 80,000 | 8.7 % | 0.4 % | 966.7 % |
| Fransuz Polineziýasy | 278,963 | 0.8 % | 65,000 | 23.3 % | 0.3 % | 712.5% |
| Guam | 169,879 | 0.5 % | 79,000 | 46.5 % | 0.4 % | 1,480.0% |
| Kiribati | 93,565 | 0.3 % | 2,000 | 2.1 % | 0.0 % | 100.0% |
| Marşal adalary | 55,449 | 0.2 % | 2,200 | 4.0 % | 0.0 % | 340.0 % |
| Mikroneziýa | 110,064 | 0.3 % | 16,000 | 14.5% | 0.1 % | 700.0 % |
| Nauru | 11,424 | 0.0 % | 300 | 2.6 % | 0.0 % | 0.0 % |
| Täze Kaledoniýa | 243,233 | 0.7 % | 80,000 | 32.9 % | 0.4 % | 233.3 % |
| Täze Zelandiýa | 4,274,588 | 12.4% | 3,200,000 | 74.9 % | 16.8% | 285.5 % |
| Niýe | 1,722 | 0.0 % | 450 | 26.1 % | 0.0 % | 0.0 % |
| Norfolk adalary | 1,673 | 0.0 % | 700 | 41.8 % | 0.0 % | 0.0 % |
| Demirgazyk Marian adalary | 84,228 | 0.2 % | 10,000 | 11.9% | 0.1 % | 0.0 % |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Palau | 21,897 | 0.1 % | -- | -- | -- | 0.0 % |
| Papua-Täze Gwineýa | 6,157,888 | 17.9% | 170,000 | 2.8 % | 0.9 % | 25.9 % |
| Pitkern adasy | 46 | 0.0 % | -- | -- | -- | 0.0 % |
| Samoa | 184,633 | 0.5 % | 8,000 | 4.3 % | 0.0 % | 1,500.0% |
| Uly bolmadyk territoriýalar (4) | 4,397 | 0.0 % | -- | -- | -- | 0.0 % |

* HHR boýunça maglumatlar girizilmedi
Çeşme: Internetden dünýä statistikasynyň maglumatlary, "Aziýada marketing barlaglary. Internedi ulanmak, statistiki maglumatlar we ilat hakynda informasiýa", Miniwatts Marketing Group, http://www.internetworldstats.com/asia.htm.

Telekommunikasion hyzmatlaryň we IKT-niň deňölçegli däl ösüşi bilen ýüze çykan laýyk gelmezlikler we üzňelikler häzirki wagtda sifrleýin deňsizlik diýlip atlandyrylýan (ýa-da yza galmaklyk – digital divide) ýagdaýyň ýüze çykmagyna getirdi.

> Sifrleýin yza galmaklyk diýlip atlandyrylýanyň özi hakykatda toplumlaýyn birnäçe ýalňyşlyklar – elden bermeler bolup durýar. Eger-de bu tehnologiki yza galmaklyk bolsa, onda bu infrastrukturany ösdürmekde uly ýalňyşlary aňladýar. Eger-de bu mazmunlylyk böleginde yza galmaklyk bolsa, onda bu ýönekez zady, Internetdäki informasiýanyň uly böleginiň adamlaryň hakyky isleglerine jogap bermeýändigini aňladýar. Websaýtlaryň 70% töweregi iňlis dilindedirler, şonuň bilen olar ençeme esse san taýdan ýerli sesleriň we nukdaýnazarlaryň badyny basýarlar. Gender deňsizligi hem bardyr, ol boýunça aýallar we gyzlar erkekler we oglanlar bilen deňeşdireniňde informasion tehnologiýalara az elýeterlilige eýedirler. Özi hem bu tassyklamalar ösen hem, şeýlede garyp ýurtlar barada hem dogrudyr.
>
> *BMG-yň Baş Sekretary Koffi Anan*
> *Informasion jemgyýetiň soraglary boýunça*
> *Ýokary derejedäki Bütindünýä duşuşygyndaky Çykyş,*
> *2003-nji ýylyň 10-njy dekabry, Ženewa, Şweýsariýa*
> *http://www.itu.int/wsis/geneva/coverage/statements/opening/annan.html*

"Sifrleýin deňsizlik" (ýa-da yza galmaklyk) termini hereket ediji güýç bolup bilimler (bilimler ykdysadyýeti) çykyş edýän ykdysadyýete gatnaşmaga ýeterlik

resurslary bolan şahsyýetleriň we jemgyýetleriň, hem-de beýle mümkinçilikleri ýok bolanlaryň arasyndaky üzňeligi beýan etmek üçin ulanylýar. Düýp manyda bu girdejilerde, gender gatnaşyklarynda, ösüş derejesinde we sowatlylykda has çuň deňsizlikleriň barlygynyň nyşanydyr. *The Economist* žurnalymda bellenilip geçilişi ýaly "Garyp ýurtlarda adamlaryň has az böleginiň kompýuterlere eýeçiligi we Internede elýeterlikleri bardyr, sebäbi olar diňe ýöne gaty garyp, sowatsyz ýa-da olaryň iýmit, saglygy goraýyş we howpsuzlyk ýaly has möhüm zerurlyklary bar".[9] Şol bir wagtda bolsa sifrleýin yza galmaklyk sosial deňsizligiň bar bolmagyna gös-göni täsir edýär. Çene we Wellmana laýyklykda: "Sifrleýin deňsizligiň islenilmeýän tarapynda bolan şahsyýetler, sosial toparlar we döwletler, hiç haçan bilimler ykdysadyýetine gatnaşyp bilmezler. Başga sözler bilen aýdanyňda, eger-de eýýäm bar bolan deňsizlik adamlara kompýuterleri we Internedi ulanmaga päsgelçilik berýän bolsalar, onda bu deňsizlikler çuňlaşarlar, sebäbi Internet işi, informasiýany gözlemek, raýat we telekeçilik işewürligini amala aşyrmak üçin has-da çalşylyp bolunmaýana öwrülýär.[10] Şeýlelikde, informasion tehnologiýalara elýeterliligi ýöne üpjün etmek entek sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmagy aňlatmaýar. IKT-ni köp sektorlarda yza galmaklygy aradan aýyrmak we azaltmak üçin ulanmaga, şunluk bilen ÖMMD-ä ýetmek meselesini çözmäge synanyşýarlar.

Sifrleýin deňsizligiň öz-özi ýitip gitmez, ol tehnologiki ewolýusiýa bilen ýekelikde galdyrylyp bilinmez. Ony aradan aýyrmak üçin sifrleýin deňsizligi azaltjak we uniwersal elýeterliligi üpjün etjek infrastrukturany, degişli guramalary we instrumentleri döretmek üçin öňünden gerekli şert hökmünde garyplyk bilen göreş strategiýalaryna ünsi jemleýän hem-de anyk we uly mümkinçilikleri berýän ösüş üçin IKT-niň milli syýasaty we örtüji ösüş syýasaty gerek. Diňe aýrylykda IKT-niň infrastrukturasyny döretmäge gönükdirilen we ösüşi üpjün edýän beýleki möhüm prioritetleri hasaba almaýan maýa goýum strategiýasy kontrproduktiw bolup biler. Köp ýurtlarda esasy infrastrukturany gowulandyrmak, bazarlary açmak, telekommunikasion monopoliýalary aradan aýyrmak, netijeli ýuridiki we administratiw ulgamy diklemek, ählumumy bilimi üpjün etmek ýaly olaryň ykdysady ösüşine päsgel berýän fundamental çäklendirmelere üns bermek gerek. Kompýuterleşdirmek we Internede elýeterliligi gowulandyrmak ýaly taraplara üns berip, bu hilli problemalary ignorirleýän ýurtlar ep-esli resurslaryň boş sarp edilen

[9] "Tehnologiýa we ösüş", žurnal *The Economist* (2005-nji ýylyň 10-njy marty).

[10] Wenhong Chen we Barry Wellman, Sifrleýin deňsizligi görkezmek we aradan aýyrmak: sosial-ykdysady, gender çäklendirmelerini, ýaşaýyş derejesini hasaba almak bilen hem-de şäher/oba ýaşaýjylary üçin 8 ýurt üçin Internede elýeterliligiň derejelerini deňeşdirmek (AMD-niň global hyzmatlary sarp etmek boýunça Konsultasiýa beriji Maslahaty , 2003), 25, http://www.amd.com/us-en/assets/content_type/DownloadableAssets/FINAL_REPORT_CHARTING_DIGI_DIVIDES.pdf .

ýagdaýyna düşmekleri mümkin, sebäbi IKT-leriň ähli artykmaçlyklaryndan goldanmak mümkin bolmaz. Başga sözler bilen aýdanyňda, sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmak boýunça tagallalar uniwersal elýeterliligi üpjün etmek tarapa we şol bir wagtda jemgyýetiň derejesinde IKT-ni ulanmak üçin şertleri döretmäge gönükdirilen bolmalydyrlar.

## Praktiki gönükme

Siziň pikiriňizçe, Siziň ýurduňyzda sifrleýin deňsizligiň bolmagyna has köp täsir edýän iň azyndan bäş faktory kesgitäň. Her faktor üçin sifrleýin yza galaklygy gysgaltmaga ukyply strategiki meýilnamany belleşdiriň.

### Ählumumy elýeterliligi üpjün etmäge hemaýat

IKT-niň ösmeginiň çalt templerini göz öňünde tutup, garyp ýurtlaryň hökümetleri öz maliýe we syýasy resurslaryny sosial we adam kapitalyny ösdürmäge, bazalaýyn infrastrukturany we hususy sektor üçin konkurensiýanyň deň şertlerini döretmäge mobilizlemäge uly ünsi konsentrirläp bilerler. Hususy sektoryň gatnaşdyrylmagy ýöne bir infrastrukturany ösdürmegi çaltlaşdyrmaga ukyply däl, eýsem bolsa döwlet býujetiniň maliýe taýdan agyr ýüküni peseltmäge hem ukyplydyr, bu bolsa hökümete döwletiň has köp gatnaşmagyny talap edýän oblastlarda ünsüniň jemlenmegine kömek eder. Başga sözler bilen aýdanyňda, hökümetiň roly IKT sektoryny ösdürmäge öňünden döreýän şertleri döretmekden ybaratdyr.

Döwlet we döwlete degişli däl bilim ulgamyna maýa goýumlar indiki prioritet bolup durýandyr. Halkara tejribesi bilimi ösdürmegiň diňe bir bilime gös-göni gatnaşygy barlarynyň däl, eýsem ähli ÖMMD-ä ýetmegiň hökmany şerti bolup durýandygyny görkezýär. Orta we ýokary bilimiň elýeterli bolmagy adam resurslaryny ösdürmäge mümkinçilik berýär, bu bolsa öz gezeginde, innowasion ösüşe we uly masştably artmaklyga hemaýat berýär. Sifrleýin deňsizligi azaltmak babatynda bilim möhüm faktor bolup durýar, sebäbi ol IKT-ni döretmek, uýgunlaşdyrmak we ulanmak üçin talap edilýän bilimleri we tejribeleri berýär. Bilimiň has çylşyrymly IKT-lere geçmekde artýan roly oýnaýandygy şübhesizdir.

Üçünji prioritet telekommunikasion liniýalaryň derejesinde fiziki infrastrukturany döretmek bolup durýar. Döwlet maýa goýumlary bu ýerde hökmanydyrlar, sebäbi

informasion giňişlige ilatyň garyp gatlaklarynyň birikdirilmegi hususy sektoryň gyzyklanmalaryna girmeýär, ol üçin esasy höweslendiriji faktor bazaryň talaplary bolup durýar, oba ýerinde infrastrukturany döretmek üçin ýokary çykdajylar bolsa bähbitli däldirler. Hat-da, eger-de hususy sektor oba infrastrukturasyna maýa goýumlaryndan ýüz döndermez diýip çak edenimizde hem, barybir hökümet degişli standartlary kesgitlemek, deňhukuklylygy döretmek hem-de döwlet gözegçiligini kem-kemden peseltmek ýoly bilen sektoryň mundan buýanky ösüşini höweslendirmek bilen düzgünleşdiriji roly oýnamalydyr.

Jemgyýetçilik toparlary derejesinde elýeterliligi giňeltmäge we ýerli elýeterliligi üpjün etmäge ukyply umumy tehniki serişdeleri we hyzmatlary döretmegiň mümkinçilikleriniň gözlegi bilen döwlet edaralary meşgul bolmalydyrlar. Bu soraglary çözmegiň iki parallel usullary bardyr. Prowaýder tarapyndan portallary döretmek zerurlygy bar, olar dinamiki saklawhanalar hökmünde çykyş ederler, olarda bilimleriň bazasyny giňeltmek üçin gerekli bolan anyk informasiýa saklanylar we üýtgediler. Ulanyjy tarapyndan jemgyýetçilik telekommunikasion merkezlerini (telemerkezler) ýa-da kiosklary döretmek gerekdir, olar ýokarda görkezilen portallarda saklanylýan bilimlere çalt elýeterliligi üpjün ederler.

Telemerkezleri ulanmak

Jemgyýetçilik radioeşitdirişi we telewideniýesi ýaly özünden öňkülere meňzeşlikde telemerkez obanyň umumy resursy, ýagny obadaky her kime peýdany getirjek serişde bolup biler. Telemerkezler IKT-niň hyzmatlaryna we amaly goşundylaryna jemgyýetçilik elýeterliligini üpjün edýän möhüm strategiki obýekt bolup durýarlar. Öz ölçeglerine we berýän hyzmatlarynyň möçberine baglylykda bu merkezler adatça doly däl iş gününe ýa-da tölegsiz hakyna tutulýan menejer ýa-da işgärleriň uly bolmadyk sany bilen dolandyrylýarlar.

Dürli telemerkezler bardyr. Käbir ýerlerde telemerkezler diňe esasy hyzmatlary berýärler, olar: telefon jaňlary, fakslary goýbermek, resminamalary nusgalamak, informasiýany ýygnamak we çap etmek boýunça hyzmatlar, hem-de bolsa uly bolmadyk kärhanalar üçin buhgalter hasabatyny ýerine ýetirmek. Beýle ýönekeý telemerkezler üstünlikli telekeçilik operasiýalaryny amala aşyrmak we mümkin hyzmatlaryň bütin bir toplumy beriljek köp maksatly telemerkezlere ösüp geçmek üçin uly potensiala eýedirler.

Käbir telemerkezler kiberkafe görnüşindedirler, oňa ulanyjy baryp biler we Internede elýeterliligi alyp biler. Olar hem ýerli jemgyýetçilige peýdaly hyzmatlary berýän we şol bir wagtda telekeçilik girdejisini getirýän köpmaksatly telemerkezlere ösüp geçmek üçin ep-esli potensiala eýedirler.

Başga ýerlerde telemerkezler "informasion dükanlar" hökmünde çykyş edip bilerler, oňa adam baryp biler we kesgitli bir töleg üçin gerekli informasiýa elýeterlilik alyp biler (meselem, oba hojalyk klinikalary ýa-da merkezleri oba hojalygy boýunça täzelikleri alyp bilerler). Hindistandaky e-Choupal taslamasy hususy kompaniýa tarapyndan durmuşa geçirilen şonuň ýaly üstünlikli mysallaryň biri bolup durýar. Beýle merkezleriň käbirleri töleg üçin kompýuteri we tekst redaktoryny ulanmaga okuwy geçirip, hem-de bolsa Internede elýeterliligi üpjün etmek bilen uly bolmadyk okuw jaýy hökmünde çykyş edýär.

Beýleki telemerkezler döwlet informasiýasyna, meselem, eýeçilik hem-de salgytlary we hasaplary tölemek serişdeleri boýunça maglumatlara elýeterliligi öz içine almak bilen, döwlet hyzmatlaryny bermegi üpjün edýärler. Obalarda e-hökümetiň infrastrukturasynyň beýle hyzmat beriş serişdeleri ýaşaýjylara wagtyň, puluň we energiýanyň uly bölegini tygşytlaýarlar, hem-de telemerkeziň operatoryna telekeçilik bähbidini getirip bilerler. Telemerkeziň beýle görnüşine mysal hökmünde Mongoliýadaky Informasion Internet-merkezler gulluk edip bilerler.[11] Ýurduň dört welaýatyna beýle merkezleriň dördüsi hyzmat edýärler.

## Mongoliýadaky Informasion Internet-merkezleri

Taslama dört welaýaty – Erdenet, Hwod, Dornod we Umnutowi gurşap alýar, olar degişlilikde Mongoliýanyň demirgazygynda, günbatarynda, günortasynda we gündogarynda ýerleşýärler. Jemgyýetçilik Internet-merkezleri (JIM) ady bilen belli bolan telemerkezler, öz agzalaryna we ol ýere barýanlara şu serişdeleri we hyzmatlary berýär: 6 personal kompýuter, modemler we degişli enjamlar; alty port bilen kommutirleýän liniýa boýunça telefon toruna elýeterlilik; Internede elýeterlilik; elektron poçta, faksy geçirmek boýunça hyzmatlar, serwerde websaýtlary ýerleşdirmek we webdizaýn; ýerli telefon aragatnaşygyň hyzmatlary. Erdenet we Dornod welaýatlaryndaky telemerkezler Internede maglumatly

[11] Uşa Wýasulu Reddi, Okuw modullary boýunça Giriş informasiýaly Buklet, (Ottawa: IDRC, 2008). Hem-de bütin dünýä boýunça telemerkezleriň hyzmatlary barada informasiýany almak üçin seret, saýt http://www.telecentre.org .

geçirmegiň 64 kB/sek tizligi bilen hemra aragatnaşygy arkaly aperturanyň örän kiçi terminaly bilen birikdirilendirler (VSAT).

Taslamanyň sponsorlarynyň şertlerine laýyklykda JIM-leri orta mekdepler, ýerli döwlet edaralary we döwlete degişli bolmadyk guramalar (DDBG) üçin mugt Internede birikdirmegi berýärler. Orta mekdepler we ýerli döwlet edaralary Internede radiomodemleriň üsti bilen birigýärler. Telekeçi ulanyjylar Internede elýeterlilik üçin töleýärler.

JIM-iň Dolandyryjy Maslahatynyň agzalarynyň biri ýerli kitaphanadyr. JIM ýerli döwlet edaralary bilen hem ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär, olar JIM-ler üçin jaýlary berýärler.

Elektroüpjünçilik, birikmek üçin serişdeler, dil we apparat kömegi uly problemalary döredýärler. Muňa garamazdan, telemerkezleriň ygtybarly we hilli işi gurnaldy. Bu hem gyzyklanýan jemgyýetçilik toparlaryny özleriniň mundan buýanky ösüşi üçin Internediň potensialyny ulanmaga höweslendirdi. Bu wagta çenli agdyklyk edýän ulanmaklyk sowatlylygy ýokarlandyrmak maksady we telefon birikmeleri üçin amala aşyrylýan bolsa hem, JIM-leriň jemgyýetiň mundan buýanky ösüşini höweslendirmek maksatlary üçin hem ulanylýandygy barada kesgitli bir nyşanlar hem bar.

Çeşme: Şundan gaýtadan işlenildi: Harris, Roger, “Aziýanyň oba etraplaryndaky telemerkezler: Üstünlikli modeli işläp düzmek” (Bu resminama Informasion tehnologiýalar, kommunikasiýalar we ösüş boýunça Halkara konferensiýasynda hödürlenildi, 2001-nji ýylyň 29-30-njy noýabry, Katmandu, Nepal), http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/apcity/unpan006304.pdf.

## Oýlanmak üçin soraglar

Mongoliýadaky JIM-ler ýaly telemerkezler Siziň ýurduňyzda ýerlikli bolarlarmy? Näme üçin hawa ýa-da näme üçin ýok?

Telemerkezler babatynda nämede bolsa öňünden duýdurma bermek gerekdir: bu taslamalar ýönekeý görünýärler, emma, islendik bir ýönekeý zatlar ýaly, diňe köp aspektler bilelikde birleşen şertinde olar üstünlikli hasap edilýärler. Telemerkezleriň şowly we şowsuz taslamalarynyň köpsanlysy bardyr. Ösýän ýurtlarda üstünlikli bolmadyk taslamalaryň köpsanlysy amala aşyryldy. Aşakda

“nou-haunyň” ýetmezçiligi üçin ýa-da “nähili bolmalydygy” barada tejribäniň ýetmezçiligi üçin telemerkezleriň taslamalarynyň şowsuzlygynyň sebäpleriniň sanawy getirilýär:

- Maliýeleşdirmek we durnuklylyk. Köplenç marketingde, biznes-meýilnamalaşdyrmakda we bahalary emele getirmekde resurslary çekmek boýunça bilimleriň ýetmezçiligi we ýoklugy başdan geçirilýär.
- Eýeçilik hukugy we işçi modeller. Jemgyýetçiligiň peýdaly resursy hökmünde telemerkezleri guramak we olaryň işi boýunça bilimleriň we ukyplaryň ýetmezçiligi bar.
- Adam resurslary. Telemerkezleriň köp ýolbaşçylary we olaryň işgärler düzümi ýeterlik iş hakyny almaýarlar. Merkezlerde adatça meýletinler işleýärler. Bu faktorlaryň ikisi hem işgärler düzümini çekmekde we saklamakda kynçylyklara getirýär.
- Professional taýýarlyk we potensialy güýçlendirmek. Ýolbaşçylar we işgärler düzümi köplenç ygtybarly çuňlaşdyrylan taýýarlyga eýe däldirler. Olar telemerkezleri dolandyrmagyň dürli aspektlerini çözmäge synanyşýarlar, şol bir wagtda bolsa olar telekeçiligiň we marketingiň, jemgyýetçiligi mobilizlemegiň, informasiýa bilen işlemegiň we aragatnaşyk serişdelerini ulanmagyň dürli aspektlerini özleşdirýärler.[12]

Şowly mysallar, beýleki tarapdan, haçan-da taslamanyň položitel we otrisatel faktorlary dogry derňelenlerinde we hasaba alnanlarynda telemerkezleriň we Internet-saýtlary döretmek boýunça ýerli taslamalaryň sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmaga hemaýat berýän we durmuşa ukyply bolup biljekdiklerini subut edýärler. Uly bolmadyk ilatly punktlarda döredilýän telemerkezler uly ýurtlarda hem, şeýlede uly bolmadyk izolirlenen ýurtlarda hem üstünlikli işläp bildiler. Awstraliýa we Kanada, mysal üçin, öz daşda ýerleşen ilatly punktlaryny döwlet edaralary bilen “tele-kottejleriň” we meňzeş kiosklaryň üsti bilen birleşdirip bildiler. Territoriýalar boýunça pytraňňy we biri-birinden daşda ýerleşýän ilatly, uly bolmadyk, adalarda ýerleşýän, daglarda ýerleşýän we deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlar barasynda aýdylanda, telemerkezleri guramak IKT-niň kömegi bilen ösüşiň laýyk gelýän strategiýasy bolup biler.

## Praktiki gönükme

[12] Raul Roman & Royal D. Colle, Telemerkezleriň işini guramakda degip geçilýän temalar we soraglar, Ösüşiň informatizasiýasy, Resminama № 10 (Mançester: Ösüş syýasaty we menejmenti Instituty, Mançester uniwersiteti, 2002), http://www.sed.manchester.ac.uk/idpm/research/publications/wp/di/di_wp10.htm.

Öz ýurduňyzyň territoriýasynda telemerkezi döretmek boýunça pilot taslamasy üçin ýeri saýlaň. Telemerkeziň haýsy görnüşini döretmelidigini, onuň haýsy hyzmatlary berjekdigini we ony haýsy serişdeler bilen üpjün etmelidigini, hem-de bolsa maliýe nukdaýnazaryndan telemerkeziň işini durnukly we ýerli jemgyýetçilik üçin laýyk bolar ýaly guramaklygyň haýsy modelini kabul etmelidigini çözüň.

Adalarda ýerleşýän, uly bolmadyk we deňze çykalgasy ýok, daglyk döwletlerde birikmäniň serişdeleri bilen üpjün etmek

Adalarda ýerleşýän, uly bolmadyk, deňze çykalgasy bolmadyk, daglyk döwletler we ýurtlar käbir umumy häsiýetnamalara eýedirler. Birinjiden, olaryň hemmesiniň köp bolmadyk ilaty bar, hem-de, şeýlelikde, uly bolmadyk ykdyasyýetleri, uly bolmadyk satuw bazarlary, çäklendirlen adam we tehniki resurslary bar. Käbir ýagdaýlarda olaryň çäklendirlen tebigy resurslary hem bar. Ikinjiden, bu döwletlerde uly aralyklaryň problemasy bardyr: adalarda ýerleşýän uly bolmadyk döwletler okean bilen bölünendirler, daglyk ýurtlarda bolsa geçilip bolunmaýan daglar bar. Olaryň hemmesinde daşda ýerleşen ilatly ýerler bar, olarda, esasan, hyzmat edişiň infrastrukturasy ýokdur. Hem-de ähli şuňa meňzeş ýurtlar telekommunikasiýalaryň pes ösen ulgamlary bilen transport we aragatnaşyk bilen üpjün etmekde problemalara eýedirler. Üçünjiden, bu ýurtlaryň ählisi, bir tarapdan, tebigy betbagtçylyklaryň täsirinden gowşak goralandyrlar, beýleki tarapdan, olar dünýäni gurşap alýan globallaşmak, şahsy eýeçilige geçirmek, liberallaşmak prosesleriniň täsirine duçar bolýandyrlar. Bu ýurtlaryň käbirleri ykdysady we syýasy taýdan güýçli goňşular bilen gurşalyp alnandyrlar, hem-de olaryň diňe käbirleri ösüşiň onýyllyklary dowamynda amala aşyrylan şol kiçijik üstünlikleri ýok etmäge howp abandyrýan etniki konfliktlerden gaça durup bilýärler.

Adalardaky döwletler deňizleriň derejesiniň ýokarlanmagy, topraklaryň duzlaşmagy, suwuň hapalanmagy, nebtiň dökülmegi, ýadro zyňyndylary bilen hapalanmak, malýariýa we grip ýaly daşarky infeksiýalar görnüşindäki tebigy betbagtçylyklaryň, hem-de bolsa tehnologiki howplaryň, meselem, hemralaryň işiniň bökdençlikleri we kabelleriň üzülmegi sebäpli resurslary ýitirmekden ýaşaýşa gerekli serişdeleriň azalmagynyň täsirinden has gowşak goralandyrlar. Deňze çykalgasy ýok ýurtlar we daglyk döwletleriň hem öz spesifiki problemalary bardyr, olaryň içinde: oba hojalygyny çäkli alyp barmak, izolýasiýa, ýer titremesi, süýşgünler we beýleki şulara meňzeş tebigy betbagtçylyklar.

Özi hem geografiki ýerleşiş boýunça ýüze çykýan garşylyklara uniwersal jogap ýokdur, hem-de çözüwiň umumy kabul edilen ýollary makul däl bolup bilerler. Onuň üçin standart däl çözüwler gerek, meselem, sebitleýin hyzmatdaşlyk. Bu hilli gowy mysal bolup torlaýyn gurama gulluk edip biler (Adalardaky kiçi ösýän döwletleriň informasion Tory –SIDSNet), ol hyzmatdaşlygyň hem-de bähbitleri, mümkinçilikleri we tehnologiýalary ýakynlaşdyrmagyň ýörelgelerine uýýar.

## Adalardaky kiçi, ösýän döwletleriň informasion Tory

SIDSNet guramasy 1997-nji ýylda Barbadosyň hereket Maksatnamasynyň (BHM) gös-göni dowamy hökmünde esaslandyryldy. Onuň esasy maksady häzirkizaman IKT-leriniň üsti bilen uly bolmadyk, adalarda ýerleşýän, ösýän döwletleriň ösüşine goldawy bermek bolup durýar.

SIDSNet uly bolmadyk, adalara ýerleşýän döwletleriň duçar bolan birnäçe möhüm problemalary çözmäge kömek etdi, ýagny: (1) daşda ýerleşenlik, izolýasiýa we pytraňňylyk; (2) ýaramaz aragatnaşyk we maglumatlary gowşak dolandyrmak; (3) çäklendirilen adam we tehnologiki mümkinçilikler; (4) uly bolmadyk, adalarda ýerleşýän, ösýän döwletleriň (AKÖD) ykdysady we ekologiki taýdan gowşak goralanlygyny azaltmak üçin has giňden halkara ykrar edilmeginiň we halkara kömegini berilmegiň zerurlygy. Bu innowasiýalaryň, döwlet mümkinçiliklerini giňeltmegiň we çäklendirilen resurslary has netijeli ulanmagyň üsti bilen maddy hal-ýagdaýy ýokarlandyrmak we garyplygy azaltmak maksatlary bilen tehniki tejribäni, okuwlary, bilimi alyş-çalyş etmegi ýeňilleşdirmek üçin daşda ýerleşen we izolirlenen AKÖD-leri birleşdirmek üçin IKT-ni ulanmagyň hasabyna amala aşyrylýar.

SIDSNet-iň Internet saýtynyň üsti bilen birigen ýurtlar saglygy goraýyş, tebigaty goramak, bilim, arassa agyz suwy we esasy sanitar-tehniki serişdeler bilen üpjün etmek, syýahatçylyk we adam resurslaryny ösdürmek ýaly öňe sürülýän oblastlarda öňdebaryjy tejribe barada informasiýany biri-birleri bilen alyş-çalyş etmek üçin aragatnaşyklary goldap bilerler. Tor onlaýnda elýeterli bolan bilermenleriň sanawyny berýän SIDS-iň Tehniki Kömek Maksatnamasynyň üsti bilen tejribäniň wirtual alyş-çalşygyny hem höweslendirýär. 2005-nji ýylda Mawrikiýde (Mauritius International Meeting) Halkara duşuşykda resmileşdirilen Uly bolmadyk, Adalarda ýerleşýän döwletleriň uniwersitetleriniň Konsorsiumynyň portaly we iş ýeri hökmünde SIDSNet-i ulanmak hem teklip edildi.

SIDSNet Internet-sowatlylygy we infrastrukturany ýaýratmagyň kuwwatly tarapdary bolup durýar. Potensialy güýçlendirmek sferasynda ol Günorta-Günorta liniýasy we SIDSNet arasy boýunça hyzmatdaşlygyň we tehnologiýalary geçirmegiň gurşawy hökmünde gulluk edýär. Hyzmatdaşlyk we bilimleri alyş-çalyş oblastynda SIDSNet informasiýanyň alyş-çalşygy bolup geçýän we bilermenleriň özara aragatnaşykda bolýan elektron poçtanyň we çatlaryň ýerli gullugynda ulanyjylary hasaba almak we olara hyzmat bermek arkaly birikmeleriň we aragatnaşygyň hilini gowulandyrýar. SIDSNet geljekki çäreleriň we wakalaryň senenamasyny hem goldaýar, bu döwlet edaralaryna öz işgärleriniň çäklendirilen resurslaryny has netijeli ulanmaga mümkinçilik berýär. SIDSNet BMG-yň adalardaky çap edişleri, ylmy barlaglary, rezolýusiýalary we çözüwleri, ösüşiň görkezijileri üçin, hem-de bolsa döwlet we ýerli derejelerde statistiki maglumatlar üçin maglumatlar bazasy hökmünde çykyş etmek bilen, ylmy barlaglara we informasiýany dolandyrmaga goldawy üpjün edýär. Ahyrsoňunda, SIDSNet adalarda ýerleşýän döwletleriň ösüşine päsgel berýän esasy garşylyklar barada düşünjeleri emele getirýär, şonuň blen bolsa, SIDS-e halkara syýasy toparlaryň ünsüni çekýär, bu maliýe resurslarynyň we tehniki kömegiň geliş akymyna täsir edýär.

Çeşme: Şu ýerden gaýtadan işlenildi; SIDSNet, “SIDSNet barada Informasiýa”, BMG-yň Durnukly ösüşi üpjün etmek bölümi, http://www.sidsnet.org/5.html.

## Oýlanmak üçin soraglar

SIDSNet-e meňzeş başlangyç Merkezi Aziýanyň deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlary üçin ulanarlykly bolup bilermi? Bu hilli hyzmatdaşlyk üçin haýsy esasy elementler esas hökmünde çykyş edip bilerler?

IKT-niň kömegi bilen amala aşyrylýan käbir başlangyçlar döwlet syýasaty derejesinde giň goşulmaklygy talap edýän wagtynda, jemgyýetçiligiň özüniň hemaýatynyň üsti bilen güýçli täsir galdyrýan netijelere ýetmek mümkinçiligi bardyr. Nepaldaky Nangi obasynyň taslamasy munuň üçin gowy mysal bolup biler.

## “Agaç we kiber-dünýä”: Nepaldaky Nangi obasynyň mekdebiniň taslamasy

Nangi – bu dagdaky obadyr, onda 800 töweregi ýaşaýjy bar, ol günbatar Nepalda deňiz derejesinden 7,300 fut beýiklikde, Gimalaýyň Annapurna we Daulagiri gerişleriniň eteginde ýerleşýär. Iň ýakyn uly şäher bolan Beniden Nangä çenli ýol 6-dan 9 sagada çenli wagt alyp biler, ol öz içine birnäçe dag obalaryndan we tokaýlardan ýokary galmagy alýar. Nangide hiç bir önümçilik hem ýok. Onuň ýaşaýjylary fermerlerdirler, olar agaç gurallary ulanýarlar: azallar, demir piller, paltalar, oraklar, isgeneler we çekiçler. Bu ýerde hiç bir maşynlar ýa-da awtomatlaşdyrylan gurallar elýeterli däldirler.

10 ýyl töweregi öň, obanyň mekdep mugallymy Bagabir Punyň ýolbaşçylygy astynda Nangide Internediň artykmaçlyklaryny ulanmak boýunça tagallalary amala aşyrdylar. Başda kompýutleri agaç gapyrjaklarda ýygnadylar, uly bolmadyk gidrogeneratory işläp taýýarladylar, torlaýyn birikme ygtybarly simsiz Wi-Fi standardynyň torunyň üsti bilen gurnaldy, ol dört beýleki obalary iň ýakyn retranslýasion stansiýadan 22 mil uzaklykda ýerleşýän uly şäher Pokardaky Internet-serwer bilen birikdirdi. Öndürijileriň özüne düşýän gymmaty boýunça berlen enjamlaryň haýyr-sahawat üçin berilmeginiň hasabyna Pokarda elýeterliligiň onlarça nokatlary kommutirlenýän telefon kanallary boýunça birikdirildiler.

Soňky 11 ýylyň içinde Pun we beýleki oba ýaşaýjylary orta mekdebi (kitaphana bilen), ösümlikler üçin nahalhanany, Pokardaky telemedisinanyň hyzmatlaryna torlaýyn wideo-birikmesi bolan keselhanany, agaç ussahanasyny, tikin sehlerini we kagyzy öndürmek boýunça sehleri, daga çykyjylar üçin dynç alyş lagerini (elektron poçtany ulanmak mümkinçiligi bilen), balyklary we ýaklary köpeltmek üçin fermalary gurdular. Kompýuter klasy köp çeşmelerden haýyr-sahawat üçin berlen enjamlardan durýar.

Daşky dünýä bilen aragatnaşyk Nangi üçin telemedisinanyň elementar ulgamyna eýe bolmaga, beýleki obalaryň ýaşaýjylary bilen aragatnaşygy saklamaga, oba hojalygyny alyp barmagyň tehnologiýasyny gowulandyrmaga, çagalara kompýuterleri öwretmäge mümkinçilik berdi.

Adatça, ösýän ýurtlarda birikmegi we elýeterliligi guramak problemalary bar, sebäbi olaryň çözüwi infrastruktura uly maýa goýumlaryny talap edýärler, olar adatça döwlet tarapyndan ýa-da gurama tarapyndan amala aşyrylýarlar. Nangi obasynyň mekdebiniň taslamasy ýerli gymmat däl başlangyçlaryň ýagdaýy güýçli

üýtgedip biljekdiginiň faktyny görkezýärler. Nangidäki ýaly mikrotaslamalar üstünlikli amala aşyrylýarlar, sebäbi olar ýerli çözüwleri hasaba almak bilen, üýtgeşmeleriň ýerli ýolbeledi ýa-da katalizatory tarapyndan birleşdirilip, ýerli problemalar we ýerli reallyk bilen iş salyşýarlar.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi: Ruth, Stephen we Jiwan Giri, "Tötänleýin saýlaw: Nepalyň şowly dag taslamasy baradaky gürrüň. Ösýän ýurtlarda informasion tehnologiýalar. Goýberiş 17, №. 3, 2007-nji ýylyň noýabry: 7-10, http://www.iimahd.ernet.in/egov/ifip/nov2007/nov2007.htm.

## Oýlanmak üçin soraglar

Nangi obasynyň mekdebiniň taslamasyna meňzeş taslama has giň masştabda ulanylyp bilnermi we/ýa-da gaýtalanylyp bilnermi? Taslamany has giň masştabda üstünlikli amala aşyrmak üçin nämeler etmeli? Başga ýerde taslama gaýtalanylanda haýsy faktorlary hasaba almaly?

## Netijeleri jemlemek

- Sifrleýin deňsizlik informasion asyryň resurslaryna elýeterliligi bolan aýratyn şahslaryň we jemgyýetçilikleriň hem-de beýle mümkinçilikleri bolmadyklaryň arasyndaky üzülme bolup durýar.
- Sifrleýin deňsizlik sosial we ykdysady deňsizligiň, şol sanda, girdejilerde deňsizligiň, gender deňsizliginiň, sowatlylyk derejesinde deňsizligiň şöhlelenmesi bolup durýar.
- Sifrleýin deňsizlik bilen göreşmek informasion tehnologiýalaryň sferalarynyň çäklerinden çykýan giň çemeleşmäni talap edýär.
- Fiziki infrastrukturany döretmek bilen hem, şeýlede hyzmat bermegiň umumy serişdelerini ýa-da jemgyýetçilikler derejesindäki telemerkezleri döretmek bilen ählumumy elýeterlilik ýörelgesini öňe sürmek zerur.
- Informasiýanyň dinamiki saklawhanasy hökmünde gulluk etjek portallary döretmek hem zerurdyr, hem-de resurslary alşyp-çalyşmak üçin hyzmatdaşlygyň milli we sebitleýin görnüşlerini diklemek hem zerur.

Modulyň bu bölümi IKT bilen ÖMMD-yň arasynda özara baglanyşyga has giň garaýşy üpjün etmäge, hem-de bolsa ÖMMD-ä ýetmek boýunça strategiýada

instrument hökmünde IKT-niň möhüm roluny nygtamaga niýetlenilendir. Indiki bölümde esasy üns ÖMMD bilen bagly dürli sektorlarda IKT-ni ulanmagyň anyk oblastlaryna berilýär.

## Özüňizi barlaň

Aşakdaky ýumuşlary yzygiderli ýerine ýetiriň.

1. ÖMMD-iň Siziň ýurduňyz boýunça makrostatistiki maglumatlaryny elýeterli çeşmelerden ýygnaň.
2. Siziň ýurduňyzda IKT-niň ýaýramagy boýunça statistiki maglumatlary elýeterli çeşmelerden ýygnaň.
3. Statistiki maglumatlardan Siziň sebitiňiziň ösüşini çaltlaşdyrmak boýunça serişdeler hökmünde IKT-ni ulanmagyň artykmaçlyklary, ýetmezçilikleri, mümkinçilikleri we howplary barada haýsy netijeleri çykaryp bolar? Olar umuman ulanarlyklymy? Döwlet syýasatyny hasaba almak bilen mümkin bolan hereketleri tankydy nukdaýnazardan derňemek zerur.
4. Kimiň/haýsy guramanyň ýa-da pudagara toparyň Siziň sebitiňiziň/ýurduňyzyň ösüş syýasatyny IKT-niň kömegi bilen durmuşa geçirmäge ukyplydygyny kesgitläň.
5. Syýasaty praktiki taýdan durmuşa geçirmek üçin haýsy çäreleri kabul etmek zerur? Meseleleriň bloguny we olary durmuşa geçirmegiň wagt çäklerini kesgitläň.

# 3. IKT-ni ösüş üçin ulanmak

Bu bölümiň meseleleri:

- Dürli pudaklarda, şol sanda, ÖMMD bilen gös-göni baglanyşýanlarda, IKT-ni ulanmak oblastlaryny beýan etmek;
- Jemgyýetiň ösüşini üpjün edýän prioritet pudaklarda IKT-ni ulanmagyň anyk taslamalaryndan işleri dogry guramagyň ýörelgelerini ýüze çykarmak

IKT-ler, öz tebigaty boýunça özara baglanyşdyryjydyrlar, hem-de olary ulanmak sektorlar arasynda we köpmaksatly bolup bilerler. Meselem, garyplyk bilen göreşde IKT-ni ulanmak, girdejini almak mümkinçiliklerini guramaga ünsi jemläp biler. Özi hem şunda ykdysady işewürlige aýallaryň gatnaşmagyny, olary çekmegi üpjün etmek mümkindir. Şeýlelikde, ösüşiň parallel maksady hem çözülýär. Emma temany ösdürmek maksatlary bilen bu bölüm anyk maksada ýa-da ösüş meselesine ýetmekde olaryň roluny ýörite kesgitläp, IKT-ni ulanmagyň dürli mysallaryny beýan edýär. Özi hem maksatlar ösüş sektorlary boýunça bölünendirler.

Bu ýerde IKT-ni ulanmaga iki çemeleşmäniň bardygyny bellemek zerurdyr. Olaryň biri – göni ulanmak, ol ahyrky benefisiariýlere gönükdirilendir, özi hem munda IKT olaryň we hyzmatlary berijileriň arasynda göni aragatnaşygy guramak üçin ulanylýar. Ikinji çemeleşme – gytaklaýyn ulanmak, ol kömekçi bolup durýar, ýagny ol syýasaty, infrastrukturany, kömekçi ulgamlary we mazmuny işläp düzmäge gönükdirilendir, olar, öz gezeginde, garaşylyşy ýaly, ahyrky benefisiariýlere peýda getirerler. Iki çemeleşme hem ösüş maksatlaryna ýetmek üçin möhüm roly oýnaýarlar, emma olaryň hersi syýasaty we durmuşa geçirmegi emele getirmek derejesinde öz strukturasyna eýedirler. Täsir etmegiň iki görnüşini hem dykgat bilen, emma aýratyn sektorlarda ÖMMD-ä ýetmegi hasaba almak bilen derňemek zerur.

## 3.1 IKT we garyplygy azaltmak

### Maksat № 1 - Juda garyplygy we açlygy ýok etmek

**Mesele 1:** 1990-njy ýyldan 2015-nji ýyla çenli aralykdaky döwürde günde ABŞ-nyň 1 dollaryndan az girdejisi bolan ilatyň tutýan bölegini iki esse azaltmak.

**Mesele 2:** 1990-njy ýyldan 2015-nji ýyla çenli aralykdaky döwürde açlykdan ejir çekýän ilatyň bölegini iki esse azaltmak.

IKT ykdysady ösüşi stimulirlemekde möhüm roly oýnaýar, ol, öz gezeginde, garyplyk bilen göreş prosesine täsir edýär. Ykdysady ösüşiň ýokary derejesine eýe bolan ýurtlar IKT-niň aralaşmagynyň hem ýokary derejesine eýedirler. Bu biznesiň we senagatyň, öz gezeginde, informasion rewolýusiýadan peýda gazanýandyklary barada şaýatlyk edýär. IKT infrastrukturasy we adam resurslary, hem-de bolsa olaryň ösüşi Hindistan we HHR ýaly ýurtlarda ykdysadyýetiň ösüşiniň ýokary derejesini üpjün etdiler, hem-de olary informasion jemgyýetde kuwwatly döwletlere öwürdiler.

IKT-niň özgerişlik ediji täsiri kiçi we orta biznes (KOB) sektorynda has-da göze görünýändir. IKT-niň kömegi bilen uly bolmadyk kärhanalarda içerki aragatnaşygy (kompaniýanyň düzüm bölekleriniň arasynda) we müşderiler bilen daşarky aragatnaşygy guramak bilen baglanyşykly, täze bazarlary öwrenmek, global müşderi toruny işläp düzmek we sarp etmegiň göwrümleriniň artmak, hem-de bolsa içerki resurslaryň inwentar hasabatyny gowulandyrmak, şunluk bilen, göz öňünde tutulmadyk çykdajylary azaltmak we girdejini ýokarlandyrmak bilen, çykdajylary peseltmegiň hasabyna öz işiniň hilini gowulandyrmak mümkinçiligi ýüze çykdy.

Aragatnaşygyň infrastrukturasyna döwlet maýa goýumlary ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin möhüm bolsalar hem, olaryň öndürijiligini IKT-niň kömegi bilen soňraky ýokarlandyrmak üçin KOB-iň kärhanalaryna döwlet edaralarynyň berip biljek iň gowy stimullary hasaba almagy we ýuridiki talaplary ýönekeýleşdirmek, biznesi alyp barmak boýunça ýörite kurslarda okamak mümkinçiligini bermek we maliýeleşdirmegi üpjün etmek, has uly kompaniýalar bilen KOB-iň kärhanalarynyň aragatnaşygyny üpjün etmek, salgyt ýeňilliklerinibermek ýoly bilen päsgelçilikleri aýyrmak we iş üçin ýaramly gurşawy döretmek bolup durýar.

IKT-niň kömegi bilen senagatyň we hususy sektoryň artmagy käbir ýagdaýlarda garyplygy azaltmaga hemaýat berýär. Emma ilatyň garyp gatlaklary ösüşiň bu görnüşinden garyp däller bilen deňeşdireniňde az bähbitleri aldylar.[13] Hökümetler

---

[13] YÖHG, Ykdysady ösüş we garyplyk bilen göreş üçin IKT-ni ulanmagyň položitel mysallary (Pariž, YÖHG, 2005), , http://www.oecd.org/dataoecd/2/46/35284979.pdf

garyplyk problemasyny gös-göni çözmelidirler, özi hem diňe bir ösüşi höweslendirmek üçin ykdysadyýete gatyşmagyň üsti bilen däl, ol, göz öňüne getirilişi ýaly, ahyrky netijede garyplara peýda getirer.

Garyplyk köpýüzlidir. Ol öz içine girdejileriň ýetmezçiligini, hojalygy alyp barmak üçin ýeriň ýetmezçiligini, kreditleriň we hyzmatlaryň ýetmezçiligini, hemişelik açlyk duýgusyny, başlangyç bilime we/ýa-da saglygy goraýyşa, aýratyn hem emýän çagalar we emdirýän eneler üçin elýeterliligiň ýoklugyny, ýokary ölümliligi we ýaşaýşyň pes dowamlylygyny, AIDW/AIDS, malýariýa we tuberkulýoz kesellerine duçar bolujylygy, ýaşaýşa gerekli serişdeleriň elýeterli bolmazlygy, ýaş adamlar üçin iş bilen üpjün etmekligiň bolmazlygy, tebigy betbagtçylyklara we konfliktlere ýokarlandyrylan gowşaklygy alýar. Ähli sanalanlar üçin IKT-niň kömegi bilen göni hem, gytaklaýyn hem täsir (meselem, garyplara haýsy hem bolsa bir hyzmaty bermek üçin IKT-ni ulanmak, ýa-da tebigy resurslaryň kartasyny düzmek görnüşinde has uly täsir) garyplyk ýüküni ýeňilleşdirmegiň möhüm strategiýalary bolup durýarlar.

Thread Net Hunza taslamasy Päkistanyň daşda ýerleşen sebiti üçin daşardan maliýeleşdirilen ýerli taslama bolup durýar, onuň maksady dünýä bazaryna ýerli dokmaçylaryň we söwdagärleriň elýeterliligini ýönekeýleşdirmekdir, şunuň bilen olaryň öndürijiligi, girdejileri we ýaşaýyşlarynyň derejesi ýokarlanar. Bu taslama göni täsirli çemeleşme bolup durýar, onda IKT garyp adamlar bilen satuw bazarlarynyň arasynda arabaglanyşygy üpjün etmek üçin ulanylýar.

## Thread Net Hunza taslamasy, Päkistan

Karakorum sebitini ösdürmek boýunça gurama (KSÖG, KADO, Karakoram Area Development Organization) ösüş üçin telekeçilk däl ýerli guramadyr, ol öz işlerini Päkistandaky Hunza jülgesinde geografiki we ykdysady taýdan izolirlenen oba ilatynyň sosial-ykdysady bazasyny we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak ugrunda amala aşyrýar. KSÖG aýratyn ünsi aýallara, senetçilere, ownuk öndürijilere, hem-de bolsa beýleki gowşak toparlara, meselem, aýratyn zerurlyklary bolan adamlara berýär. Onuň işleri aşakdakylary öz içine alýar:

- Aýallaryň we ilatyň beýleki gowşak toparlary gatnaşýan däp bolan halk senetlerini höweslendirmek we täzeden aýaga galdyrmak;

- Garyplyk bilen göreş we oba jemgyýetçilgini ösdürmek üçin informasion tehnologiýalary ulanmak;
- Sungat we medeniýet festiwallaryny dikeltmäge hemaýat bermek;
- Aýratyn zerurlyklary bolan şahslaryň reabilitasiýasy;
- Ýerli guramalaryň potensialyny ýokarlandyrmak;
- Hunza jülgesinde ekologiki problemalary çözmek.

Ýaňy-ýakynda KSÖG sowatlylygy ýokarlandyrmak boýunça iki sany oba merkezleriniň döredilmegini goldady, olar oba aýallaryna kompýuter programmalaryny ulanmagy öwretmek bilen meşgul bolýarlar. Bu merkezler özüni ödemeklik esasynda ýerli jemgyýetçilikler bilen hyzmatdaşlykda işleýärler. KSÖG aýallar we senetçiler-maýyplar tarapyndan döredilen harytlaryň söwdasynyň ähliaziýa toruny döretmek boýunça Ösüşiň halkara ylmy-barlag merkezi (ÖHYBM) bilen hyzmatdaşlykda senetçilik önümleriniň elektron söwdasyny ösdürmek başlangyjyny amala aşyrmaga hem girişdi. ÖHYBM tarapyndan maliýeleşdirilýän, jemgyýetiň ösüşini höweslendirmek üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalary peýdalanýan bu maksatnamanyň çäklerinde KSÖG Internede elýeterliligiň hyzmatlaryny hem berýär. KSÖG durnukly ösüşi üpjün etmeklige bil baglaýar we daşda ýerleşýän oblastlarda garyplyk bilen IKT-ni ulanmak we durmuşa geçirmek ugurlarynda praktiki derňewleri geçirmek ýoly bilen göreşýär.

Çeşme: Şu resminamalardan gaýtadan işlenildi: Karakorum sebitiniň ösüşi boýunça gurama. http://www.kadohunza.org/index.htm; hem-de Thread Net Hunza taslamasy, http://www.threadnethunza.com.pk/index.html.

## Oýlanmak üçin soraglar

Thread Net taslamasy ýerli problemanyň innowasion çözüwi bolup durýar. Emma öz durmuşa geçirilişinde ol uly bolmadyk taslamalaryň ähli problemalary bilen çaknyşdy, ýagny: durnuklylygy üpjün etmek we has giň masştabda ulanylmak. Siziň pikiriňizçe taslamany haýsy görnüşde giňeldip bolar we durnukly edip bolar?

Garyplyk bilen göreşiň şular ýaly toplumlaýyn aspektlerini hasaba almak deň derejede möhümdir: garyplyk bilen göreş boýunça uly döwlet maksatnamalaryny goldamak üçin IKT esasynda netijeli ulgamlary döretmek. Mysal hökmünde Malaýziýanyň SINAR ulgamy gulluk edip biler, ol şäherleriň garyp ýaşaýjylary

boýunça maglumatlar bazasy bolup durýar, ol döwlet edaralary we maliýeleşdiriji guramalar üçin bu oblastda olaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak babatynda öz peýdalylygyny subut etdi. IKT-ni ulanmagyň beýleki položitel mysaly Hindistanyň Andra Pradeş ştatynyň döwlet edaralarynyň taslamasy bolup durýar, onda Hindistanyň oba ilatyny kepil geçilen işlilik baradaky Milli Aktyň (NREGA, India's National Rural Employment Guarantee Act) çäklerinde obanyň garyp ýaşaýjylaryny her ýyl iň azyndan 100 günüň dowamynda iş bilen üpjün etmek boýunça borçnamalar goldanylýar.

## IKT we Hindistanyň oba ilatynyň kepillendirilen işlilik baradaky Milli Aktynyň işiniň shemasy

Hindistanyň Andra Pradeş ştatynda IKT 2005-nji ýyldaky oba ilatynyň kepillendirilen işlilik baradaky Milli Aktynyň (OIMKA) çäklerinde netijeli ulanyldylar, onuň çäklerinde oba ýaşaýjysy üçin her ýyl 100-günlük tölenilýän işliligiň kepilligi döwlet tarapyndan berildi.




OIMKA infrastrukturany ösdürmek boýunça oba taslamalaryny durmuşa geçirmegiň hasabyna oba garyplaryna işliligi kepillendirdi. Maksatnama 13 etrapda 13 000 obany gurşap alýar. Maksatnamany durmuşa geçirmegiň problemalary çenlikleri (smetalary) işläp düzmekde hünärmenler tarapyndan yza galmalary, çykdajylaryň artdyrylyp görkezilmegi, çenlikleri taýýarlamakda aýdyňlygyň ýoklugy, çenlikleriň açyk elýeterlilikde bolmazlygy, çenlik resminamalarynyň ýerli dilde elýeterli bolmazlygy ýalylary öz içine alýar. Ýokarda görkezilen we beýleki problemalary ýeňip geçmek üçin Andra Pradeş ştatynyň döwlet edaralary 659 obada kompýuterleri goýdular hem-de işçi kartalaryny (işe tabşyryklary), çykdajylaryň çenliklerini, iş sargytlaryny, hasaba alyş sahypalaryny, töleg resminamalaryny we iş hakynyň hasaplamalaryny döredýän ýörite işlenilip düzülen programma üpjünçiligini ulandylar. Maksatnamanyň çäklerinde döredilen webportal, islendik baryp görüjä

programmanyň ähli aspektleriniň jikme-jiklikleri bilen doly tanyşmak mümkinçiligini berdiler.

Alnan netijeler 4 milliondan gowrak adamyň işçi kartalaryny (işe tabşyryklary) alandyklaryny görkezýärler, olaryň kömegi bilen adamlar iş bilen üpjün bolmagyň gözlegine geçip bildiler, hem-de 500 000 gowrak garyp OIMKA taslamasynyň çäklerinde iş aldylar. Ýokarda görkezilen iş berlen raýatlar üçin toplaýjy bank hasaplary açyldylar, hem-de bu hasaplara göni tölegler amala aşyryldylar, bu korrupsiýanyň öňüni aldy.

Ep-esli garşylyga garamazdan döredilen ulgam häzirki wagtda gündelik maglumaty diňe bir ýerlerdäki syýasatçylar we taslamanyň işgärler düzümine däl, eýsem Hindistanyň informasiýa bolan hukuk baradaky Aktyna laýyklykda oba jemgyýetçiliginiň garyp ýaşaýjylaryna hem berýär. Uly bolmadyk goldaw bilen islendik garyp adam programma bilen bagly bolan informasiýa elýeterlilik alyp biler, hem-de adalatsyzlykdan goragy tapyp biler, hem-de şunuň bilen hökümet üçin sosial jogapkärçilk ýörelgesi üpjün edilýär.

OIMKA taslamasynyň üstünligi babatynda birnäçe faktorlar aýratyn rol oýnadylar, olaryň içinde: degişli kanunçylygy kabul eden oňaýly syýasy gurşaw, garyplyk bilen göreş boýunça çäreleri kabul etmek üçin döwlet edaralary tarapyndan bar bolan syýasy erk-isleg, döwlet edaralarynyň we informasion tehnologiýalaryň senagatynyň wekilleriniň arasyndaky hyzmatdaşlyk, programmany netijeli dolandyrmagy we oňa gözegçiligi üpjün etmegiň ulgamlarynyň umumy goldawy.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlendildi: Oba ilatyny iş bilen kepillikli üpjün etmegiň döwlet maksatnamasynyň işiniň shemasy – Anrdra Pradeş ştaty, Obanyň ösüşi boýunça Departament, http://nrega.ap.gov.in/Nregs/Home_eng.jsp.

### Oýlanmak üçin soraglar

Siziň pikiriňizçe OIMKA maksatnamasynyň çäklendirmeleri haýsylar? Siziň pikiriňizçe bu çäklendirmeleri nähili ýeňip geçmeli?

Bütin Aziýa boýunça oba jemgyýetçilikleri we global bazarlar arasynda aragatnaşygy üpjün etmegiň çäklerinde, hem-de bolsa garyplyk bilen göreş maksatnamalaryny öňe sürmek üçin zerur bolan informasiýany bermegiň çäklerinde (meselem, garyp etraplaryň kartalaryny degişli programma üpjünçiligiň

kömegi bilen döretmek) IKT-ni ulanmagyň netijeliligini tassyklaýan taslamalaryň köpsanlysy bar.[14] Bu mümkinçilikleri ulanmagyň şaýatnamalary IKT-ni netijeli ulanmagyň kiçi we orta fermer hojalyklaryna öz girdejileriniň derejesini ýokarlandyrmaga hem-de olara oba hojalygynyň nou-haularyna we bazar tendensiýalaryna elýeterliligi bermegiň hasabyna oba hojalygyny alyp barmagyň usullaryny gowulandyrma kömek berip biljekdigini görkezýärler. Meselem, Wetnamda Wat Trang we Hoý Ang ýaly obalar öndürilýän harytlarynyň reklamasy üçin öz hususy websaýtlaryny döretdiler.[15] Hindistanda e-Choupal taslamasy[16] we bilimleriň oba merkezleri[17] obanyň garyp ýaşaýjylary bilen daşarky bazarlaryň arasynda arabaglanyşygy üstünlikli üpjün etdiler. Iki ýokarda görkezilen taslama hem öz tagallalaryny jemgyýetiň garyp gatlaklarynyň zerurlyklaryna jemlediler.

## e-Choupal taslamasy, Hindistan

e-Choupal taslamasy Hindistanyň oba hojalygynyň unikal strukturasy bilen bagly bolan kynçylyklary ýeňip geçmek maksatlary bilen köpmilletli ITC kompaniýasy tarapyndan işe goýberildi, ol kynçylyklar şulardan ybarat: ownuk fermalar, gowşak infrastruktura we araçylaryň köpsanlysy. Taslamanyň aýratynlyklary hökmünde maýda Internet-kiosklaryň uly sanyny görkezmek bolar, olar fermerleriň (sançalaklar diýlip atlandyrylýarlar) özleri tarapyndan dolandyrylýarlar hem-de oba hojalyk jemgyýetçiligine ýerli şiwe dilinde howa, bazar bahalary, oba hojalygyny alyp barmagyň ylmy usulyýetleri we töwekgelliklere gözegçilik etmek barada möhüm informasiýany berýärler. Internet-kiosklar fermerlere zerur harytlary satyn almaga we oba hojalyk önümlerini fermanyň gös-göni işiginiň agzynda satmaga hem kömek edýärler, bu bolsa operasion çykdajylary ep-esli azaldýar. ITC-iň özünden başga harytlary we hyzmatlary bermek oblastynda ýokary hile önümçilik we hyzmat etmek boýunça işewürligiň degişli oblastlarynda

[14] Seret, BMGÖM, "IKT hem-de açlyk we garyplyk bilen göreş: Aziýa tejribesi", Informasion jemgyýetçilik boýunça Dünýä sammidi, 2003-nji ýylyň 11-nji dekabry, Ženewa, Şweýsariýa, http://www.apdip.net/projects/rhdr/news/08012004/poverty.pdf.
[15] Seret, BMGÖM, Adam ösüşi boýunça sebitleýin hasabat, IKT-ni Aziýada adam ösüşi üçin çekmek: Müňýyllygyň ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek (Nýu-Deli: BMGÖM, Elsewýer, 2005), 112, http://www.apdip.net/elibrary#rhdr.
[16] Seret, taslama "e-Choupal, http://www.itcportal.com/sets/echoupal_frameset.html.
[17] Seret, taslama "Ylmy barlag gaznasy MS Swaminathan, http://www.mssrf.org.

kompaniýalaryň-liderleriň ýolbaşçylary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny baglaşmak arkaly ýetilýär.

Fermerleriň öz fermalarynyň öndürijiligini ýokarlandyrmagyň we öz önümlerine soňky düşýän bahalaryň hasabyna peýdany alýan wagtynda, ITC bolsa umumy gymmata ululygy goşmaýan, üpjün etmeleriň logistik zynjyrynda çykdajylary azaltmagyň hasabyna satyn alyş bahalarynyň (fermerlere has peýdaly bahalaryň teklip edilýändigine garamazdan) peselmegi sebäpli peýdany alýarlar.

2000-nji ýylyň iýunynda döredilen e-Choupal taslamasy häzirki wagtda Hindistanyň oba ýerlerinde işleýän Internet-taslamalaryň ählisiniň içinden iň ulusy bolup durýar. Bu gün e-Choupal taslamasynyň hyzmatlaryny 3,5 milliondan gowrak fermer ulanýar, olar ösdürilip ýetişdirilýän oba hojalyk ekinleriniň (soýa, kofe, bugdaý, tüwi, noýba, leňňeç) assortimentini artdyrýarlar, olar 38,500 obalarda ýaşaýarlar, 9 ştatda (Madýa Pradeş, Harýana, Uttarahand, Karnataka, Andra Pradeş, Uttar Pradeş, Maharaştra, Rajastan we Kerala) 6500-e golaý kiosk ýerleşýär.

Bu Internet-kiosklaryň (e-Choupal) gurnalmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly problemalar, esasan, zerur infrastrukturanyň ýoklugyndan ybaratdyr, ol öz içine elektrikiüpjünçiligini, aragatnaşyk torlarynyň elýeterliligini we onuň goýberijilik mümkinçiliklerini alýar. Hindistanyň oba ýerleriniň daşda ýerleşen we elýeterli bolmadyk oblastlarynda ýaşaýan fermerleriň arasynda Internedi ulanmagyň başarnyklarynyň başdaky ýaýradylyşynda hem kynçylyklar ýüze çykýarlar.

Çeşme: Şu resminamalardan gaýtadan işlenildi: OneChoupal. “e-Choupal Internet-kiosklary barada informasiýa”, ITC Limited, http://www.echoupal.com; we “e-Choupal: Hindi fermerleriniň mümkinçiliklerini giňeltmek”, ITC Limited, http://www.itcportal.com/rural-development/echoupal.htm.

## Oýlanmak üçin soraglar

Internet-kiosklar (e-Choupal) taslamasynyň üstünligine hemaýat beren faktorlar Siziň pikiriňizçe haýsylar? Şuňa meňzeş taslama Siziň ýurduňyzda şowly bolarmy? Näme üçin hawa we näme üçin ýok?

Fermer jemgyýetçiligine göni goldawy üpjün etmek ýaly möhüm faktor bolup oba hojalygyny alyp barmak ulgamyny guramak, ylmy barlaglarda we ösüşde potensialy güýçlendirmek, ÖMMD-ä ýetmek ugrunda işleýän döwlet we oba hojalyk wezipeli adamlaryň ukyplaryny gowulandyrmak we bilimlerini ýokarlandyrmak hem çykyş edýär. Bitewi penjire ýörelgesi boýunça döredilen Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde oba hojalygyny ösdürmäge hemaýat bermek boýunça informasion webresurs (Knowledge Networking for Rural Development in Asia/Pacific Region – ENRAP) oba hojalyk ylmy barlaglarynyň we ösüşiň oblastynda aýratyn we kollektiw potensialy döretmek boýunça döwlet, şeýlede hususy oba hojalyk guramalaryna kömegi berýär.

## Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde oba etraplaryny ösdürmegiň bähbitlerine gönükdirilen bilimler toruny döretmek

AÝSOÖBT (ENRAP) maksatnamasy Oba hojalyk ösüşiniň halkara Gaznasynyň (OHÖHG) we Ösüşiň halkara ylmy-barlag merkezi (ÖHYBM) arasyndaky hyzmatdaşlygyň miwesi bolup durýar, onuň maksady AÝSOÖBT tarapyndan Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde goldanylýan oba hojalygyny ösdüriş taslamalary üçin global informasion resurslara elýeterliligi almak we bilelikde ulanmak mümkinçiliklerini bermek bolup durýar. Häzirki wagtda maksatnama ösüşiň üçünji tapgyryndadyr, ol 2010-njy ýyla çenli amala aşyrylar. OHÖHG taslamasynyň maksatlaryna we meselelerine laýyklykda bahalandyrmak, dolandyrmak we bilimleri ýaýratmak oblastlarynda AÝSOÖBT professional derejäni ýokarlandyrmagy üpjün edýär. Informasiýany ýaýratmagyň taslamasynyň potensial ulanyjylaryna taslamanyň we olaryň hyzmatdaşlarynyň işgärler düzümini degişli edip bolar, olar gös-göni oba hojalyk jemgyýetçilikleri bilen işleýärler we bazalaýyn bilimlerini birleşdirmäge we sistemalaşdyrmaga kömek berýärler. Taslamanyň OHÖHG taslamalarynyň ähli gatnaşyjylarynyň arasynda informasiýany ýaýratmak medeniýetini ýokarlandyrmak maksady hem bar.

AÝSOÖBT maksatnamasy oba ýerlerinde aragatnaşyklary goldamagy we informasiýany alyş-çalyş etmegi üpjün edýän strategiýalary, tehnologiki prosesleri, usulyýetleri we tehnologiýalary işläp düzmek, hem-de bolsa geljekki işleri meýilnamalaşdyrmak üçin maslahat bermeleri işläp düzmek bilen meşgul bolýar. Maksatnama ýerli, döwlet we halkara derejelerde informasiýany alyş-çalyş oblastynda we Internet-amaly maksatnamalary oblastynda ylmy barlaglary we

işläp düzmeleri maliýeleşdirýär. Aýratyn üns aşaky derejede maksatnama gatnaşmagy höweslendirýän usullara we praktiki çözüwlere berilýär. Ýerli elektron informasion býulletenler, oba hojalyk bazary boýunça informasiýalary ýaýradýan çeşmeler we bilelikdäki elektron kitaphanalar AÝSOÖBT maksatnamasynyň çäklerinde maliýeleşdirilýän taslamalaryň şowly mysallary bolup gulluk edip bilerler.

AÝSOÖBT maksatnamasy Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde taslamalaryň aýratyn toparlaryny birleşdirýär. AÝSOÖBT maksatnamasyna gös-göni gatnaşmaýan beýleki ýurtlar AÝSOÖBT maksatnamasynyň Internet saýtyndaky (http://www.enrap.org) mugt okuw materiallaryny, resminamalary, maglumatlar bazalaryny, tehniki maslahat bermeleri ulanyp bilerler, hem-de bolsa AÝSOÖBT Internet saýtynda işçi informasiýasyny ýerleşdirip bilerler. Geljekde Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde OHÖHG-iň ähli taslamalary AÝSOÖBT-iň işine gatnaşarlar hem-de informasiýany we bilimleri alyş-çalyş ulgamyna öz goşandyny goşarlar diýlip göz öňünde tutulýar.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi: Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde oba hojalygyny ösdürmek üçin informasiýany alyş-çalyş Maksatnamasy. OHÖHG, ÖHYBM, http://www.enrap.org/index.php?module=htmlpages&func=display&pid=5.

## Oýlanmak üçin soraglar

Milli oba hojalyk ulgamlaryny ösdürmäge kömek bermek üçin haýsy başga global resurslar we halkara guramalary bar? Siziň ýurduňyzyň/sebitiňiziň bähbitlerine laýyk gelýän guramalar Size bellimi?

## Netijeleri jemlemek

- IKT-ä maýa goýum bilen ykdysady öndürijiligiň arasynda göni baglanyşygy tassyklaýan ýeterlik şaýatnamalar bar
- Kiçi we orta kärhanalaryň IKT-ni ulanmagy olaryň ykdysady görkezijileriniň gowulanmagynygy görkezdi, bu aragatnaşyga we operasion çykdajylara harç etmeleriň azalmagynda şöhlelendi, ätiýaçlyklary dolandyrmakda netijeliligi gowulandyrdy, hem-de bolsa dünýä bazarlaryna elýeterliligi üpjün etdi, şunuň bilen girdejileri we öndürijiligi ýokarlandyrdy.

- IKT-niň garyplygyň derejesini peseltmäge gönükdirilen göni täsiri ilatyň garyp gatlaklaryna bazarlara we bazar informasiýasyna elýeterliligi ýeňilleşdirýär.
- Beýle çäreler döwet maksatnamalary, döwlete degişli bolmadyk guramalaryň taslamalary, hem-de bolsa hususy sektoryň sosial jogapkärçiliginiň korporatiw taslamalary görnüşinde amala aşyrylyp bilnerler.

Praktiki gönükme

Siziň ýurduňyzda durmuşa geçirilýän we şu oblastlara gönükdirilen jemgyýeti ösdürmek taslamalaryna serediň: (i) kiçi we orta biznesiň kärhanalary; (ii) garyp jemgyýet gatlaklary (meselem, şäher harabalary). Eger-de beýle taslamalarda olar ulanylýan bolsa, onda IKT-leriň roluny kesgitläň.

## 3.2 IKT we bilim

### Maksat № 2 - Ähllumumy başlangyç bilimi üpjün etmek

**Mesele 3:** 2015-nji ýylda bütin dünýäde çagalarda – oglanlarda hem, şeýlede gyzlarda hem - başlangyç mekdep bilimini doly göwrümde alar ýaly mümkinçiligiň bolmagyy üpjün etmek.

Bilime bolan hukuk, iň azyndan, adamyň fundamental hukuklarynyň biri hasaplanylýar, sebäbi bilim garyplyk we jemgyýetdäki deňsizligiň beýleki görnüşleri bilen göreş oblastynda derwaýys zerurlyk bolup durýar. Emma sosial we ykdysady deňsizlik dünýäde çagalaryň uly böleginiň öz fundamental hukugyndan peýdalanyp bilmeýän ýagdaýyny döretdiler. Ösýän ýurtlar üçin, olaryň resurslarynyň çäkliligini hasaba almak bilen, jemgyýetiň ähli gatlaklary üçin hilli bilimi bermek uly problema bolup durýar, resurslaryň çäkliligi bilim babatynda, beýlekilerden başga, okuw otaglarynyň, okuw kitaplarynyň we mugallymlaryň ýetmezçiliginde aňladylýar.

IKT bu kynçylyklary ýeňip geçmekde möhüm roly oýnaýar. Has anyk aýdanyňda, IKT mekdeplere we bilim resurslaryna elýeterliligi üpjün etmäge, okatmagyň we öwrenmegiň hilini gowulandyrmaga, ýolbaşçylygyň we sapak bermegiň netijeliligini ýokarlandyrmaga ukyplydyrlar (seret, Tablisa 6).

Tablisa 6. Bilimde IKT-ni ulanmagyň mümkinçilikleri we artykmaçlyklary

| Mümkinçilikler | Artykmaçlyklar |
|---|---|
| Ýerleşişine bagly bolmazdan ýokary hilli okuw materiallaryna elýeterlilik | Islendik ýerde işlenilip düzülen islendik okuw materiallary islendik ýerde hem elýeterli bolup bilerler |
| Okuwçylaryň arasyndaky aragatnaşyk | Bilelikdäki okuw |
| Interaktiwlik | Tor bilen baglanyşykly bolan IKT okadylýanlaryň arasynda, hem-de bolsa mugallymlaryň we okuwçylaryň arasynda özara täsire mümkinçilik berýär |
| Giňişlik boýunça çäklendirmeleriň aradan aýrylmagy | Uly aralyklar, izolirlenen bolmaklyk bilimiň hilini ýa-da okatmaga çykdajylary kesgitlemek üçin indi aýgytlaýjy faktorlar bolmaýarlar |
| Bilim prosesini guramak | Okuwa kabul etmegi, bahalandyrmagy we sertifikatlaşdyrmagy guramak okatmaga administratiw çykdajylary peseldip bilerler |

IKT garyplyk, fiziki çäklendirme, geografiki ýerleşiş, jyns, konfliktler, professional borçlar ýa-da medeni çäklendirmeler ýaly sebäpler boýunça mekdebe barmaga mümkinçiligi bolmadyklar üçin bilime elýeterliligi bermekde eýýäm ulanylyp bilnerler we ulanylýarlar. Meselem, HHR we Meksika ýaly ýurtlarda telewideniýe we radio daş sebitlerde ýaşaýan çagalar we ýaşlar üçin sapaklary alyp barmakda ulanyldylar. Erkek jyns agalyk edýän jemgyýetlerde tehnologiki innowasiýalar gyzlar we aýallar üçin bilimi berýän aýal-gyzlar mekdeplerini guramagyň gymmat däl serişdesi bolup durýarlar. Bangladeşde, Hindistanda, Päkistanda we Şri-Lankada ilatyň ýoksul gatlaklaryna başlangyç we orta bilime elýeterliligi üpjün etmek üçin mekdepler açyldylar, olar dürli çap edilen materiallardan başlap, audio we wideo materiallara we elektron okadylyşa çenli, dürli IKT-ler bilen synaglary geçirdiler.

## Açyk mekdepde okadylmagyň Milli instituty, Hindistan

Hindistanyň açyk mekdepde okadylmagyň Milli instituty (HAMOMI, National Institute of Open Schooling – NIOS) baza bilimiň hyzmatlaryny berýär, geçiş kurslaryny geçirýär we 1,5 milliondan gowrak ýaş adamlara orta bilimi berýär. Aýratyn üns birinji nesliň (ýagny, formal bilimden artykmaçlyklary almak üçin maşgalalardaky birinji çagalara) okuwçylarynyň biliminiň hiline; fiziki, aň taýdan ýetmezçilikleri we görüş boýunça çäklendirmeleri bolanlara; hem-de jemgyýetiň gowşak goralan gatlaklaryndan bolanlara berilýär.

Okuw kurslary çap edilen görnüşde, audio-wideo ýazgylary görnüşinde hem-de Internediň üsti bilen gös-göni elýeterlilik režiminde elýeterlidirler. HAMOMI häzirki wagtda Hindistanyň territoriýasynda hem, şeýle-de daşary ýurtda hem, departamentleriň, sebitleýin merkezleriň we akkreditirlenen edaralaryň (okuw merkezleriniň) torunyň üsti bilen elýeterlidir. Eger-de döwletiň mugt mekdepleriniň ulgamyna seretseň, onda bu tor dünýäde mugt bilimiň iň uly ulgamy bolup durýar. Ulgam Hindistana “ählumumy bilimi’ üpjün etmek maksadyna ýetmekde kömek bermäge gönükdirilendir.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi: Açyk mekdepde okadylmagyň Milli instituty, http://www.nios.ac.in.

## Praktiki gönükme

Günorta Aziýadaky açyk mekdeplere meňzeş başlangyçlar barada Siziň ýurduňyzda ýa-da daşary ýurtlarda informasiýany Internetden gözläň. Bu başlangyçlaryň näme umumylyklary bar? Olaryň arasyndaky tapawutlar nähili? Bilimiň hili baradaky soragy olar nähili çözýärler?

SchoolNets taslamasy mekdeplerde bilim bermegiň hilini ýokarlandyrmak üçin ýörite niýetlenilen, IKT-ni ulanýan çemeleşme bolup durýar. SchoolNets taslamasy sapak bermegiň we okatmagyň hilini ýokarlandyrmak oblastynda bilelikdäki işi we hyzmatdaşlygy guramak üçin IKT-ni ulanýan mekdepleriň topary bolup durýar. SchoolNets taslamasy Afrikada işe goýberildi, ol ýerde mekdepleriň

hyzmatdaşlygyny we netijeli işini guramakda ýiti zerurlyk bardy, bu taslama Günorta Aziýada hem işe goýberildi, ol ýerde bu ulgam halkara guramalary tarapyndan işeňňir goldanyldylar. Ýuwaş okean sebitinde SchoolNets programmasynyň peýda bolmagy adatça bu hilli tagallalaryň ýany bilen ýüze çykýan potensial hem, şeýe-de mümkin bolan ýalňyşlar barada şaýatlyk edýär.

## School Net maksatnamasy we Günorta-Ýuwaş okean sebiti üçin Jemgyýetçilik Elýeterlilik Modeli, Samoa

Samoada SchoolNet maksatnamasy we Jemgyýetçilik elýeterliligi üçin guramanyň Taslamasy Samoanyň hökümetiniň başlangyjy bolup durýar, bu maksatnama Aziýanyň Ösüş Bankynyň maliýe goldawy arkaly amala aşyrylýar we onuň maksady mekdeplerde we degişli jemgyýetçilik toparlarynda IKT-ni ornaşdyrmagyň pilot modelini işe goýbermekdir.

Taslama kompýuterler, nusga alyjy maşynlar, kameralar, DVD-oýnaýjylar, çap edijiler, Internede birikdirilmek, faks we multimediýa proýektorlary we başgalar bilen enjamlaşdyrylan okuw merkezlerini mekdeplerde guramagy göz öňünde tutýar. Mugallymlar we okuwçylar Okuw Merkeziniň mümkinçiliklerini adaty okuw prosesinde ulanmalydyrlar. Hut şu tehniki serişdeler ýerli ýaşaýjylara telekeçilik girdejisini getirmek üçin tölegli esasda wagtlaýyn berlip bilnerler. Bu shema Okuw Merkezlerine maliýe kömegini bermegi göz öňünde tutýar. Taslamanyň çäklerinde mekdep hünärmenleri bilen degişli mekdep komitetleriniň arasynda hyzmatdaşlyk hem gowulandyryldy.

Vaitele Uta başlangyç mekdebi Samoada we tutuş Günorta–Ýuwaş okean sebitiniň SchoolNet mekdep torunyň taslamasyna birigen birinji mekdepdir. Soňra umumy mekdep toruna Vaimauga we Lepa/Lotofaga kollejleri birikdiler. Ondan soňra tora Sawaýidäki Amoa we Mataaevave kollejleri birikdiler.

Birikmegiň modeli maglumatlary gaýtadan işlemegiň merkezleriniň (data center) üsti bilen giň zolakly simsiz birikmegiň we telefon liniýalary boýunça kommutirlenen birikmegiň gibridi bolup durýar. Samoanyň hökümeti tarapyndan IKT barada aragatnaşyk sektoryny düzgünleşdirilmegi we 3-nji nesliň simsiz aragatnaşygyna täze ygtyýarnamalary bermegi üpjün edýän täze kanunçylygyň öz wagtynda kabul edilmegi berilýän IKT-hyzmatlaryň we aragatnaşygyň hilini has-da gowulandyrar. Simsiz birikmeleriň has-da giň ýaýramagy örän möhüm bolup

duryýar, sebäbi olary dikeltmek deňeşdirip alanyňda gymmat däldirler, tutuş ýurt boýunça ýeňil ýaýradylýarlar hem-de Samoaýň geografiki ýerlerine gowy laýyk gelýärler.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi: "SchoolNet Samoa", Aziýanyň Ösüş Banky, http://www.adb.org/Projects/project.asp?id=36513.

## Oýlanmak üçin soraglar

Siziň pikiriňizçe mekdepleriň arasyndaky, mekdeplerden jemgyýetçilige aragatnaşygy guramagyň artykmaçlyklary nämeler? Siziň ýurduňyzda beýle strategiýa bilime elýeterliligi gowulandyrmaga, hem-de bolsa onuň hilini ýokarlandyrmaga nähili derejede ukyply bolar?

IKT-ni ulanmagyň kompýuter sowatlylygynyň minimal derejesini göz öňünde tutýandygy sebäpli, ilkibaşlarda IKT-ni ulanmak bilim beriş sektorynda ýokary bilimi goldamagyň instrumental serişdesi hökmünde öňe sürüldi.

Distansion bilim, hususan-da, aýratyn hem köp ilatly ýurtlarda, ýokary bilimiň elýeterliligini artdyrdy. Häzirki wagtda distansion bilimiň maksatnamalary real režim wagtynda, elektron okadylyş režimi diýlip atlandyrylýanda berilýärler. Emma sifrleýin deňsizlik bu hilli maksatnamalara hat-da maliýe serişdeleri, infrastrukturasy we IKT-ni ulanmagyň başarnyklary bolanlar üçin hem elýeterliligi çäklendirýär. Hut şu ýetmezçiligi aradan aýyrmak üçin Hyzmatdaşlygyň uly bolmadyk döwletleri, aýratyn hem Ýuwaş okean sebitinde ýerleşenleri, deňze çykalgasy bolmadyk döwletler bilen wirtual uniwersiteti döretmek barada talaby emele getirmek üçin alýans döretdiler, onuň esasy meselesi häzirkizaman tehnologiýalarynyň kömegi bilen bu döwletleriň problemalaryny çözmek bolup duryýar. Netjede Hyzmatdaşlyga gatnaşyjylar – kiçi döwleter üçin wirtual uniwersitet döredildi (Virtual University for Small States of the Commonwealth - VUSSC).

## Kiçi döwletler – Hyzmatdaşlygyň gatnaşyjylary üçin wirtual uniwersitet

VUSSC uniwersiteti 2005-nji ýylda Hyzmatdaşlyga gatnaşylaryň-ýurtlaryň bilim ministrleriniň maslahat bermegi boýunça esaslandyryldy. VUSSC başlangyjynyň agzalary 30 ýurtdur, olar ştab-kwartirasy Wankuwerde, Kanadada ýerleşýän "Öwrenmekligiň Arkadaşlygy" (Commonwealth of Learning - COL) halkara guramasy tarapyndan utgaşdyrylýar.

VUSCC syýahatçylyk, telekeçilik, professional ösüş, tebigy betbagtçylyklara gözegçilik ýaly ýöriteleşen oblastlarda, hem-de olardan başga-da, tehniki we professional dersleriň birnäçesinde orta bilimi bolan adamlar üçin bilim beriş kurslaryny guramaga öz tagallalaryny jemleýär. Islendik ýurduň anyk şertlerine ýeňillik bilen uýgunlaşdyrylyp bilinýän, elektron görnüşde saklanylýan mugt okuw materiallary, VUSCC başlangyjynyň agzalarynyň-ýurtlarynyň ýokary okuw jaýlarynda kreditler ulgamyna esaslanan okadylyşda kär derejesini almak üçin ulanylýarlar. Bu olaryň bilim potensialyny gowulandyrmaga we sosial soraglary çözmäge mümkinçilik berýär.

Açyk bilim beriş resurslaryny döretmek uly taslama bolup durýar, ol bar bolan okuw materiallaryny ulanýar, olar tizden Internet arkaly elýeterli bolarlar.

VUSSC-iň giň gerimli üstünligi entek öz bahalandyrylmagyna garaşýar. Emma entek onuň durmuşa geçirilmeginiň şeýle ir tapgyrynda hem VUSSC-iň sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmaga kömek berýändigi hem-de kiçi ýurtlaryň hem dünýä ösüşiniň işeňňir gatnaşyjylary we IKT-ni innowasion ulanmagyň hasabyna bilimi reformirlemegiň prosesinde liderler bolmaga ukyplydyklary barada mysal bolup biljekdiklerini aýtmak bolar.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi: "Hyzmatdaşlyga gatnaşyjylar–kiçi döwletler üçin wirtual uniwersitet (VUSSC)", Öwrenmekligiň Arkadaşlygy, http://www.col.org/colweb/site/cache/offonce/pid/100; we Öwrenmekligiň Arkadaşlygy Karib sebitinde. Öwrenmekligiň Arkadaşlygy, http://www.col.org/colweb/site/cache/offonce/pid/3512.

## Oýlanmak üçin soraglar

VUSSC uniwersiteti uzak möhletleýin başlangyç bolup durýar, ol onuň gatnaşyjylarynyň arasynda giň hyzmatdaşlygy göz öňünde tutýar. Hyzmatdaşlygyň bu görnüşi üstünligiň ähli şansyna eýedir, emma ol hem şowsuzlyga getirip biljek kynçylyklaryň köpsanlysy bilen duçar bolýar. Haýsy faktorlar, Siziň pikiriňizçe, bu başlangyjyň üstünligine hemaýat berýärler?

Nädogry dolandyrylanda ony şowsuzlyga getirip biljek haýsy töwekgelliklere taslama duçar bolýar?

Bilimiň başga, IKT-niň giň ulanylyp bilinjek oblasty formal däl bilimdir (FDB). Häzirki wagtda FDB üznüksiz bilimiň konsepsiýasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar, onuň çäklerinde ýaşlar hem, uly adamlar hem üznüksiz üýtgeýän dünýäde öz professional derejesini ýokarlandyryp we goldap bilerler. Ösýän ýurtlarda FDB-iň esasy komponenti bazalaýyn sowatlylygy ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalar bolup durýarlar, hem-de bu maksatnamalaryň köpüsi instruktor tarapyndan klaslarda okuwçylara gös-göni okadylýar. Emma bu ýagdaýyň üýtgeýändigi barada subutnamalar bar.[18]

## Birinji halk tory, Süleýman adalary

Birinji halk tory, Süleýman adalary (People First Network - PFnet) ol daşlaşan ilatly punktlar üçin formal däl we üznüksiz bilimi bermekde IKT-ni ulanmagy demonstrirleýän Süleýman adalaryndaky taslama bolup durýar. PFnet hereket edýän aragatnaşyk ulgamydyr. Bu taslamada Günorta-Ýuwaş okean Uniwersiteti Sasamungga, Choiseul oba ilatly punktlarynda Pfnetiň bazalaýyn şlýuz stansiýasyny, hem-de bolsa degişli mekdeplerde gün batareýalaryndan energiýa alýan kompýuter merkezlerini gurady. Ýerli ýaşaýjylar kompýuter merkezinde başlangyç iňlis diini we umumy kabul edilen iňlis dilini öwrenmäge mümkinçilik aldylar.

Taslama gatnaşyjylar ony şowly hasap edýärler. Sasamung obasyndaky ýokary we başlangyç mekdepleriň tehniki işgärler düzümi we dolandyryjylary indi kompýuterlere elýeterlilige eýedirler. Ondan hem has möhüm zat, obanyň ýolbaşçylarynyň arasynda guramaçylyk we şahsy üýtgemelere syn edildi, sebäbi ýerli liderler özleriniň jemgyýet toparlarynda IKT-ni ulanmagyň möhümligine göz ýetirdiler.

---

[18] Seret, meselem, Tata Group, "Funksional sowatlylyk boýunça Tata korporasiýasynyň kompýuter maksatnamasy" (Tata Sons Ltd.), http://www.tataliteracy.com; hem-de Glen Farrell, IKT we sowatlylyk: Kime bähbitli? Zambiýanyň we Hindistanyň tejribesi (Wankuwer: Öwrenmekligiň Arkadaşlygy, 2004), http://www.col.org/colweb/site/pid/3104.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi: Oba sebitleriniň ösüşini üpjün etmek boýunça meýletinleriň Assosiasiýasy, Pipol Fastaem. BMGÖM we UNOPS, http://www.peoplefirst.net.sb

Ösýän ýurtlarda bilimde IKT-ni ulanmagyň möhüm oblasty mugallymlaryň professional taýýarlygy bolup durýar. IKT mugallymlaryň uly sanyny okatmagyň möhüm serişdesi bolup durýar, olar hem, öz gezeginde, ilatyň giň gatlaklaryny okatmak bilen meşgul bolýarlar. IKT-ni klaslarda ulanmagyň netijeliliginiň hut şolara baglydygy sebäpli, mugallymlar IKT-ni ulanmak bilen sapak bermegi alyp barmak üçin özlerinde pedagogiki hem, tehniki hem başarnyklary ösdürmelidirler. Bu aýratyn hem täze bilimler ykdysadyýetinde möhümdir, onda bilimiň maksady eýýäm bilimleriň we ylymlaryň fiksirlenen toplumyny diňe bir okatmak däl-de, eýsem "21-nji asyryň başarnyklaryny" – tankydy oýlanmagy, informasion sowatlylygy, problemalary çözmek ukybyny, hyzmatdaşlygyň başarnyklaryny öwretmegi, täze başarnyklary we bilimleri öwrenmek ukybyny, täze ýagdaýlarda bilimleri ulanmagy – ösdürmek bolup durýar.[19]

IKT-ni Singapurda bilim oblastynda ulanmagyň üstünligi, esasan, pedagogiki düzümi, hat-da kompýuterler olaryň mekdeplerinde entek goýulmanka hem, IKT bilen işiň başarnyklaryny üstünlikli öwretmeklige esaslandy. Butan Singapuryň Halkara Gaznasy bilen hyzmatdaşlyga başlady, ol öz ýokary okuw mekdeplerinde birnäçe okuw maksatnamalarynyň üsti bilen IKT-ni ulanmagyň başarnyklaryny öz mugallumlaryny regulýar öwretmegi gurady. Bu tagallalar mekdeplerde kompýuter enjamlaryny dikeltmek bilen parallellikde alnyp baryldy, bu mugallymlara IKT-ni ulanmak bilen sapaklary alyp barmaga mümkinçilik berdi. Mugallymlary okatmagyň birinji tapgyry tamamlanandan soňra, ikinji tapgyr bakalawrlary okatmagyň okuw meýilnamalaryna IKT-ni girizmegi göz öňünde tutýardy.[20] Nepalda we Bangladeşde mugallymlara, hemme ýerlerde bolşy ýaly, kompýuterlerden başlap, sifrleýin kameralara çenli, tehnologiýalaryň birnäçesini ulanmak öwredildi.[21] Meňzeş taslamalar Mongoliýa[22] we Samoa[23] ýaly biri-birlerinden tapawutlanýan ýurtlarda eýýäm amala aşyrylýarlar. Tapawutlara

---

[19] Wadi D. Haddad we Alexandra Draxler, redaktorlar, Bilim üçin Tehnologiýalar: Potensiallar, Parametrler we Perspektiwalar (Pariž: UNESCO we Waşington, K.O.: AED, 2002), 7, http://unesdoc.unesco.org/images/0011/001191/119129e.pdf.

[20] Philip Wong, "Butanda 'Mugallymlaryň Bilimini goldamak' Taslamasy" , Mugallymlaryň Biliminde IKT: Aziýa-Ýuwaş okean sebitlerindäki praktiki mysallary öwrenmek, redaktor Ellie Meleisea (Bangkok: UNESCO, 2007), 3-9, http://www.unescobkk.org/index.php?id=7035.

[21] Sarah Lucas Pouezevara we Binita Parajuli, "Nepalyň obalarynda başlangyç mekdebiň mugallymlaryny kämilleşdirmekde wideo tehnologiýalaryny ulanmak", Mugallymlaryň Biliminde IKT: Aziýa-Ýuwaş okean sebitlerindäki praktiki mysallary öwrenmek, redaktor Ellie Meleisea (Bangkok: UNESCO, 2007), 62-73, http://www.unescobkk.org/index.php?id=7035.

[22] Şol ýerde.

[23] Şol ýerde.

garamazdan, mugallymlary IKT oblastynda netijeli okatmak ulgamy we bitewi okuw maksatnamasy bolmasa, bilim reformasynyň uly komponenti amala aşyrylyp bilinmez diýlip umumy ykrar edilme bardyr.

Bütin dünýäde IKT-niň bilime täsiri diňe biznesi alyp barmagyň täsirinden pes gelýär. Döwlet masştabynda tagallalaryň giň syny hem IKT-ni bilimde ulanmagyň giňelýändigini hem, şeýle hem köpdürlidigini hem görkezýär. Bilim ulgamyny ösdürmek we meýilnamalaşdyrmak üçin jogap berýän hünärmenler, öň IKT boýunça örän müňkürlik bilen, ynanmaýan pikirleri bolsalar hem, häzirki wagtda IKT-niň bilimiň elýeterliligini ýokarlandyrmaga haýsy görnüşde ukyplydygyny, munuň näçä durjakdygyny, bularyň hemmesiniň bilimiň hiline nähili täsir etjekdigini bilmek isleýärler.

IKT-niň bilim ulgamynyň duçar bolýan ähli problemalaryndan melhem bolup durmaýandygyny düşünmek möhümdir. Onuň üstesine-de, haçan-da IKT syýasatda we bilim beriş prosesiniň tejribeliginde ulgamlaýyn reformalar bilen bilelikde ornaşdyrylanda IKT-niň potensial artykmaçlyklary has netijeli amala aşyrylýarlar. Okuw prosesiniň hakyky üstünlikleri we ondaky gowulandyrmalar diňe nazaryýetden başlap, tejribeçilige çenli, bilimiň ähli elementlerine üýtgemeler girizilen, haçan-da mugallymlaryň we okuw prosesiniň ähli beýleki gatnaşyjylarynyň tagallalary birikdirilen ýagdaýynda mümkindir.

## Netijeleri jemlemek

- IKT-ler bilime elýeterliligi ýeňilleşdirmek we okuwy dowam etdirmek, hem-de bolsa okuw jaýlarynda bilimiň hilini ýokarlandyrmak üçin ulanylyp bilnerler.
- IKT dürli mekdeplerde öwrenijileriň we mugallymlaryň arasynda düşünişmegi we hyzmatdaşlygy gowulandyrmaga ukyplydyr, bu okuw prosesini has gyzykly we netijeli edýär.
- Mugallymlary okatmak bilim sferasynda IKT-ni ulanmagyň has möhüm oblastlarynyň biri bolup durýar.
- IKT formal däl bilim oblastynda giňden ulanylýar, aýratyn hem saglygy goraýyş, iýmit we daşky gurşawy goramak oblastlarynda sowatlylygyň we umumy bilimiň derejesini ýokarlandyrmak üçin, bu ýaşaýşyň derejesini ýokarlandyrmaga alyp barýar.

Praktiki gönükme

Bar bolan praktiki ylmy barlaglaryň netijesinde IKT-niň bilime elýeterliligi giňeltmek we SchoolNets ýaly hyzmatdaşlyk torlaryny giňeltmek üçin ulanylyp bilinjekdigi aýdyň bolýar, bu bolsa bilimiň hilini ýokarlandyrmagy üpjün edýär. Emma ilatyň garyp gatlaklarynyň arasynda sowatlylygyň minimal derejesi barka IKT-ni ulanmak mümkinçiligi barmydyr? Siziň ýurduňyzda we daşary ýurtlarda IKT-ni bu ugurda ulanmagyň meňzeş synanyşyklary ýerine ýetirilen islendik eksperimentleri ýa-da taslamalary tapmaga we ara alyp maslahatlaşmaga synanyşyň.

## 3.3 IKT we gender deňligi

### Maksat № 3 - Erkekleriň we aýal-gyzlaryň deňligini höweslendirmek hem-de aýal-gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek

**Mesele 4:** Başlangyç we orta bilim sferasynda jynslaryň arasyndaky deňsizligi gowusy 2005-nji ýyla çenli, 2015-nji ýyldan gijä galman bolsa – bilimiň ähli derejelerinde ýok etmek

Gender deňligi – bu diňe bir aýallaryň we gyzlaryň problemasy däldir. Ýeriň ilatynyň ýarysynyň diýen ýaly hukuklary we mümkinçilikleri entek kemsidilýän bolsa, onuň netijesinde bu adamlar jemgyýetiň durmuşyna doly bahaly goşant goşmaga ukyply däldirler, iň gowy ýagdaýda sosial-ykdysady ösüş deňölçegli bolmazygyna galar.

Dünýäde bu resmi taýdan ykrar edilen faktdyr, sebäbi gender deňsizligi ÖMMD-ä goşulandyr. Emma entek hem çözüwleri kabul etmek we olary praktiki taýdan amala aşyrmak babatynda aýdyňlygyň ýoklugy saklanyp gelinýär. Jemgyýetiň ösüşini höweslendirýän köp maksatnamaar we taslamalar gender deňsizligine ähmiýet bermezligi dowam edýärler, IKT-ni ulanmak taslamalary hem bu kadadan çykma däldirler. Halkara ösüş boýunça Şwed Agentliginiň barlaglarynyň netijelerine görä[24], köp oblastlarda IKT-ni ulanmagyň garyplygy ýeňip geçmäge hemaýat berýän wagtynda, IKT oblastyndaky taslamalaryň köpüsi umumy

[24] Alan Greenberg, Garyplygy azaltmak üçin IKT-ler: Esasy gural we sektory ösdürmek (Stokgolm: Halkara Ösüşi boýunça Şwed Agentligi, 2005), http://www.sida.se/sida/jsp/sida.jsp?d=118&a=3607&language=en.

kategoriýa hökmünde “ilatyň garyp gatlaklaryna” gönükdirilendiler, olar aýallara degişli aspektlere zerur bolan ünsi bermeýärler.[25] Netijede beýle taslamalar aýallaryň bähbitlerini hasaba almaýarlar. Bu sorag aýratyn problema bolup durýar, sebäbi IKT sosial durmuşa gatnaşmagyň we ykdysady öndürijiligi ýokarlandyrmagyň esasy guralyna öwrülýär, hem-de aýallaryň IKT oblastynda bilimlere we başarnyklara eýe bolmak mümkinçiliginiň bolmazlygy olaryň marginallaşmagyny (ýoksullaşmagyny) has hem beter çuňlaşdyrýar.

IKT aýallara peýdany göni berip bilerler, onda aýallar öz statusyny ýokarlandyrmak üçin tehnologiýalary ulanýarlar, şeýle hem gytaklaýyn berip bilerler, onda tehnologiýalar aýallara informasiýany we hyzmatlary bermegiň netijeliligini ýokarlandyrnak üçin ulanylýarlar. IKT ykdysady artykmaçlyklara elýeterliligi ýapýan sosial we medeni päsgelçiliklerden aýlanyp geçmek bilen, aýallara elektron telekeçilige göni gatnaşmaga mümkinçilikleri, bilime elýeterliligi almagy, Internediň kömegi bilen döwlet dolandyryşyny amala aşyrmagy teklip edýär. IKT-ni ulanmak aýallaryň toparlarynyň arasynda aýallara öz hukuklaryny goramak boýunça kampaniýalary guramaga mümkinçilik berdi, hem-de öz garaýyşlaryny aňlatmak we aýallaryň problemalaryna düşünmegiň derejesini ýokarlandyrmak üçin täze kommunikasion forumyň üsti bilen olaryň jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşmagyny giňeltdi.

IKT-ni ulanmak boýunça gender deňsizligi baradaky maglumatlar Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ýurtlarynyň köpüsinde ýok. Emma IKT-ä elýeterlilik almak üçin aýallaryň duçar bolýan päsgelçilikleriniň köpüsiniň olaryň bilime ýa-da islendik görnüşli ykdysady eşretlere elýeterliligi almakda duçar bolýanlary ýalylardygy gowy bellidir – olar öz içine sowatsyzlygy we informasiýanyň ýoklugyny, garyplygy, wagtyň ýoklugyny, ynamyň ýoklugyny, öz-özüňe baha bermegiň pesligini, mobilligiň derejesini çäklendirýän sosial-medeni kadalary alýarlar. Aýallaryň IKT-ä elýeterliligini guramakdaky beýleki päsgelçilikleri üç kategoriýa bölüp bolar: ýerliklilik, elýeterlilik we ulanmak mümkinçiligi. Eger-de ulanmak olaryň ýaşaýşa gerekli serişdeleri we beýleki problemalary bilen göni baglanyşykly bolmasa, hem-de haçanda bu proses olaryň bilimlerini, erudisiýasyny we tejribesini ulanmasa, aýallar tarapyndan IKT-ni ulanmak kynlaşýar. Ylmy barlaglaryň netijeleri IKT-ni ulanmagyň mazmun bölegi entek olaryň durmuşy

[25] Anita Dighe we Usha Vyasulu Reddi, Aýallaryň Sowatlylygy hem-de Informasion we Kommunikasion Tehnologiýalar : Tejribäniň bize öwreden sapaklary (Nýu-Deli: Arkadaşlygyň Aziýa üçin Bilim Mediýa Merkezi we Öwrenmekligiň Arkadaşlygy, 2006), 33, http://www.cemca.org/CEMCA_Womens_Literacy.pdf.

bilen göni baglanyşmasa, olaryň IKT-ä zerurlygy we olardan bähbitleri duýmajakdyklaryny görkezýärler.[26]

IKT-niň göni täsiriniň has belli mysaly Bangladeşdäki Grameen Phone taslamasy bolup durýar, onuň netijesinde aýallara ýaşaýşa gerekli serişdeleri almakda we olary gowulandyrmakda kömek berildi.

### Grameen Phone taslamasynyň taryhy, Bangladeş

Oba telefony (OT- Village Phone - VP) original ideýa bolup durýar, ol Bangladeşdäki garyp adamlara häzirkizaman telekommunikasion hyzmatlaryny bermekden ybaratdyr. Grameen banky, Bangladeşiň garyp oba ýaşaýjylaryna girewsiz karz pullary bermek bilen dünýäde bellidir, ol Grameen Telecomdan oba telefony maksatnamasyny durmuşa geçirmekde örän möhüm roly oýnaýar, hususan-da, ol Grameen Telecom kompaniýasyna taslamanyň agzalary saýlanylanda, töleg ýygnalanda, her günki gündelik soraglar çözülende we ş.m. ýaly soraglarda guramaçylyk goldawyny üpjün edýär.

Maksatnamanyň şu aşakdaky meseleleri bar:

- Bangladeşiň ähli oba etraplarynda telefon hyzmatlaryna ýönekeý elýeterliligi bermek;
- Ähli oba ýaşaýjylaryna gazanç etmek mümkinçiligini bermek;
- Informasion rewolýusiýanyň artykmaçlyklaryny ýuwaş-ýuwaşdan her oba ýaşaýjysyna ýetirmek (ýagny informasion tehnologiýalary ilatyň garyp gatlaklaryna çenli ýetirmek);
- Telefonlary garyplygyň garşysyna ýarag hökmünde ulanmak, sebäbi oba etraplaryny tutuş dünýä birikdirmek oba ilatynyň mümkinçiliklerini giňelder.

Grameen bankynyň bergileri yzyna bermek boýunça bank bilen hyzmatdaşlygyň gowy taryhyna eýe bolan, sowatly ýa-da okap we ýazyp bilýän çagalary ýa-da daryndaşlary bolan müşderisi özünde OT-nyň bolmagyna hukuk alýar. Operatoryň girdejisi abonent tarapyndan gepleşikler üçin tölenilen gymmatyň we berlen

[26] Sophia Huyer we Swasti Mitter, IKT-ler, Globallaşmak we garyplygy azaltmak: Bilim jemgyýetiniň gender ölçegleri – I bölüm. Garyplygy azaltmak, Gender deňsizligi we bilim jemgyýeti: Sifrleýin çykarma ýa-da Sifrleýin mümkinçilik? (Nýu-Ýork: Gender Maslahaty Edarasy, 2005), 19, http://gab.wigsat.org/partI.pdf.

hyzmatlar üçin çekiň, ol çeki operator tölemeli, hem-de bolsa müşderiniň girizmeli fiksirlenen töleginiň arasyndaky aratapawutdan emele getirilýär.

Maksatnama işlemegä başlady, sebäbi Bangladeş düzlük, garyp we gür ilatly ýurt bolup durýar, onda öýjükli telefonyň signaly aragatnaşygyň ýerüsti liniýalary bilen deňeşdireniňde uly aralyklara ýetýär we infrastruktura has az maýa goýumlaryny talap edýärler. OT operatorlary we dürli goşulyşan guramalar üçin ykdysady deliller ynandyryjy boldular: telefon gepleşikleri girdejä işleýärler, mikrokreditleri berýän guramalar alynýan göterimlerden girdeji alýarlar, OT operatorlary girdeji alýarlar, oba ýaşaýjylary bolsa telefon jaňlaryny bahasyny arzanlatma bilen amala aşyryp bilýärler, munuň ýaly mümkinçilik olarda öň ýokdy. Üstesine-de, derňewiň netijeleri bu häzirkizaman tehnologiýalaryň oba telefonyny ulanýan aýallaryň sosial ýagdaýyny gowulandyrandygyny görkezýärler, bu oba ýerlerinde ýaşaýan aýallara ep-esli kömegi berdi, olar indi döwlet we döwlete degişli bolmadyk guramalar tarapyndan berilýän hyzmatlara öz obasyndan ýönekeý telefon jaňlary ýoly arkaly elýeterlilik aldylar.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi: Oba telefony konsepsiýasy. Grameen Telecom korporasiýasy, http://www.grameentelecom.net.bd/vp.html; hem-de Oba telefony: tehnologiýalary we innowasiýalary birleşdirmek bilen. Grameen Gaznasy, http://www.grameenfoundation.org/what_we_do/technology_programs/village_phone.

## Oýlanmak üçin soraglar

Grameen Phone maksatnamasy ösýän dünýäniň beýleki böleklerinde hem synagdan geçirilip görüldi. Emma mobil aragatnaşygyna çalt azalýan çykdajylary hasaba alanyňda, hat-da garyp adamlaryň hem öz mobil telefonlaryny satyn almaga ukyply bolýan ýagdaýy ýüze çykýar, Siz nähili pikir edýärsiňiz, oba telefonynyň modeli geljekde hem bar bolup bilermi? Maksatnamanyň ýok bolup gitmezligini we giňelmegini üpjün etmek üçin haýsy çäreler talap edilerler?

IKT-niň aýallar üçin täze ykdysady mümkinçilikleri döredýändikleriniň fakty, aýratyn hem, Hindistan we Filippinler ýaly ýurtlarda, jaňlary gaýtadan işlemek merkezleri (call-merkezleri) we telefonda kömek liniýalary ýaly IKT-hyzmatlary sferasyna işçi güýji hökmünde çekilen aýallaryň uly sany bilen tassyklanylýar. Internediň üsti bilen iş (teleiş - telework) we elektron telekeçilik aýallara gös-göni

öýlerinden işlemäge mümkinçilik berdiler. IKT-ni ulanmak bilen şertlendirilen beýle mümkinçilikler eHomemakers Malaýziýa taslamasy ýaly ýagdaýda, haçan-da olar gös-göni aýallar tarapyndan taslamalaşdyrylanlarynda, işde ulanylanlarynda we dolandyrylanlarynda has hem şowly bolýarlar.

## Salaam Wanita, Malaýziýa

Salaam Wanita taslamasy Malaýziýada işgärleriň öýde eHomemakers toruny döretmek boýunça başlangyç bolup durýar, ol tor aýallaryň Internet jemgyýetçiligidir, başlangyç "IKT-ni ulanmagyň hasabyna gös-göni öýden işlemek, Internet arkaly işi, uly bolmadyk öý ofisini guramak (Small Office Home Office) konsepsiýasyny öňe sürýär".

Ilkibaşda eHomemakers taslamasy pes we orta derejeli girdejileri bolan ilatyň toparlaryndan bolan, çagalara seretmek üçin öýde galmak isleýän ýa-da galmaga mejbur, emma ykdysady taýdan özlerini üpjün etmek isleýän Malaýziýadaky aýallaryň zerurlyklaryny hasaba alýardy. Taslamany taslamalaşdyrmak, meýilnamalaşdyrmak we durmuşa geçirmek boýunça işleriň uly bölegi aýallar – meňzeş zerurlyklary bolan meýletinler tarapyndan amala aşyryldy. Bary-ýogy birnäçe ýylyň içinde eHomemakers taslamasy maliýe üstünligini we ýurtda sosial ykrar etmekligi gazandy.

Hökümet grantynyň kömegi bilen eHomemakers Salaam Wanita taslamasyny işe goýberdi, ol aýallaryň kesgitli bir kategoriýasynyň problemalaryny çözmäge gönükdirilendir: ezýete duçar bolýanlara, maýyplara, hroniki keseller bilen kesellilere, hem-de bolsa ýeke enelere we dullara. 2002-nji ýylda Salaam Wanita taslamasynyň 200 töweregi gatnaşyjysy kompýuterleri we Internedi ulanmak boýunça bazalaýyn okadylyşy geçdiler. Alan bilimlerini girdejileri almak we garaşsyz bolmak üçin ulanar ýaly soň olaryň käbirlerine öň ulanyşda bolan kompýuterler berildi. Salaam Wanita taslamasy maslahatlary hem geçirýär, onda aýallar ekologiki sebetleri örmegi öwrenýärler. Aýallar biznesi alyp barmagyň düzgünlerini öwrenmegi hem geçýärler, ol öz içine öndürilen harytlaryň gymmatyny bahalandyrmagy we maliýe işlerini alyp barmagyň düzgünlerini alýar.

Ykdysady garaşsyzlykdan başga eHomemakers taslamasy öňden galan ýalan ynamlar we öz mümkinçilikleriňe kembaha garamak kompleksi ýaly aýallara degişli esasy soraglar boýunça informasiýa bermegi we goldawy üpjün edýär. Hakykatdan hem, eHomemakers taslamasy arkaly aýallaryň birleşmegi

umytsyzlygyň aňry ýanynda we hat-da öz-özüni öldürmegiň gyrasynda bolan gatnaşyjylaryň durmuşyny üýtgetdi.

Diňe ýaş we bilim alanlaryň informasion tehnologýalary ulanmaga ukyplydyklary baradaky däp bolan nukdaýnazary üýtgetmek bilen, eHomemakers taslamasy özüniň demokratiki giňişligiň portalyny döretdi, onuň üsti bilen agzalar işe çykdajylary bahalandyrmak, täze tehnologiýalary ulanmak, öz durmuşynyň üstünde has gowy gözegçiligi üpjün etmek ýaly täze konsepsiýalary ulanmak mümkinçiligini aldylar. Soňky maglumatlar boýunça taslama 10 000 agzalary birleşdirdi, olaryň Internet saýty 10500-den hem gowrak unikal gelip görüjileri, 28000 gelip görmeleri, hem-de onuň mazmunyna 100,000 seredilmekleri özüne çekdi.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi: eHomemakers. Gurama baradaky informasiýa: öý hojalykçy aýallara telekeçilik mümkinçiliklerini bermek: eHomemakers Malaýziýa. Corpcom Services Sdn. Bhd., http://www.ehomemakers.net/en/aboutus.php?id=48. eHomemakers; hem-de "Ýöne marketing: Salaam Wanita taslamasy", Corpcom Services Sdn. Bhd., http://www.justmarketing.info.

## Oýlanmak üçin soraglar

Siziň pikiriňizçe, eHomemakers we Salaam Wanita ýaly maksatnamalaryň üstünligini üpjün etmek üçin haýsy faktorlary hasaba almak zerur? Şu hilli maksatnamalar Siziň ýurduňyzda gaýtalanylyp bilnermi? Ýa-da iň uly prioriteti bar bolan AÝOYSIT ýurtlarynda?

IKT pikirleri alyş-çalyş etmek, bähbitleri aýdyň aňlatmak we birleşdirmek üçin aragatnaşyk platformasyny döretmek ýoly bilen, döwlet we syýasy işlere aýallaryň gatnaşmagyny höweslendirmäge, hem-de syýasy işgärleri aýallaryň problemalaryny çözmek üçin çekmäge hem ukyplydyrlar. Aýallary goramak boýunça toparlar jemgyýetçilik pikirini mobilizlemek üçin IKT-ni netijeli ulanyp we biri-birleri bilen baglanyşyp bilerler. Meselem, aýallaryň problemalary boýunça ylmy-barlag merkezi (AGPYBM, CENWOR - Centre for Women's Research)[27], ol

[27] Seret, CENWOR, http://www.cenwor.lk.

Şri-Lankada aýal toparlarynda IKT-ni ulanmagyň soraglary boýunça monitoringi amala aşyrýar, öz hasabatynda aragatnaşyk mümkinçilikleriniň artdyrylmagynyň IKT-ä elýeterliligi gowulandyrmak boýunça iň peýdaly we praktiki netijeleriň biri bolandygyny belledi. Günsaýyn Şri-Lankadaky aýallar toparlary meňzeş halkara toparlary we bütin dünýäde aktiwistler bilen has gowy baglanyşýarlar. Ondan başga-da, Shirkat Gah topary, aýallaryň hukugyny goramak boýunça toparlaryň Päkistanda iň bir hormatlanýanlarynyň birisi, Internedi öz aragatnaşyklaryny goldamak, öz informasion we kommunikasion zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ulanýar, hem-de häzirki wagtda ýerli aýallaryň bähbitlerini goramak oblastynda halkara aýallar hereketi bilen strategiki aragatnaşyklary ýola goýmak prosesindedirler.[28]

Emma kynçylyklar bar. Oba ýerlerinde sosial we medeni gatnaşyklar çuň kök urandyrlar, aýallaryň köpüsi ol ýerde bilime elýeterlilikden we özbaşdak durmuşy ýola goýmak başarnyklaryndan mahrumdyrlar, olaryň IKT-niň ähli potensialyny haýsy görnüşde doly durmuşa geçirjekdiklerini göz öňüne getirmek kyndyr. Gymmat kompýuter serişdeleriniň ýetmezçiligi bilen bagly problemalar çözülen diýip hasap etsek hem, ýerli dillerde informasion mazmunyň we programma üpjünçiliginiň ýetmezçiligi päsgelçilik bolmagyna galýar. IKT-syýasaty emele getirilendäki we ol amala aşyrylandaky esasy oýunçylar gender deňliginiň soraglaryny öz meýilnamalarynyň her aspektine girizýänçäler we aýallary aýratyn topara bölüp çykarmasalar, IKT-niň goldawy bilen ösüş prosesine aýallaryň gatnaşmagy problemaly bolup görner.

## Netijeleri jemlemek

- Aýallara bilime we IKT-ä elýeterliligi almaga päsgel berýän barýerler örän meňzeşdirler – garyplyk, sowatsyzyk, wagtyň ýoklugy, gerekli informasiýanyň (kontentiň) ýetmezçiligi.
- Emma, haçan-da tehnologiýalar aýallaryň ellerine düşende, olar jemgyýetdäki öz ykdysady we sosial ýagdaýyny gowulandyrmaga ukyplydyrlar.
- Aýallar tehnologiýany diňe bir okamak we gazanç üçin ulanmaýarlar, eýsem Internetde aýallar üçin dostlukly gurşawy döretmegi üpjün etmek, öz hususy torlaryny gurmak, öz pikirlerini ýaýratmak we gender deňliginiň soraglaryny lobbirlemek üçin hem ulanýarlar.

[28] W. Harcourt, "Dünýäde aýallar we Web,", Web Öwrenişleri: Sifrleýin asyrda birikdirýän mediýa öwrenişleri, redaktor David Gauntlett (Rim: Halkara Ösüşi boýunça Jemgyýet, 2000)

## Praktiki gönükme

Öz ýurduňyzda hukuklary kemsidilen aýallaryň arasynda ynamlylygy we ykdysady özbaşdaklygy ösdürmäge gönükdirilen, IKT-ni ulanýan taslamany işläp düzüň. Işi aýallaryň anyk toparyny bölüp almak ýoly bilen başlaň (meselem, gartaşan aýallar, şäher harabalyklarynda ýaşaýan aýallar, oba ýerlerinde ýaşaýan ýaş gyzlar, ýa-da haýsy hem bolsa bir jemgyýetçilik toparynyň aýallary). Olaryň ýagdaýyny, hem-de bolsa olaryň sosial we ykdysady zerurlyklaryny beýan etmek zerur. Soňra taslamanyň maksatlaryny, maksatlaýyn netijeleri we taslamany durmuşa geçirmegiň strategiýalaryny anyk formulirläň. Goýlan maksatlara ýetmegiň wagtlaýyn grafigini hem kesgitlemek mümkindir.

## 3.4 IKT we saglygy goraýyş

### Maksat № 4: Çaga ölümini azaltmak

**Mesele 5:** 5 ýyla çenli ýaşdaky çagalaryň ölüm sanyny 1990-2015-nji ýyllar aralykdaky döwürde üçden iki esse azaltmak

### Maksat № 5: Eneligiň goralmagyny gowulandyrmak

**Mesele 6:** Eneleriň ölümlilik koeffisiýentini 1990-2015-nji ýyllar aralykdaky döwürde dörtden üç esse azaltmak

### Maksat № 6: AIDW/AIDS, malýariýa we beýleki keseller bilen göreş

**Mesele 7:** 2015-nji ýyla çenli AIDW/AIDS-iň ýaýramagynyň togtatmak we kesellemegi azaltmak tendensiýasynyň başlangyjyny goýmak

IKT obalarda izolirlenen jemgyýetçilik toparlary we şäher etraplary arasynda saglygy goraýyş oblastynda informasiýanyň alyş-çalşygyny höweslendirýär, bu bolsa saglygy goraýyşyň ösüş derejesine gözegçiligiň netijeli ulgamlaryny guramaga mümkinçilik berýär, medisina oblastynda soňky açyşlara elýeterliligi

üpjün edýär we lukmanlar üçin professional okadylyşyň netijeli üznüksiz ulgamyny döretmäge mümkinçilik berýär.  Özi hem bu ýerde IKT-niň ornaşdyrylmagyndan bähbitleri alyp biljek, saglygy goraýyşyň hünärmenleriniň iki esasy kategoriýasyny görkezmek bolar.  Birinji kategoriýa öz içine saglygy goraýyşyň hyzmatlaryndan peýdalanýan adaty adamlary, aýratyn hem,  saglygy goraýyşyň hyzmatlaryna elýeterlilige  we degişli informasiýalara çäklendirmeleri bolanlary, şol sanda, adamlaryň gowşak goralan toparlaryny, tebigy betbagtçylyklaryň we harby konfliktleriň pidalaryny, hem-de bolsa maýyp adamlary alýar. Gysgaça aýdanyňda, saglygy goraýyşda IKT-ni ulanmakdan benefisiariýleriň birinji kategoriýasyna  medisina hyzmatlary niýetlenilen adamlar girýärler. Gyzyklanýan gatnaşyjylaryň ikinji kategoriýasy saglygy goraýyş oblastyndaky hünärmenleri, saglygy goraýyşyň esasy derejesindäki lukmanlary-professionallary; lukmanlary, şepagat uýalaryny we gartaşan adamlara seredýän hünärmenleri, ylmy barlagçylary we saglygy goraýyş ulgamynyň administratiw işgärlerini; hat-da saglygy goraýyş oblastynda syýasaty emele getirýänleri öz içine alýar. Birinji topar üçin IKT-ni ulanmak pasiýentleriň bilermen lukmançylyk hyzmatlaryna aragatnaşygyny üpjün etmek bilen göni amala aşyrylyp bilner. Ikinji toparyň gatnaşyjylary üçin IKT-ni ulanmak gytaklaýyn we  gözegçilik ulgamyny döretmegiň üsti bilen goldanylyp ýa-da üznüksiz professional okadylyş arkaly bolup biler. IKT-ni ulanmagyň iki görnüşi hem aşakda jikme-jik ara alnyp maslahatlaşylar.

Saglygy goraýyş ulgamynda IKT-ni ulanmagyň has giň ýaýran oblasty telemedisina bolup durýar.  Ol elektron saglygy goraýyş (e-Health) ady bilen hem bellidir,  hem-de bu ýagdaýda oba ýerlerinde we daşda ýerleşen ilatly punktlarda ýaşaýan pasiýentleriň şäherlerdäki hünärmenler-lukmanlar bilen aragatnaşygyny üpjün etmek üçin  hemra ýa-da giň zolakly birikdirilmegiň kömegi bilen tehnologiýalary ulanmak esasy orny eýeleýär. Telemedisinanyň görnüşleriniň biri interaktiw wideokonferensiýalary geçirmekdir, onda geografiki taýdan daşda bolan lukmanlar we pasiýentler bilelikdäki maslahatlaşmalary geçirýärler. Seredilýän otagdaky kamera lukmana uly aralykda ýerleşen hünärmene müşderini görkezmäge mümkinçilik berýär, şunlukda pasiýenti seredýän hünärmene çenli eltmegiň  çykdajylary ýa-da hünärmeni daşda ýerleşen ilatly punktlaryna eltmegiň çykdajylary ep-esli azalýar. Bu çäreler hat-da medisina hünärmenleriniň ýiti ýetmezçiligi bolanda hem saglygy goraýyşa elýeterliligi giňeldýär.

Hindistan telemedisinanyň giňden ulanylýan ýurtlarynyň biri bolup durýar. Häzirki wagtda ýurduň 8 ştatlaryndaky 78 keselhanadan gowragy Hindistanyň kosmiki ylmy-barlaglar guramasynyň toruna birikdirilendirler, şunluk bilen,  daşda ýerleşen demirgazyk-gündogar sebit, Andaman we Nikobar adalary bilen,   ýöriteleşen we

giňeldilen maslahat bermeleriň mümkinçiligi üpjün edilýär.[29] Päkistan 1998-nji ýylda[30] “Informasiýany saklamak we ýaýratmak üçin telemedisina” ulgamyny işe goýberdi, onda pasiýentlerden medisina informasiýasy ýerli derejede toplanylýar (saklanylýar), soňra bolsa Ýer şarynyň islendik bölegindäki kwalifikasiýaly lukmana goýberilýär (goýbermeklik), ol bolsa soňra 24-48 sagadyň içinde goýlan diagnoz we maslahat berilýän bejeriliş bilen jogap bermelidir. Tailand[31] we Malaýziýa (onlaýndaky medisina)[32] hem telemedisinanyň öz ulgamlaryny işläp düzdüler. Transýewraziýa information tory 2 (Trans-Eurasian Information Network 2) tutuş sebit boýunça keselhanalaryň arasynda aragatnaşygy üpjün edýär we Awstraliýa, HHR, Indoneziýa, Ýaponiýa, Malaýziýa, Filippinler, Günorta Koreýa, Singapur, Tailand, Wýetnam ýaly ýurtlary gurşap alýar we 30 milliondan gowrak ulanyjylar üçin informasiýany berýär.[33] Owganystanda innowasion döwlet we hususy hyzmatdaşlyk (DHH) daşda ýerleşen sebitler üçin telemedisina oblastynda hyzmatlary berýär. Telemedisina oblastyndaky taslamalaryň giňeldilen sanawy birnäçe Aziýa ýurtlarynda[34] durmuşa geçirilen taslamalar hakynda hasabatlary, meselem, Nepaldaky HealthNet[35] we Indoneziýanyň şäher we oba etraplary üçin mobil aragatnaşygyň esasynda telemedisina ulgamy baradaky hasabatlary özünde saklaýar.

Päkistandan tematiki mysal obalarda saglygy goraýyşyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin telemedisina taslamalarynyň güýjüni we mümkinçiliklerini görkezýär.

## Päkistanda telemedisina

[29] Seret, “Telemedisina boýunça halkara konferensiýasy, Hindistan, 2005-nji ýyl”, ISRO, http://www.isro.org/pressrelease/Mar15_2005.htm hem-de R.L.N. Murthy we L.S.Satyamurthy, “Distansion medisinanyň hindi maksatnamasy: Saglygy goraýyş oblastynda hyzmatlary bermek ulgamyny üýtgetmek ugrunda öňe süýşmek ”, ISRO, http://www2.telemed.no/ttec2007/presentations/session08_tuesday/s08_tue_1315_Abdul_OK.ppt

[30] Seret, Telemedisina Päkistanda,” TelmedPaк, http://www.telmedpak.com.

[31] Seret, PubMed, “Saglygy saklaýyş ministrligi, Tailandda telemedisina tory”, Biotehnologiýa boýunça Milli informasion merkez, http://www.ncbi.nlm.nih.gov/pubmed/11311665.

[32] Seret, “Internet-medisina barada informasiýa”, Malaýziýanyň hususy keselhanalarynyň Assosiasiýasy, http://www.hospitals-malaysia.org/index.cfm?menuid=35.

[33] Seret, DANTE Ltd., “TEIN2,” http://www.tein2.net.

[34] Seret, Michael Dougherty, Täze usullary derňemek: Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde informasion we kommunikasion tehnologiýalaryň interwensiýalary bilen tejribeler - Pan-Aziýa IKT R & D Grant maksatnamasynyň syny we derňewi (Bangkok: UNDP-APDIP, 2006), 121-140, http://www.unapcict.org/ecohub/resources/exploring-new-modalities.

[35] Seret, Medisina Instituty, Katmandu, Nepal, “HealthNet Nepal,” http://www.healthnet.org.np/?p=profile.

Ilatyň garyp gatlaklary üçin medisina hyzmatlarynyň derejesi ýeterlik däl bolan Päkistanda TelmedPak başlangyjy çözüwiň iki aýratyn ýollarynyň kömegi bilen IKT-leri lukmanlar bilen pasiýentleriň arasynda distansiýalary ýok etmek üçin ulanýar. Birinji usul Telemedisinany informasiýany saklamak we goýbermek üçin ulanmagy öz içine alýar (ýokarda beýan edildi). Beýleki usulyýet real režim wagtynda Telemedisina hökmünde bellidir: ýerli lukman degişli informasiýany alan badyna pasiýentiň informasiýasy hünärmene derrew berilýär. Bu usul wideokonferensiýalar tehnologiýasyny we maglumatlary göni geçirmegi ulanýar.




Bu başlangyjyň Taksillede, Gilaýtda we Ýokarky Penjabda durmuşa geçirilmegi bilen ulgam saglygy goraýyşyň dürli aspektleri boýunça pasiýentler we lukmanlar arasynda aragatnaşygy üpjün edýär. Ulgam daglardaky obalara başga hilli barmak mümkin bolmadyk bolan Gimalaýlaryň daglyk sebitlerinde saglygy goraýyşyň örän möhüm hyzmatlaryny hem berýär.

Çeşme: Şu resminamalardan gaýtadan işlenildi: Päkistanda telemedisina. TelmedPak, http://www.telmedpak.com/ we http://www.telmedpak.com/Telemedicine/.

## Oýlanmak üçin soraglar

Päkistan taslamasy jemgyýetiň garyp gatlaklary we daşda ýerleşen ilatly punktlarda ýaşaýan toparlary üçin saglygy goraýyşyň hyzmatlaryny bermek üçin IKT-ni ulanmagyň hasabyna göni täsiri hem, şeýle-de saglygy goraýyş oblastynda degişli hünärmenleriň potensialyny güýçlendirmek görnüşinde gytaklaýyn täsiri hem görkezýär. Taslama nämäniň hasabyna otnositel üstünlikleri gazanyp bildi? Siziň pikiriňizçe näme taslamanyň ýaşaýşa ukyplydygyny üpjün edýär? Bu taslama başga ýurtlarda, şol sanda Siziň ýurduňyzda gaýtalanyp bilnermi?

Jogaplaryňyzy esaslandyrmak üçin taslamanyň saýtynda ýerleşdirilen informasiýa bilen tanyş boluň.

IKT-ni oba ýerlerinde ýaşaýan garyp pasiýentleriň we lukmanlaryň arasyndaky aragatnaşygy guramak üçin ulanmak ýurtda saglygy goraýyşyň hiline we elýeterliligine göni we ymykly täsir edýär. Emma IKT-ni saglygy goraýyş oblastynda bilimiň we administrirlemegiň hilini gowulandyrmak üçin ulanmak hem, şeýle-de saglygy goraýyşda bilimiň we administrirlemegiň hyzmatlaryň öz hillerine täsiri hem möhümdir. Ösýän köp ýurtlarda ýokary klasly professional-lukmanlaryň, şol sanda, lukmançylyk okuw jaýlarynyň mugallymlarynyň ýiti ýetmezçiligi bar. Möhüm medisina edebiýatyna elýeterlilik talyp-lukmanlar üçin hem, şeýle hem saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleri üçin hem çäklendirilen, olar bolsa üznüksiz medisina biliminiň we okadylyşyň üsti bilen soňky medisina işläp düzmeleri barada habarly bolmalydyrlar. IKT bu zerurlyklary kanagatlandyrmakda esasy roly oýnaýar. Meselem, Hindistandan ýaş lukman tarapyndan işe goýberilen taslama lukmanlaryň-aspirantlaryň we tejribeçilikdäki hünärmenleriň arasynda aragatnaşygy üpjün etmek bilen, talyplaryň-lukmanlaryň uly topary üçin medisina informasiýasyny multimediýa formatynda Internediň üsti bilen hem, şeýle hem aýratyn göterijilerde bermegi üpjün edýär.[36] Global torlar mugt, şeýle hem tölegli esasda, ep-esli arzanladyş bilen, medisina žurnallaryna we Internet-kitaphanalaryň uly sanyna elýeterliligi berýärler. Bütindünýä Saglygy goraýyş Guramasy (BSSG) tarapyndan goldanylýan Internet-portal HINARI, bütin dünýä boýunça saglygy

[36] Seret, MEdRC EduTech Ltd., “SmarTeach,” http://www.smarteach.com.

goraýyş oblastynda hünärmen-professionallar we ýolbaşçylar üçin kömek bermegiň global taslamasy bolup durýar.

## Mediki barlaglaryň netijelerine torara elýeterliligi guramagyň taslamasy

Mediki barlaglaryň netijelerine torara elýeterliligi guramagyň taslamasy HINARI (Health InterNetwork Access to Research Initiative) BSSG tarapyndan iri neşirýatlar bilen hyzmatdaşlykda biomedisina we saglygy goraýyş oblastlarynda dünýäde iň bir uly kolleksiýalaryň birine ösýän ýurtlara elýeterliligi bermek maksady bilen işe goýberildi. Žurnallaryň 3,750 görnüşinden köpüsi häzirki wagtda 113 ýurtda saglygy goraýyş guramalary üçin elýeterlidir, olar medisina işgärleriniň we ylmy barlagçylaryň müňlerçesine peýda getirýärler, şunuň bilen bolsa pudagyň işini gowulandyrmaga goşant goşýarlar.

BMG-yň Baş Sekretary tarapyndan 2000-nji ýylda işe goýberilmek bilen, tor saglygy goraýyş oblastynda informasiýa deňhukukly elýeterligi bermek boýunça hususy we döwlet hyzmatdaşlaryň tagallalaryny birleşdirdi, hem-de häzirki wagtda medisina hünärmenleri, ylmy barlagçylar we ýolbaşçylar tarapyndan netijeli ulanylýar.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenidli: HINARI. BSSG, http://www.who.int/hinari.

## Oýlanmak üçin soraglar

HINARI maksatnamasynyň Internet saýtyna baryp görüň we beýleki täzelikler hasabatlary bilen tanyş boluň, bu kömekçi ulgamyň ýaňy-ýakynlardaky atipiki pnewmoniýa (SARS) we guş gribi ýaly epidemiki keselleri gözden düşürmezlikde we gözegçilikde saklamakda kömegi haýsy görnüşde berendigine serediň. Siziň ýurduňyzyň saglygy goraýşyndaky wezipeli adamlar bu ulgamy ulanýarlarmy? Näme üçin hawa we näme üçin ýok?

Keselhanalary we olaryň dolandyrylyşyny döwrebaplaşdyrmak boýunça tagallalar keselhanalary administrirlemek üçin programma üpjünçiliginiň uly sanynyň işlenilip düzülmegine getirdi. Bu dolandyryjy administratiw ulgamlar informasiýanyň netijeli alyş-çalşygyny üpjün etmek üçin içerki tora birikdirilen

anyk bölümçeler üçin pasiýentler boýunça hasabatlary bellige almaga we işläp düzmäge mümkinçilik berýärler. Taslamalaryň beýle görnüşi üçin resurslary bermegiň barşynda bu oblastda öňdebaryjy roly hususy korporatiw keselhanalaryň eýeleýändigi garaşylmadyk waka bolmady.

IKT-ni saglygy goraýyş oblastynda ulanmagyň beýleki möhüm oblasty AIDW/AIDS, malýariýa, tuberkulýoz we pis keseli ýaly keselleriň öňüni almak, hasabatyny bermek we gözegçilikde saklamak üçin IKT-ni ulanýan gözegçilik ediş ulgamlaryny goýmak bolup durýar.[37] Beýle ulgamlaryň elýeterliligi halkara guramalaryna hem, şeýle-de döwlet edaralaryna hem keselleriň halkara serhetleriniň üstünden ýaýramagyny gözegçilikde saklamaga mümkinçilik berdi. Meselem, atipiki pnewmoniýa we guş gribi ýaly çalt ýaýraýan keseller bilen salgylaýyn gorag we göreş IKT-ni ulanýan, saglygy goraýyş oblastynda gözegçilik ediş ulgamlarynyň barlygy sebäpli mümkin boldy.

Emma Aziýada ýurtlaryň köpsanlysy IKT-ni ornaşdyrmak prosesini goldamak üçin gerekli infrastruktura eýe däldirler. Netijede saglygy goraýyş oblastynda IKT-ni ýaýratmak we ulanmak düwünçek ýa-da başlangyç halyndadyrlar. IKT-niň infrastrukturasyna maýa goýumlary we elýeterliligi üpjün etmek saglygy goraýyşy goldamagyň ulgamynyň çäklerinde amala aşyrylýan wagtlaryna çenli saglygy goraýyş oblastynda IKT-niň potensialyny maksimal ulanmak boş arzuw bolmagyna galyp biler.

## Netijeleri jemlemek

- Saglygy goraýyş oblastynda esasy gyzyklanýan taraplar öz içine saglygy goraýyşyň hyzmatlaryna mätäç adamlary, aýratyn hem pudagyň hyzmatlaryna çäklendirilen elýeterliligi bolanlary, ýagny oba ýerlerinde we oňaýsyz şertlerde ýaşaýanlary, hem-de bolsa saglygy goraýyş oblastyndaky professionallary alýar.
- Telemedisina saglygy goraýyş oblastynda IKT-ni iň ýaýran ulanylyş bolup durýar. Telemedisina Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň köp ýurtlarynda giňden ulanylýar.

[37] BMGÖM, Adam ösüşi boýunça sebitleýin hasabat – Aziýada adam ösüşini üpjün etmek üçin IKT-ni ulanmak: Müňýyllygyň ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek (Nýu-Deli: BMGÖM, Elsewýer, 2005), 147-160, http://www.apdip.net/elibrary#rhdr.

- Saglygy goraýyş oblastynda professionallara informasion goldawy üpjün edýän HINARI ýaly birnäçe global taslamalar bar.
- Gözegçilik etmegiň global ulgamlary soňky ýyllarda atipiki pnewmoniýa we guş gribi ýaly çalt ýaýraýan keseller bilen göreş üçin köp ýurtlara netijeli hyzmatdaşlyk etmäge mümkinçilik berdiler.

### Praktiki gönükme

Siziň ýurduňyzda garyp ilatyň arasynda bir esasy zerurlygy we saglygy goraýyşyň ýüze çykarylan problemasyny çözmäge ukyply bolan bir hyzmaty kesgitläň. IKT-ni ulanmagyň görnüşleriniň haýsysynyň saýlanyp alnan hyzmatyň kömegi bilen ýüze çykarylan problemany netijeli çözmek üçin peýdaly bolup biljekdigini ara alyp maslahatlaşyň.

## 3.5 IKT we tebigy resurslary rasional ulanmak

### Maksat № 7: Ekologiki durnuklylygy üpjün etmek

**Mesele 9:** Ýurtlaryň strategiýalaryna we maksatnamalaryna durnukly ösüşiň prinsiplerini girizmek, tebigy resurslary ýitirmek prosesini yza öwürmek

**Mesele 10:** 2015-nji ýyla çenli ilatyň arassa agyz suwuna we esasy sanitar-tehniki serişdelere hemişelik elýeterliligi bolmadyk bölegini iki esse azaltmak

**Mesele 11:** 2020-nji ýyla çenli harabalyklarda ýaşaýanlaryň azyndan 100 millionynyň ýaşaýşynyň ymykly gowulandyrmagyny üpjün etmek

Resurslaryň adalatly däl paýlanylyşy we tebigy resurslaryň başyna gidenlik bilen ulanylmagy ägirt uly ölçeglerdäki global krizisiň ýüze çykmagyna getirdi. Global maýlamagy, gurakçylyklary we suw almalary öz içine alýan klimatyň global üýtgemeleri dünýäniň dürli böleklerinde has duýarlykly ýagdaýa geldiler. Adalarda ýerleşýän döwletler global maýlamagyň we okeanyň derejesiniň ýokarlanmagynyň täsirinden aýratyn hem gowşak goralandyrlar, şol bir wagtda bolsa, izolirlenen we daglarda ýerleşen döwletler buzluklaryň eremeginiň, topraklaryň eroziýasynyň we harsaňlaryň täsirine duçar bolýarlar. Özi hem bular

diňe käbir tebigy täsirlerdir. Klimatyň üýtgemeginiň iň gowşak goralan pidalary nirede bolandyklaryna garamazdan garyp adamlardyr, sebäbi global üýtgemeleriň masştablary ýaşaýşa gerekli serişdeleriň ýitmegine getirýär. Hindi daýhanlarynyň arasynda öz-özüni öldürmegiň uly sany munuň şaýatnamasy bolup gulluk edip biler.

IKT-ler ekologiki soraglary çözmekde, meselem, tebigy resurslaryň ýerleşişiniň kartasyny düzmek üçin ýa-da tokaýlary çapmagyň netijelerine dykgatly ünsi çekmek üçin ulanylýan geoinformasion ulgamyň üsti bilen (GIU) uly roly oýnaýarlar. Adalar we beýleki daşda ýerleşen sebitler üçin IKT-ni ulanmak bilen döredilen toplumlaýyn meýilnamalaşdyryş we dolandyryş ulgamlary örän köp peýdany getirip bilerler. Aşakda Tikiwiki taslamasynyň beýany getirilýär, ony bu hilli başlangyçlara degili edip bolar.

### Tikiwiki GeoCMS taslamasy, Ýuwaş okeanyň adalarda ýerleşýän döwletleri

Ýuwaş okeanyň adalarda ýerleşýän döwletleriniň Amaly Geoylym Iş topary (Pacific Islands Applied Geoscience Commission) tarapyndan amala aşyrylýan Tikiwiki GeoCMS taslamasynyň toplumlaýyn meýilnamalaşdyryş we gözegçilik ulgamlaryny işläp düzmek ýoly bilen tebigy betbagtçylyklaryň weýran ediji täsirinden Ýuwaş okeanyň adalarda ýerleşýän döwletleriniň gowşak goralanlygyny aradan aýyrmak maksady bar.

IKT-ni ösdürmek we potensialy degişli güýçlendirmek bu taslama üçin örän möhümdir, onuň esasy komponenti Geogiňişlik informasion dolandyryjy Ulgam (GeoCMS - Geospatial Content Management System) bolup durýar, ol taslamanyň gatnaşyjylarynyň arasynda geografiki maglumatlaryň ýygnalmagyny we paýlanmagyny üpjün edýär. Taslamanyň başynda GeoCMS ulgamy üçin gerekli programma üpjünçiliginiň ýoklugy bilen baglanyşyklykda MapServer we Tikiwiki atly iki sany bar bolan mugt we açyk programma üpjünçiliginden täze GeoCMS programmasy işlenilip düzüldi. GeoCMS ulgamy Ýuwaş okeanyň adalarda ýerleşýän döwletlerine soňra Internediň üsti bilen ýaýratmak üçin öz geografiki maglumatlaryny çap etmek mümkinçiliklerini berdi. Taslama özüne dünýäniň beýleki böleklerinden maglumatlary hem kabul edýär. Bu çäreleriň ählisi bu döwletleriň gowşak goralandygyny peseltmäge kömek berýärler, sebäbi olaryň

hökümetleriniň häzirki wagtda  praktiki taýdan göz açyp ýumasy salymda berlip bilinjek möhüm informasiýa elýeterliligi bardyr.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi:  Nah Soo Hoe. Serhetleri ýykmak bilen: Adamzadyň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin mugt we açyk programma üpjünçiligini ulanmagyň potensialy –  Bütin dünýä boýunça praktiki taslamalary işläp düzmek (Bangkok: BMGÖM), http://www.unapcict.org/ecohub/resources/breaking-barriers/ we http://www.iosn.net/pacific-islands/case-studies/tikiwikigeocms/; we Tikiwiki Map Server, “Tikiwiki GeoCMS,” http://maps.tikiwiki.org/tiki-index.php.

Köp ýagdaýlarda çylşyrymly situasiýalarda ulanmak üçin zerur programma üpjünçiligi ýok. Mugt we açyk Programma Üpjünçiligi (PÜ)  ýurtlara we sebitlere dinamiki platformalary işläp düzmäge mümkinçilik berýärler,  olar bolsa ulanmagyň minimal başarnyklaryna eýe bolan adamlar tarapyndan  çalt ulanylyp bilnerler.  Mugt we açyk PÜ barada has jikme-jik informasiýany almak üçin  Ösüş üçin Informasiýa we kommunikasiýa tehnologiýalary boýunça Aziýa – Ýuwaş okean okuw merkeziniň (IKTÖ AÝOM)  Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň 4-nji Modulyna serediň.

## Oýlanmak üçin soraglar

Syýasaty emele getirmek üçin, jogapkär wezipeli adamlaryň ulanmagy üçin, distansion zondirlemegiň we GIU-yň haýsy informasiýasy Siziň sebitiňizde elýeterli?  Bu maglumatlar haýsy görnüşde ulanylýarlar?

IKT-ni ulanýan meňzeş informasion resurslar döwlet derejesinde hem bardyrlar. HHR-de Mobil interaktiw geografiki informasion ulgam (MIGIU – Mobile Interactive Geographic Information System) ulanylýar, ol  bilelikdäki oba hojalyk ylmy barlaglarynyň çäklerinde “meýilnamalaşdyrmak prosesini optimallaşdyrmak maksatlary bilen iň gowy ýerli praktiki bilimleri we ylmy informasiýany birleşdirmek üçin” we jemgyýetçilikleriň derejesinde tebigy resurslary ulanmak üçin niýetlenilendir. MIGIU bilelikdäki öwredilişiň we praktiki gönükmeleriň üsti bilen ýygnalan grafiki informasiýany sifrleýin formata geçirýär.[38]

[38] Barbara Fillip, *Informasion we kommunikasion tehnologiýalar ösüş üçin:  Öz-özüňi taýýarlaýyşyň  öwrediji materiallary – Modul 6:  IKT-ler we oba hojalygy (Bellikler),* http://www.knowledgefordevelopment.com/ICT4D03SP/File/Notes6.pdf.

HHR-de Loess platosyny gaýtadan dikeltmek[39] bu platony uzak möhletleýin ulanmak bilen baglanyşykly bolan zaýaçylyklary doly üýtgetmek maksatlary bilen birnäçe gatnaşyjylaryň birleşdirilen tagallalary bolup durýar. Taslama ekologiki zaýaçylyklary hasaba almak, maglumatlary ýygnamak, hem-de bolsa ekologiýa ýetirilen zyýanyň öňüni almaga ukyply çäreler barada informirlenmegi ýokarlandyrýan birnäçe IKT-leri ulanýar. Ekologiki bilim beriş mediýa taslamasynyň direktory Jon Liiň makalasyndan:

> Loess platosyny dikeltmek taslamasynyň üstünligi ýerli ilat üçin çuň üýtgemelerde öz beýanyny tapdy – olaryň ykdysadyýeti, girdejileri we ýaşaýyş derejeleri örän ösdi. Megerem, garyplygyň we ekologiýany weýran etmegiň umytsyz sikli üzülen bolsa gerek ... adamlaryň millionlarçasy garyplygyň penjesinden sogrulyp alyndy.[40]

Taslama boýunça hyzmatdaşlar tarapyndan döredilen “Ýeriň umydy” atly film soňky 10 ýylyň dowamynda bolup geçen üýtgemeleri wizual taýdan resmileşdirdi.

Global ösüşiň gün tertibinde tebigy betbagtçylyklar bilen göreş izolirlenen sektor hökmünde seredilmeýär. Tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak adalatly durnukly ösüşiň üznüksiz prosesi üçin möhüm ähmiýete eýedir. Käbir derejede, IKT-ni tebigy resurslary kartalaşdyrmak üçin ulanmak IKT-niň tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak boýunça roly bilen, olar barada öňünden duýdurmak, täsiriniň netijesini azaltmak babatynda hem, olaryň netijelerini aradan aýyrmak babatynda hem ýakyndan baglanyşyklydyr. GIU-laryň şol bir ulgamlary tebigy betbagtçylyklar barada öňünden aýtmak üçin we krizisler döwründe aragatnaşygyň kritiki ulgamlaryny üpjün etmek üçin ulanylyp bilnerler. Hat-da tebigy betbagtçylyklar ýüze çykmankalar hem, GIU ulgamlary we distansion datçikler ulgamlary mümkin bolup biljek tebigy betbagtçylyk baradaky irki duýduryş informasiýasyny howpa sezewar bolýan sebitlerde ýaýratmak üçin has howply oblastlary ýüze çykarmaga ukyplydyrlar. Radio we telewideniýe, öýjükli we hemra telefonlary, radiosöýüjileriň radiostansiýalary, SMS ulgamlary, elektron poçta we Internet – olaryň hemmesi jemgyýetçiligi süýşüp gelýän betbagtçylyga garşy taýýarlyk ýagdaýyna getirmek üçin möhüm roly oýnaýarlar. Krizisler döwründe ýerüsti sim ulgamlaryny ulanmaýan aragatnaşyk ulgamlary,

---

[39] John D. Liu. *Hytaýyň daşky gurşaw boýunça duçar bolýan päsgelçilikleri: Loes platosynyň dikeldilmegi* (2005), http://www.unep.org/pcmu/project_reference/docs/BB_170707Large_scale_ecosystem_restoration_JPMorgan_Essay_2005.pdf.

[40] Şol ýerde, 6.

aýratyn hem, eger-de ýerüsti aragatnaşyk ulgamlary weýran edilende, bahasyna ýetip bolunmaýan bolup bilerler.

Wattegama taslamasy[41] tebigy betbagtçylyklar barada Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde irki habar beriş ulgamlarynda IKT-leri ulanmagyň, hem-de bolsa tebigy betbatgçylyklaryň täsirini peseltmek we olaryň netijelerindäki weýrançylyklary dikeltmek oblastynda uly başgaça düşünilmegi amala aşyrdy. Bu hilli ulgamlaryň köpüsi entek işlenilip düzülme tapgyryndadyrlar. Emma 2004-nji ýylyň sunamisinden soňra IKT-leri ulanýan irki habar beriş ulgamlaryny işläp düzmek, tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini azaltmak üçin ýerine ýetirilmäge girişilen tagallalary aýratyn bellemek zerurdyr (seret, aşakda beýan edilýän taslama). Awtorlary Gunawardena we Noronha bolan “Tebigy betbagtçylyklar barada informirlemek”[42] atly kitap hem, tebigy betbagtçylyklaryň täsiriniň netijesini azaltmak we aradan aýyrmak üçin IKT-leri ulanmagyň çylşyrymlylyklaryna düşünmek üçin informasiýanyň tapawutly çeşmesi bolup durýandyr.

## Sunami barada irki habar beriş ulgamy, Günorta-Gündogar Aziýa

Sunami barada irki habar beriş ulgamy (SIHBU) Günorta-Gündogar Aziýanyň ýurtlarynyň birnäçesiniň hyzmatdaşlygynyň miwesi bolup durýar, ol “irki habar beriş çärelerini guramak boýunçadyr, oňa öňünden duýduryşyň tehniki we sosial komponentleri girmeli (ählilere degişli) we ol irki duýduryş boýunça çäreleri taýýarlyk, duýduryş, azaltmak we reagirlemek (toplumlaýyn) bilen toplumlaýyn strukturanyň çäklerinde birleşdirmelidir”. Taslama şu aşakdaky ýurtlar gatnaşýarlar: Kamboja, HHR, Laos, Mýanma, Filippinler, Tailand we Wýetnam.

SIHBU-yň uly ýeten üstünligi Aziýanyň uly bolmadyk ýurtlarynyň bu taslamanyň çäklerinde öz tagallalaryny birleşdirip bilendikleriniň faktydyr, taslama BMGÖM, USAID we DANIDA ýaly halkara guramalary tarapyndan maliýeleşdirildi. Aziýanyň Betbagtçylyga Garşy Taýýarlygy Üpjün etmek boýunça Merkezi (ABGTÜM) – telekeçilik däl gurama, ol ähli Aziýa sebitiniň howpsuz

[41] Chanuka Wattegama, *Tebigy betbagtçylyklara gözegçilik oblastynda IKT-leri ulanmak (Bangkok: BMGÖM we Günorta Koreýa:* IKTÖ AÝOM BMG, 2007), http://www.unapcict.org/ecohub/resources/ict-for-disaster-management.

[42] Nalaka Gunawardene we Frederick Noronha (redaktorlary), Betbagtçylyklar bilen kommunikasiýalar: Aziýa-Ýuwaş okean resurs kitaby (Bangkok: UNDP we Nugegoda: Tve Asia Pacific, 2007), http://www.apdip.net/publications/CommunicatingDisasters.pdf.

jemgyýetler we durnukly ösüş konsepsiýasyny öňe sürmegini goldaýar, ol taslamanyň sebitleýin merkezi ýa-da utgaşdyryjysy hökmünde gulluk edýär.

ABGTÜM tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelliklerini dolandyrmagyň maksatnamalaryny we taslamalaryny işläp düzmek we durmuşa geçirmek bilen meşgul bolýar, ol bu işleri tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak boýunça milli syýasaty işläp düzmekde tehniki we professional hyzmatlary bermek, tebigy betbagtçylyklar bilen göreş üçin guramalaryň potensiallaryny ýokarlandyrmak, tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelliklerini toplumlaýyn dolandyrmagyň maksatnamalaryny işläp düzmek, tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini bahalandyrmak, döwletiň saglygy goraýyş we tebigy betbagtçylyklar barada duýduryş ulgamlaryna gözegçilik, howpsuz gurluşykda ýeri ulanyşy meýilnamalaşdyrmak, tebigy betbagtçylyklaryň täsirini azaltmak boýunça haýal edilmän ýerine ýetirilýän hereketleri meýilnamalaşdyrmak, degişli reabilitasion çäreler ulgamlarynyň işini meýilnamalaşdyrmak ýoly bilen amala aşyrýar.

Çeşme: Şu resminamadan gaýtadan işlenildi: Wattegama, Chanuka. 2007. Betbagtçylyklary dolandyrmak üçin IKT-ler, 18-20. Bangkok: UNDP we Koreýa Respublikasy: UN-APCICT. http://www.unapcict.org/ecohub/resources/ict-for-disaster-management.

Informasiýanyň goşmaça çeşmeleri: Irki duýduryş ulgamy. Aziýanyň Betbagtçylyga Garşy Taýýarlygy Üpjün etmek boýunça Merkezi.
http://www.adpc.net/v2007/Programs/EWS/Default.asp.
Irki duýduryş barada informasiýany ýaýratmak üçin platforma. Tebigy betbagtçylyklaryň täsirini azaltmak boýunça BMG-iň Halkara strategiýasy. http://www.unisdr.org/ppew/tsunami/project-overview/dp-introduction.htm.

## Praktiki gönükme

Siziň ýurduňyzda ýa-da sebitiňizde haýsy guramalar tebigy betbagtçylyga taýýarlygy üpjün etmek, olaryň täsirini azaltmak we olaryň netijelerini aradan aýyrmak üçin IKT-leri ulanýar? Internetden gözläň we Siziň ýurduňyzdaky iň azyndan bir şu hilli guramanyň esasy wezipelerini sanaň.

Tebigy betbagtçylyklar barada duýduryş ulgamlary hökmany suratda diňe bir ýurtda ýerleşmeli däldirler. Taýfunlar, ýer titremeleri we sunami ýaly tebigy betbagtçylyklar köplenç bir wagtda geografiki oblastda ýerleşýän birnäçe ýurda

täsir edýärler. Nebitiň akmagy we ýadro galyndylary bilen hapalanmak ýaly ekologiki katastrofalar (aýratyn hem Ýuwaş okeanyň günortasynda), hem-de bolsa guş gribi ýaly epidemiýalar hem tebigy betbagtçylyklar barada duýduryş ulgamynyň ýurisdiksiýasynyň astyna düşýärler, olar üçin IKT-ler örän möhüm roly oýnamaga ukyplydyrlar. Şeýlelikde, hyzmatdaşlyk bu hilli tebigy betbagtçylyklar bilen göreşde möhüm faktor bolup durýar, hem-de SIHBU ýaly bilelikde ýerine ýetirilýän taslamalar örän netijelidirler. Sentinel Asia[43] (Aziýa Garawuly) maksatnamasy Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde tebigy betbagtçylyklara gözegçilik boýunça kömegi bermek topary bolup durýar, ol 18 ýurtdan 51 guramanyň we 7 halkara guramalarynyň tagallalaryny sifrleýin çeşmeleriň kömegi bilen informasiýany alyş-çalyş etmek boýunça "gatnaşýan guramalaryň meýletin we netijeli tagallalary" ýoly bilen birleşdirýär.

Tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak üçin IKT-leri ulanýan beýleki maksatnamalar hem bar. Emma köp zat diňe bir tehnologiýalara däl, eýsem olary ulanmaklyga hem bagly, ol ýerde, mysal üçin, adam faktory ulgamyň şowly ornaşdyrylmagynyň hem, şeýlede onuň doly şowsuzlygynyň hem girewi bolup gulluk edip biler. Garyplyk bilen göreşde strategiýalary amala aşyrmakda we tebigy resurslary kartalaşdyrnakda IKT-leri birleşdirýän toplumlaýyn çemeleşme garyplygy üstünlikli ýeňmegiň we sebitleriň durnukly ösüşiniň girewi bolup hyzmat edýär. Azyk howpsuzlygyny we durnukly ösüşi üpjün etmek oblastynda ÖMMD-ny amala aşyrmak maksatlary bilen fermerleriň we oba hojalyk jemgyýetçiliginiň, oba hojalyk we weterinar edaralarynyň, maliýe guramalarynyň we IKT hyzmatlaryny berijileriň arasynda göni aragatnaşyklaryň we deň hyzmatdaşlygyň bolmagy örän möhümdir. Umumy prosesde islendik hyzmatdaşyň bolmazlygy ýa-da gatnaşmazlygy taslamanyň galan gatnaşyjylarynyň ähli tagallalaryny netijesiz edip biler. IKT-ni ýöne bir ýaýratmak položitel netijelere getirip bilmez. Bu proses ilatyň garyp gatlaklarynyň arasynda ygtybarly we güýçli goldaw bilen ösüş oblastynda maksatnamalaryň birnäçesi bilen bir wagtda geçirilmelidir we olar bilen goldanylmalydyr.

## Netijeleri jemlemek

- Distansion datçikler ulgamy we tebigy betbagtçylyklar barada duýduryş ulgamlary adamzadyň onuň kömegi bilen howanyň we klimatyň üýtgemegine baha berýän we reagirlenýän usulyny üýtgetdiler.

[43] Masahiko Honzawa, "Aziýa Garawuly: Aziýa şahasyndaky işeňňirlikler," Ýaponiýanyň kosmosy öwrenmek Agentligi, http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN025931.pdf.

- Tebigy betbagtçylyklar bilen göreş, islendik ýurduň arsenalynda örän möhün serişde bolmak bilen, ilatyň gowşak goralan we hukuklarynda çäklendirilen gatlaklarynyň bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen, ilatyň garyp gatlaklarynyň arasynda güýçli goldanylmak bilen, ösüşiň maksatnamalarynyň birnäçesi bilen bilelikde amala aşyrylmalydyr.

## Praktiki gönükme

IKT-leri ulanýan we tebigy resurslary rejeli peýdalanmak ýa-da tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak boýunça Siziň ýurduňyzyň işläp düzen ýa-da gatnaşyjysy bolan bir ulgamyny tapyň. Bu ulgamyň haýsy görnüşde ilatyň garyp gatlaklarynyň bähbitlerini hasaba alýandygyny jikme-jik beýan ediň we kesgitläň. Eger-de ol şony etmeýän bolsa, onda, Siziň pikiriňizçe, ol jemgyýetiň garyp gatlaklarynyň bähbitlerine jogap berer ýaly ol ulgama nähili üýtgetmeleri girizmeli?

## 3.6 IKT, hökümet we döwlet dolandyryşy

3-nji Modulda elektron hökümet konsepsiýasynyň we döwlet dolandyryşynyň elektron ulgamlarynyň jikme-jik beýany getirilýär, 2-nji Modul bolsa IKT-niň infrastrukturasyny we hyzmatlaryny dolandyrmagyň soraglaryna seredýär. Şonuň üçin bu modulda okyja hökümetiň we döwlet dolandyryşynyň konsepsiýalarynyň ýöne bir ýüzleý syny berler, hem-de bolsa olaryň funksionirlemegini üpjün etmekde IKT-leriň roluna serediler.

Hökümet düzgünleri işläp düzýän, onuň işleriniň netijeleri hökmünde görünýän çözüwleri kabul edýän we ýerine ýetirýän superstruktura bolup durýar. Hökümetiň prosesleri öz içine aýratyn emeldarlaryň we döwlet edaralarynyň arasyndaky içerki özara gatnaşyklaryň köpüsini alýar, bu kabul edilen çözüwler görnüşinde ahyrky netijeler jemgyýetçiligiň pikirine ýetmeginden we döwlet dolandyryşynyň ähli ulgamyna täsir etmeginden has öň bolup geçýär. Döwlet dolandyryşy (governance) hökümet bilen ýurduň raýatlarynyň arasyndaky özara täsirleri hasaba alýar, şonuň üçin bu proses köptaraplaýyndyr we çylşyrymlydyr. Döwlet dolandyryşy öz içine funksional mümkinçilikleri, prosesleri, maksatlary,

çäreleri we olaryň utgaşdyrylmagyny alýar, ol hökümetiň we raýatlaryň arasyndaky özara täsirler prosesinde göze görünýän netijelere eýedir.

Ylmy barlaglaryň birnäçesi döwlet dolandyryşynyň we ösüşiň arasyndaky pozitiw korrelýasiýany tassyklady. Kaufmann we Kraay[44] "ýurtlaryň köpüsinde ilatyň jan başyna düşýän girdejiniň we döwlet dolandyryşynyň hiliniň özara nähili baglanyşýandyklaryny" görkezdiler. Uly halkara donorlaryň we ösýän ýurtlaryň hökümetleriniň köpüsi häzirki wagtda durnukly demokratiki hökümetiň we gowy dolandyrylýan jemgyýetçilik guramalarynyň jemgyýetiň garyp gatlaklary üçin ýaşaýyşyň derejesini ýokarlandyrmagyň we garyplyk bilen göreşiň aýrylmaz bölekleri bolup durýandyklarynyň faktyny ykrar edýärler. Gowy döwlet dolandyryşy bilen maýa goýumlarynyň artmagynyň, karz pullar boýunça haklaryň artmagynyň, gowy ykdysady dolandyryşyň, uly ýaşly ilatyň sowatlylyk derejesiniň ýokarlanmagynyň, döwlet korrupsiýasynyň derejesiniň peselmeginiň, berilýän hyzmatlaryň hiliniň gowulanmagynyň arasynda berk baglanyşygy görkezýän, köp ýurtlarda tassyklanan köpsanly şaýatnamalar bar. Şonuň ýalyda, öz raýatlaryna döwlet hyzmatlaryny hilli görnüşde bermegi üpjün etmek üçin, diňe bir ýöne gowy funksionirleýän we dolandyrylýan döwletiň bolmagynyň ýeterlik däldigini ykrar etmek fakty hem artýar – döwlet öz raýatlarynyň öňünde aladaçyl we jogapkärli hem bolmalydyr.

Hökümet-hökümet (G2G), hökümet-biznes (G2B) we hökümet-raýatlar (G2C) aragatnaşyklary hökümet we döwlet dolandyryşy ulgamynda IKT-leri ulanmagyň esasyny düzýärler. Esasy ideýa döwlet hyzmatlaryny netijeli we degerli bermegi üpjün edýän hökümeti döretmek bolup durýar (elektron hökümet), şol bir wagtda bolsa ony has aýdyň, jogapkärli we raýatlaryň demokratiki proseslere gatnaşmagyna mylakatly etmelidir. "Elektron hökümet" (e-hökümet) we "elektron dolandyryş" (e-döwlet dolandyryşy) terminleri köplenç biri-birini çalşyp bilýärler, bu bolsa käbir bulaşyklyga getirýär. Döwlet dolandyryşy has giň aspekt bolup durýar, ol hökümet we raýatlar arasyndaky özara gatnaşyklaryň has giň toparyny birleşdirýär, şol bir wagtda bolsa, hökümet bilim, saglygy goraýyş, salgyt salmak, ýeri dolandyrmak we ş.m. oblastlarda jemgyýete hyzmatlary bermek hökümetiň gündelik funksionirlenmegi bolup durýar. Eger-de hökümet ulgamy netijeli dolandyrmagy üpjün edýän resmi apparat bolup durýan bolsa, onda döwlet dolandyryşy – bu prosesiň ahyrynda gatnaşyjylar tarapyndan duýulýan işleriň netijesidir. Elektron hökümet, eger-de ol netijeli dolandyrylsa we işde ulanylsa hökümeti bitewilikde goldamagyň has netijeli goşundysy bolup biler, şol bir

[44] Daniel Kaufmann we Aart Kraay, Dolandyryş we ösüş: haýsy ýoldan sebäplilik baglanyşygy?- Dünýä üçin şaýatlyk, gysgaça berlişde (Waşington, K.O.: Dünýä Bankynyň instituty, 2003), 1, http://www.worldbank.org/wbi/governance/pdf/growthgov_synth.pdf.

wagtda bolsa, elektron döwleti dolandyryş, eger-de ol degişli prinsipler, meseleler, maksatnamalar we strukturalar görnüşinde goldawy alsa, bilelikdäki döwlet dolandyryşyna öwrülip biler.[45]

Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň Gonkong, Ýaponiýa, Günorta Koreýa we Singapur ýaly käbir ýurtlaryna elektron taýýarlygyň indeksiniň görkezijisi boýunça ýokary baha berilýär, olar eýýäm elektron hökümetiň çylşyrymly mehanizmlerini durmuşa geçirdiler. Hökümetiň wezipeleriniň uly bölegi bu ýurtlarda elektron görnüşde amala aşyrylýar. Emma sebitiň galan ýurtlarynyň köpüsi bu görkeziji boýunça pes reýtinge eýedirler, hem-de diňe käbir döwlet hyzmatlary kompýuterleşdirilendirler.[46] Bhatnagar Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ýurtlarynda elektron döwlet dolandyryşyny ornaşdyrmagyň 20 taslamasyna öz synynda belleýär:

> Goşmaçalaryň köpüsiniň esasy ünsi hyzmatlary bermäge däl-de, işleriň içerki netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Hyzmatlary bermäge niýetlenilen az sanly taslamalar ygtyýarnamalary bermek we salgytlary ýygnamak bilen bagly. Goşmaçalar, esasan, şäherlerde ulanylmaga gönükdirilen. Özi hem garyplaryň zerurlyklary ýeterik göz öňünde tutulmady.
>
> Hindistan ýaly ýurtlar, onda käbir ştatlar şäher ilatyna hyzmatlary bermegiň elektron ulgamyny guramakda uly üstünliklere ýetdiler, garyplaryň bähbitlerini hasaba almak bilen, elektron döwlet dolandyryşyny amala aşyrmakda şu problemalara duçar bolýarlar: a) garyplaryň bähbitlerini hasaba almaga gönükdirilen maksatlaryň sanawyna aýdyňlygy girizmek, b) oba sebitlerine döwlet hyzmatlaryny bermegi üpjün etmek, ç) standartlaşdyrmagyň we ýerli aýratynlyklary hasaba almagyň arasynda deňagramlygy saklamak, d) hususy sektory mobilizlemek hem-de oba sebitlerinde işlemek üçin döwletiň we hususy kompaniýalaryň arasynda hyzmatdaşlygy döretmek, e) ýerine ýetirilen işleriň netijeleriniň garaşsyz bahalandyrylmagyny geçirmek. Onuň üstesine-de, elektron döwlet dolandyryşynyň taslamalaryny

---

[45] Thomas B. Riley, *E-Hökümet e-dolandyryşyň garşysyna: Jemgyýetçilik sektorynyň klimatynyň üýtgemeginde tapawutlary derňemek*, Halkara synyň hasabaty, 03, Dördünji belgi, (London: Arkalaşygyň Sekretariaty, 2003), http://www.rileyis.com/publications/research_papers/tracking03/IntlTrackRptMay03no4.pdf.

[46] Subhash Bhatnagar, *Garyplara garaşykly e-dolandyryşa tarap ýoly düşemek: Aziýa-Ýuwaş okean sebitinden mysallary öwrenmekden netijeler we synlar* (Bangkok: UNDP, 2006), 1, http://www.apdip.net/projects/e-government/capblg/casestudies/Overview.pdf.

formirlemekde we durmuşa geçirmekde içerki potensialyň ýetmezçiligi bar.[47]

Elektron döwlet hyzmatlaryny bermek boýunça meşhur model–portallary ulanmakdyr, emma bu hili köpsanly portallara ýüzleý serediş hem minimal özara aragatnaşyk ýa-da onuň doly ýoklugynda informasiýanyň birtaraplaýyn geçirilýändigini görkezýär. Hindistandan başga käbir ýurtlar, şäher etraplarynda hyzmatlary bermegiň umumy merkezlerini döretdiler, onda operatorlar kompýuter terminallary bilen işleýärler we müşderilere real wagt režiminde hyzmatlary berýärler. Hindistanda käbir gulluklar hat-da obanyň garyp ýaşaýjylaryna hem elýeterlidirler, olar işleriň beýle guralmagyndan peýda alyp bilerler. Beýle gulluklardan has bellileri Awtomatlaşdyrylan bellige alyş Departamenti, Bhoomi we e-Seva gulluklary bolup durýarlar. Ösýän Aziýanyň beýleki böleginde Mongoliýanyň hökümeti öz raýatlarynyň salgytlary tölemek prosedurasyny ýönekeýleşdirmek üçin IKT-niň artykmaçlyklaryny ulandy.

### Mongoliýanyň elektron salgyt salyş edarasy

Mongoliýanyň salgyt edarasynyň Internet-sahypasy (http://www.mta.mn) diňe bir edara barada informasiýany saklaman, eýsem, raýatlara we guramalara berilýän hyzmatlaryň jikme-jik sanawyny hem saklaýar. Olaryň arasynda – ozal diňe çap edilen görnüşde elýeterli bolan ýüklenilip alynýan salgyt blankalary bar, olary öň salgyt agentlerinden diňe töleg töläp alyp bolýardy. Kompaniýalar we aýratyn raýatlar anketalary websaýtdan ýükläp alyp bilerler, olary dolduryp we “bitewi penjire” prinsipi boýunça işleýän degişli gulluga berip bilerler. Bu Mongoliýanyň salgyt administrasiýasynda IKT-leri ulanmakda uly ädimdir.

Emma diňe Internede elýeterliligi bar bolan raýatlar bu websaýtyň hyzmatlaryndan peýdalanyp bilerler. 2003-nji ýylyň barlaglary Mongoliýada Internedi ulanyjylaryň diňe 50 000 sanysynyň bardygyny görkezdi, bu ýurduň ilatynyň 4% töweregini düzýär. Taslama onuň öňünde goýlan meseleleriň köpüsiniň ýerine ýetirilmegini üpjün eden hem bolsa, problemalaryň köpsanlysy saklanylyp galdy, hususan-da, garyp toparlaryň bähbitlerini haýsy görnüşde hasaba almaly, hyzmatlary alyjylaryň arasynda özara gatnaşygy nähili gowulandyrmaly we jemgyýetçiligiň gatnaşygyny nähili kepillendirmeli, zähmet

[47] Ýokarda görkezilende.

resurslaryny haýsy görnüşde täzeden okatmaly, guramalaryň gatnaşygyny nähili üýtgetmeli.

Çeşme: Mongoliýanyň salgyt edarasynyň informasiýasyndan gaýtadan işlenildi: http://www.mta.mn.

Elektron hökümetiň Mongoliýanyň salgyt edarasy ýaly ulgamlary raýatlar üçin hem, şeýle hem döwlet edaralary üçin hem operasion çykdajylary peseltmäge ukyplydyrlar, şunlukda salgytlaryň ýygnalyşy we döwlet operasiýalarynyň aýdyňlygy ýokarlanýar. Emma Mongoliýanyň salgyt gullugynyň mysaly garyplar üçin elektron hökümetiň işiniň konsepsiýasyny ulanmagyň ýetmezçiliklerini hem görkezýär. Bu problemalar öz içine infrastrukturanyň we ulgama birikmek mümkinçilikleriniň ýoklugyny, dil boýunça tapawutlary we sowatsyzlygy, döwlet edaralarynda dürli meseleleri ýerine ýetirmäge ukyply taýýarlanylan kadrlaryň ýoklugyny, gowşak talaby, meýilnamalaşdyrmagy we dolandyryşy, hem-de bolsa monitoringiň we bahalandyrmagyň netijeli usulyýetleriniň ýetmezçiligini alýar.

## Praktiki gönükme

Iki sany döwlet portalyna baha beriň (şol sanda, Siziň ýurduňyzdan). Potensialy gowşak we problemaly oblastlary kesgitläň, hem-de ýüze çykarylan problemalaryň çözüwini teklip ediň.

Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde elektron hökümetiň ulgamlaryny ulanmagyň beýleki oblastlary meýilnamalaşdyrmagyň we amala aşyrylmagyň dürli tapgyrlaryndadyrlar. Kambojada ýer uçastoklarynyň we ulag serişdeleriniň bellige alynmagynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin döwlet administrasiýasynyň Informasion ulgamy işlenilip düzüldi. Özi hem çözüwleri ylalaşmagyň elektron ulgamy ornaşdyryldy, administratiw hyzmatlaryň hili gowulandy, GGAMA (ASEAN) girilendigi üçin girdejileriň ýitirilmeginiň öwezini dolmak görnüşinde hökümete täze girdeji girmeler peýda boldular. Täze girdejiler gelip başladylar, emma administratiw prosesi ylalaşmagyň elektron ulgamyny ornaşdyrmagyň hasabyna gowulandyrmak entek amala aşyrmak tapgyrynda dur.

HHR we Tailand[48] ilatyň gowşak goralan we garyp toparlarynyň zerurlyklaryny hasaba alýan döwlet dolandyryşynyň elektron ulgamlaryny işläp düzmek boýunça kesgitli bir çäreleri amala aşyrdylar, emma netijeler dürli boldular. OTOR atly başlangyç, ol Tailandyň oba sebitlerinde elektron söwdany ösdürmäge niýetlenilendi, ol harytlary bazarlara üpjün etmek serişdeleri ýaly beýleki düzüm bölekleriň ýoklugy sebäpli ýeterlik şowly bolmady. Bu mysal goşmaça hereketler bolmasa IKT-ni girizmekden potensial bähbitleri gazanmagyň mümkin bolmajakdygyny görkezýär. Hytaýda işçi migrantlardan pikir soramalary geçirmek üçin wideokonferensiýalary geçirmek tehnologiýasy garyp adamlaryň çykdajylaryny tygşytlamagy üpjün edýän ýeterlik täze ideýa bolup durýar. Hytaý maksatnamasy tehnologiýany öňe sürmeklige görä has uly derejede sosial zerurlyklary hasaba alýar, bu onuň üstünligini düşündirýär.

Ýokarda gysgaça beýan edilen elektron hökümetiň maksatnamalary hökümet-raýatlar arabaglanyşygynyň amala aşyrylmagynyň mysaly bolup durýarlar, ol ýerde hyzmatlary üpjün edýäniň ösüşine uly üns berilýär. Elektron döwlet dolandyryşy hyzmatlary sarp edijileriň tarapynyň ösüşine ünsi jemleýär. Bu möhüm häsiýetnamany hasaba almak örän wajypdyr, sebäbi aşakda elektron döwlet dolandyryşynyň konsepsiýasyna seredilýär.

Elektron döwlet dolandyryşynyň ulgamy korrupsiýa bilen göreşiň iň bir netijeli usullarynyň biri bolup durýar. Elektron ses beriş, meselem, ses beriş prosesinde anomaliýalary gowşatmaga ukyplydyr. Haçan-da ähli hökümet proseduralary we prosesleri real wagt režiminde jemgyýetçilik tarapyndan dykgat bilen öwrenmek üçin açyk bolanlarynda köpçülikleýin informasiýa serişdeleri, raýatlaryň birleşmeleri we raýat jemgyýetçilik guramalary hökümetiň hereketine ýa-da hereketsizligine gözegçiligi amala aşyryp bilerler.

Satyn almagyň elektron ulgamy IKT-niň döwlet dolandyryşynyň işini gowulandyrmakda kömek bermäge ukyplydygynyň gowy mysaly bolup gulluk edip biler. Satyn almalaryň awtomatlaşdyrylan ulgamynyň girizilmegi tenderleri geçirmegiň prosesiniň standartlaşdyrylmagyna getirdi, olaryň netijeliligini ýokarlandyrdy, býurokratiki gatyşmaklygy peseltdi, kabul edilýän çözüwleriň obýektiwligini kepillendirdi we satyn almalary geçirmegiň prosesini aýdyňlaşdyrdy. Satyn alyjy bilen üpjün edijiniň arasynda teklipleri öňünden bahalandyrmak tapgyrynda we bahalandyrmak prosesinden soňra kontaktlaryň aradan aýrylmagy satyn almak boýunça teklipleriň alynmagynda we olary bahalandyrmakda obýektiwligi kepillendirýär hem-de parahorlyk üçin

[48] Ýokardakyda.

mümkinçilikleri ymykly peseldýär. Aýdyňlygy üpjün etmek maksatlary bilen ähli jikme-jik informasiýany saklaýan tender resminamalary websaýtda saklanylýarlar we gyzyklanýan üpjün edijiler tarapyndan mugt ýüklenilip alnyp bilnerler. Tender prosesiniň islendik pursadynda söwdalara gatnaşyjy oňa zerur bolan islendik informasiýa, şol sanda, öz konkurentleriniň atlaryna we informasiýalaryna, bahalaryň sanawyna, bahalandyrmagyň netijelerine, gyzyklanýan döwlet edarasy tarapyndan ýerine ýetirilýän çäreler baradaky informasiýa elýeterlilige eýedir.

Elektron döwlet dolandyryşy döwlet dolandyryşyna jemgyýetçiligi çekmegiň beýleki görnüşlerini hem mümkin edýär. Döwlet Internet-saýtlary we portallary anyk hyzmatlary hasaba almak bilen, öz hukuklary barada bilmek isleýän raýatlar üçin raýat düzgünnamalaryny öz içine alyp bilerler. Websaýtlar jemgyýetçilik diskussiýalaryny gurap we anyk aspektleriň onlaýn ses bermelerini geçirip bilerler, bu çözüwleri kabul etmek prosesini has giň etmäge mümkinçilik berýär. Internet-saýtlar gyzyklanýan döwlet edaralaryna jemgyýetçilik nägileliklerini gözegçilikde saklamakda hem-de raýatlaryň arzlaryna has operatiw we netijeli jogap bermekde kömek berip bilerler. Raýatlar bolsa, öz gezeginde, jemgyýetçilik soraglaryna ünsi çekmek we döwlet emeldarlary bilen özara gatnaşygyň mümkinçiligini almak bilen, öz soraglaryna we arz-şikaýatlaryna çalt jogaby alyp bilerler, hat-da hasabat kartoçkalaryny hem işläp düzüp bilerler we hökümetiň işiniň netijeliligine we hiline jemgyýetçilik gözegçiliginiň beýleki çärelerini amala aşyryp bilerler. Ýokarda görkezilen ähli çäreler ýeterlik pes çykdajylar bilen we geçen ýyllar bilen deňeşdireniňde has uly netijelilik bilen amala aşyrylyp bilnerler. Kabul ederlikli bahalar boýunça informasiýa elýeterliligiň degişli infrastrukturasyny (meselem, jemgyýetçilik telemerkezleri) ulanyp, hökümetler ilatyň garyp gatlaklaryna elektron döwlet dolandyryşyny ornaşdyrmagyň bähbitlerini ulanmaga mümkinçilik almagy kepillendirip bilerler.

Hökümetiň parahatçylyk atmosferasynda jemgyýetçiligi giňden çekmek bilen netijeli, hilli we durnukly funksionirlemegi ýurtlara ÖMMD-niň meselelerini has degerli ýerine ýetirmäge mümkinçilik bererler.

## Netijeleri jemlemek

- Hökümet formal superstrukturadan durýar, şol bir wagtda bolsa döwlet dolandyryşy hökümetiň işiniň netijelerine ynjalyksyzlyk bildirýär.

- IKT-ni hökümetiň işine ornaşdyrmagyň maksady döwlet dolandyryşyna jemgyýetçiligiň gatnaşmagyny we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny höweslendirýän oňaýly hyzmatlary raýatlara bermek bilen, netijeliligi ýokarlandyrmakdyr.
- IKT-ni hökümetiň işine ornaşdyrmak proseduralaryň aýdyňlygyny ýokarlandyrmagyň we döwlet işgärleri tarapyndan geleşiklerde ylalaşyklary bozmagyň (meselem, parahorlyk) mümkinçiliklerini minimuma eltmegiň hasabyna korrupsiýanyň derejesini ymykly peseldýär.

Praktiki gönükme

1. http://www.esevaonline.com websaýtyna baryp görüň we Hindistanyň Andra Pradeş ştatynyň sylaglar bilen bellenen elektron hökümetiniň hyzmatlaryny Siziň ýurduňyzyň şertlerinde ulanmak mümkinçiligine serediň.
2. Siziň ýurduňyzda elektron hökümet boýunça başlangyjyň mysalyny getiriň hem-de Siziň pikiriňizçe, eger-de olar ýalylar bar bolsa, taslamanyň artykmaçlyklaryna we ýetmezçiliklerine nämeleriň degişlidigini ara alyp maslahatlaşyň. Taslamanyň ýetmezçilikleri ýüze çykarylan halatynda olary aradan aýyrmagyň usullaryny görkeziň.

## 3.7 IKT we parahatçylyga ýetmek

Parahatçyyk ýok bolsa hiç bir hilli ösüş mümkin däldir. Bu ýönekeý düşünje bolup durýar. Ösmek we güllemek diňe sebitde parahatçylykly we durnukly ýagdaý bolanda mümkindir. Konfliktlere duçar bolýan sebitler hökmany suratda ösüşiň pes görkezijilerine eýedirler. Birnäçe ýurtlaryň we halkara guramalaryň onlarça ýyllarynyň şowly işleri konflikt dörän ýagdaýynda sanalgy hepdäniň içinde ýok edilip bilnerler. Konfliktleriň öňüni almak prosesini ýa-da ygtybarly parahatçylygy gurmak prosesini maliýeleşdirmekden alynýan peýda konflikti başdan geçiren ýurtlarda parahatçylygy gurmak we dikeltmek üçin gerekli maýa goýumlaryndan ep-esli ýokarydyr.

ICT4Peace[49] (IKT parahatçylyk üçin) IKT-niň häzirki wagtda diňe bir örän umumy kesgitlemesi bar bolan täze ulanylyş perspektiwaly sferasydyr. Ol IKT-leri

---

[49] Bu bölüm, esasan, şu çap edilişiň materiallaryndan ýazyldy: Daniel Stauffacher we başgalar, Parahatçylyk üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalaryň ulanylyşy: Öňüni almakda, reagirlemekde we konfliklerden soňky dikeldişde IKT-niň roly (Nýu-Ýork: BMG-yň IKT boýunça Ýörite Iş topary, 2005),

ulanmak mümkin bolan işleriň dürli görnüşlerini öz içine alýar, bu işleri konfliktleriň ýüze çykmagynyň öňüni almak we olaryň ösüşine gözegçilik üçin, parahatçylygy goldamak, ynsanperwerlik kömegini bermek, tebigy betbagtçylyklarda, parahatçylygy gurmak we dikeltmek boýunça operasiýalary goldamak üçin amala aşyrmak zerurdyr. Aşakda käbir mysallaryň gysgaça beýany getirilýär.

ReliefWeb[50] ynsanperwerlik gatnaşyklaryny utgaşdyrmak boýunça BMG-yň ofisiniň[51] (YGUO) gullugy bolup durýar, ol ynsanperwerlik informasiýasyny ýygnamak üçin Internet-resursdyr. Internet-saýt onlaýn-informirlemegiň hyzmatyny hödür edýär ('Web feed'), ol hyzmatdaş web-saýtlara anyk maglumaty bermegi üpjün edýär. Ulanyjylar öz gyzyklanma bildirýän materiallaryna gözegçiligi amala aşyrmak üçin parollar bilen goralan profillerini döredip bilerler. Onuň kömegi bilen her gün 2000-den hem köp çeşmeden 150 töweregi kartalar we resminamalar goýberilýär, ofisler täzelik maglumatlarynyň gije-gündizleýin täzelenmegini üpjün etmek üçin üç wagt zonalarynda ýerleşdirildiler.

Alertnet[52] Reýters Gaznasynyň taslamasy bolup durýar, ol çalt ösýän ynsanperwerlik katastrofalaryna we geljekki problemalaýyn situasiýalar barada irki habar berlişe aýratyn üns berýär. Meselem, öz gyssagly täzelikler gullugynyň, tebigy betbagtçylyklaryň fotografiki galereýasynyň we kömek barada täzelikleri bermek gullugynyň üsti bilen ('Aid agency News Feed') Alertnet kömek bermek boýunça agentlikleri öz wagtyndaky, ygtybarly we obýektiw informirlemek bilen üpjün edýär.

"Herekete taýýar Hökümet" taslamasy (GooB – Government out of the Box)[53] konfliktden soňra situasiýany dikeltmek üçin IKT-leriň nähili ulanylyp bilinýändiginiň mysaly bolup durýar. GooB taslamasy döwlet gurluşygynda ýüze çykýan kynçylyklaryny ýeňip geçmek üçin täze çemeleşmeleri we instrumentleri gözlemäge gönükdirilendir. Taslama krisizi başdan geçirýän ýurtlarda administratiw funksiýalary çalt dikeltmäge gönükdirilen instrumentleriň toplumyny öz içine alýar, şonuň bilen, bu ýurtlara öz raýatlaryna döwlet hyzmatlaryny bermäge mümkinçilik berýär. Bu instrumentler konfliktden soňky

---

http://www.unicttaskforce.org/perl/documents.pl?id=1571.

[50] Seret, "ReliefWeb," OCHA, http://www.reliefweb.int.

[51] Seret, OCHA, http://ochaonline.un.org.

[52] Seret, "Alertnet," Reuters Foundation, http://www.alertnet.org.

[53] "Krizislere gözegçilik üçin maksatnamalar: Kabinetden daşarda dolandyrmak", krizis ýagdaýlaryna gözegçilik üçin başlangyç, http://www.cmi.fi/?content=cpcr_programme.

situasiýalarda we konfliktler tamamlanan ýurtlarda işlän her ýagdaýlarynda halkara derejesinde hereket edýän şahslaryň ygtyýarynda bolmalydyrlar. Bu instrumentariý täze döredilen döwlet edaralaryna goldawy we kömegi çaltlaşdyrmalydyr we gowulandyrmalydyr. Berilýän instrumentler standart, emma şol bir wagtda masştablamak mümkinçiligi bilen bolmalydyrlar, hem-de mümkin bolanda olar dürli ýagdaýlara ýaramly edip bolar ýaly çeýe bolmalydyrlar.

Konfliktlerden soňra situasiýany dikeltmek prosesinde IKT-ler baglaşylan ok atmagy bes etmek baradaky ylalaşygyň şertlerini uruşýan taraplaryň we ýerli jemgyýetçiligiň arasynda ýaýratmak üçin, hem-de situasiýany aýdyňlaşdyrmak prosesinde we goldawy guramakda ulanylyp bilnerler. IKT-leri harby tribunallaryň we derňew iş toparlarynyň harby jenaýatçylyk barada informirlenmegini ýokarlandyrmak üçin hem ulanyp bolar, bu kanunçylygyň dabaralanmak maksatlary üçin gerekli prosesleriň jemgyýetçilik tarapyndan düşünilmegini ýokarlandyrýar.

IKT-leriň goldawy bilen amala aşyrylýan we parahatçylygy gurmaga gönükdirilen kampaniýalar syýasy liderlere täsir etmäge hem-de ýerli jemgyýetçilikleriň arasynda informasiýanyň alyş-çalşygyny we dialogy guramagy höweslendirmäge ukyplydyrlar. Ahyrky derňewde adamlaryň arasynda dialogy we gös-göni ara alyp maslahatlaşmalary alyp barmak üçin gurşaw döredilmelidir – bu hoşniýetlilik atmosferasyny döretmek boýunça uzak prosesdir, ol parahatçylygy gurmak prosesini höweslendirmelidir.

## Netijeleri jemlemek

- IKT konfliktleriň öňüni almakdan başlap, ondan soňra uly masştably we kiçi konfliktleriň berýän erbet netijelerini azaltmak bilen, parahatçylygy gurmak üçin ulanylyp bilner.

## Praktiki gönükme

1. YGUO ofisiniň websaýtyna gelip görüjileriň maksatlaýyn auditoriýasyny kesgitläň. Bu webresurs haýsy maksatlary yzarlaýar? Bu websaýt parahatçylygy gurmak maksatlary üçin Siziň pikiriňizçe nähili derejede netijeli ulanylýar?
2. Siziň ýurduňyzda ýa-da dünýäniň islendik bir beýleki nokadynda ýaragly konflikt barada informasiýany gözläň. Konflikti beýan ediň (onuň ýüze

çykmagynyň sebäpleri näme, ol nähili başlandy, kim oňa gatnaşýar, onuň netijeleri nähili). Soňra konfliktli ýagdaýy çözmek ýa-da onuň netijeleriniň birini ýa-da birnäçesini gowşatmak üçin IKT-ni ulanmak boýunça anyk maslahat bermeleri işläp düzmek gerek. Siziň teklip edýän IKT-leriňizi ulanmagy beýan edýän maslahat bermeleriňiz maksimal derejede jikme-jik bolmalydyrlar (ýagny haýsy tehnologiýalar ýa-da tehnologiýalaryň kombinasiýalary ulanylarlar, taslama kim gatnaşar, onuň maksatlary nämeler, taslamanyň çen edilýän netijeleri nämeler).

Bu bölümde Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ösüşiniň anyk pudaklarynyň problemalaryny çözmäge niýetlenilen IKT-leriň dürli mümkin bolan ulanmalary beýan edildi. Diskussiýa sektorlar boýunça aýratynlykda gurnalan bolsa hem, ÖMMD-ä ýetmek maksatlary üçin IKT-ni ulanmagyň jemgyýetiň ösüş prosesine has toplumlaýyn çemeleşmäni mümkin edýändigini bellemek gerekdir. Beýle çemeleşme zerurdyr, sebäbi jemgyýetiň ösüş prosesinde bir sektordaky şowsuzlyklar beýleki sektorlara otrisatel täsiri berip bilerler (meselem, ählumumy bilimi üpjün etmegiň mümkin däldigi garyplyk bilen göreş prosesinde minimal üstünlikleri ýa-da olaryň doly ýoklugyny aňladyp biler). Emma käbir ýurtlaryň ösüş maksatlary IKT-ni ulanmakda üstünlikleri gazanan wagtynda jemgyýetiň ösüş prosesine IKT-ni çekmegiň prosesi gorkuzyjy pes derejede bolan ýurtlaryň köpsanlysy bardyr. Indiki bölüm bu garşylyklary ýeňip geçmegiň usullaryny ara alyp maslahatlaşar.

## Özüňizi barlaň

Öz ýurduňyzda ösüşiň haýsy hem bolsa bir sektoryny saýlap alyň hem-de bu sektorda ÖMMD-ni amala aşyrmagy gowulandyrmak, optimallaşdyrmak ýa-da çaltlaşdyrmak üçin IKT-ni ulanmagyň mümkinçiligini teklip ediň. Sektory we onuň jemgyýetiň ösüşiniň beýleki oblastlary bilen baglanyşyklaryny beýan ediň.

Saýlanyp alnan sektorda IKT-ni ulanmagy esaslandyrmak boýunça öz jogabyňyzy ýurduňyzyň Maliýe ministrliginiň salgysyna hat görnüşinde ýazyň.

# 4. ÖSÜŞ ÜÇIN IKT-NI ULANMAGYŇ ESASY FAKTORLARY

Bu bölümiň meseleleri:

- IKTÖ taslamalarynyň we maksatnamalarynyň üstünligini ýa-da şowsuzlygyny kesgitleýän esasy aspektleri ara alyp maslahatlaşmak;
- IKT we ösüş prosesiniň arasyndaky özara gatnaşyklaryň uly soraglaryny ara alyp maslahatlaşmagy geçirmek;
- Bu modul we IKTÖ AÝOM-yň okuw kurslarynyň tapgyryndaky indiki modullar bilen esasy arabaglanyşyklary kesgitlemek.

## 4.1 IKTÖ syýasaty

IKT-ni öňe sürmegiň syýasatynyň ýa-da olary ulanmagyň ilkinji bolýandygy barada hemişelik jedel bardyr. Bu sorag towugyň ýa-da ýumurtganyň ilkinjidigi baradaky soraga meňzeşdir. Käbir situasiýalarda IKT-ni ulanmagyň faktlary syýasy maksatnamalaryň ösüşine eltýär, beýlekilerinde bolsa – syýasat we administraiw çäreler IKT-ni ulanmagyň gerekdigini kesgitleýärler. Modulyň maksady bu jedeli dowam etmek däldir, eýsem syýasy soraglaryň hem we praktiki soraglaryň hem zerur çäreler bolup durýandygy, syýasaty, meýilnamalaşdyrmagy we amala aşyrmagy formulirlemek derejelerinde aýdyňlygy üpjün etmegiň zerurlygynyň bardygynyň faktyny tassyklamakdyr. Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ýurtlary üçin aýdyň rugsat beriji syýasat birinji tapgyr bolup durýar, onda döwlet derejesinde kabul edilen çözüwler aýratyn möhüm roly oýnaýarlar. Bu tapgyryň 2-nji Modulynyň IKT-syýasatyny emele getirmek proseslerine giňden seredýändigi, 7-nji Modulynyň bolsa IKT taslamalaryny meýilnamalaşdyrmaga üns berýändigi sebäpli, bu ýerde ösüşe gönükdirilen maksatnamalarda we syýasy çözüwlerde IKT-niň mazmun we ulanmak masştaby manysynda çözüwleri kabul etmekde umumy soraglary we meýilnamalary beýan etmegiň synanyşygy ýönekeý amala aşyrylar.

Ösýän ýurtlaryň köpüsinde IKTÖ syýasaty informasion tehnologiýalar we telekommunikasiýalar üçin jogap berýän departamentleriň ýa-da bölümleriň erk-ygtyýaryndadyr.[54] Bu bölümler, adatça, biznes we tehniki soraglara has uly ünsi we çendenaşa bazar ugruny berýärler hem-de olary ösüşe ýeterlik

[54] Anita Gurumurthy we Parminder Jeet Singh, Informasion jemgyýetiň syýasy ykdysadyýeti: Günorta nukdaýnazary (Montewideo: Institutodel Tercer Mundo, 2005), 18, http://wsispapers.choike.org/papers/eng/itfc_political_economy_is.pdf.

gönükdirmeýärler. Hat-da eger-de käbir IT ýa-da telekommunikasion pudaklaryň özleri ösüşe gyzyklanýan bolsalar hem, olar öz problemalaryny çözmekde, esasan, ösüşe gönükdirilen däl-de, eýsem tehniki çemeleşmäni ulanýarlar, bu tehniki çemeleşmede üns adamlaryň zerurlyklaryna we ýaşaýşyň hilini ýokarlandyrmagy üpjün etmäge däl-de, eýsem infrastruktura we kommunikasiýalara, elektron döwlet dolandyryşyna, hyzmatlary elektron üpjün etmeklige we artdyrmaklyga berilýär. Beýleki tarapdan, ösüş üçin jogap berýän departamentler, adatça, IKTÖ-ni netijeli ulanmaga gönükdirilmä eýe däldirler. Hat-da, eger-de beýle gönükdirilme bar hem bolsa, olar IKTÖ-ni ulanmagyň syýasatyna ymykly täsir etmäge ukyply däldirler, bu bir tarapdan olaryň IT-bölümler bilen netijeli özara täsire ukyly däldikleri üçin bolup geçýär. Ýagdaýyň kem-kemden üýtgäp başlan wagtynda IKTÖ-ni ornaşdyrmagyň tehniki bölümleriň hem, şeýle-de ösüş üçin jogap berýän departamentleriň hem çekilmeginde täze strategiýalaryny işläp düzmegiň möhümdigine we zerurdygyna düşünmek gerekdir, ýogsam-bolmasa IKT-ni strategiki ulanmagyň netijesi bolup durýan ösüş boýunça görlüp-eşidilmedik mümkinçilikler elden giderlip bilnerler.

IKTÖ syýasatyny işläp düzmek IT oblastyndaky syýasatdan örän tapawutlydyr. Ol inžener işi we oba sosiologiýasy ýaly biri-birinden şeýle tapawutlanýan dersleriň birleşdirilmegini talap edýär. Hakykatdan hem, IKT-ni ösüş maksatlary üçin ulanmak kollektiw tagallalary goýmagy talap edýän köp profilli meseledir. Partnýorçylyk we hyzmatdaşlyk IKTÖ-niň syýasatyny, meýilnamalaşdyrylmagyny we durmuşa geçirilmegini işläp düzmekde hökmany bolup durýarlar.

Bu modulyň 2.2. bölüminde IKT-ni ulanmagy giňeltmegiň kesgitleýji faktory hökmünde tehnologiýalaryň konwergensiýa faktoryna salgylanma berlipdi. Özi hem IKT-niň konwergensiýasynyň ýöne bir tehnologiýa garanyňda has uly zady aňladýandygy barada pikir aýdylýar. Bu gün bu köp dissiplinalaryň birleşdirilmegini, ýagny takyk ylymlaryň konwergensiýasyny (dolandyryş teoriýasy, ulgamlaryň we statistikanyň teoriýasy), tehnologiýalaryň konwergensiýasyny (informasion tehnologiýalar, elektronika we elektrotehnika), hem-de bolsa jemgyýetçilik we ykdysady ylymlaryň konwergensiýasyny (dolandyryş teoriýasy, sosiologiýa, psiholingwistika, ykdysadyýet we başgalar) aňladýar. Degişlilikde, ösüşiň islendik oblastyna IKT-ni ornaşdyrmak wezipeleriň we borçnamalaryň struktura taýdan paýlanan guramalaryň çäklerinde ymykly sosial we medeni özgertmeleriň girizilmegini talap edýär.

Döwlet edaralaryny, hususy sektory we raýat jemgyýetçiligini öz içine alýan parallel konwergensiýa ýa-da milli alýans milli ösüş maksatlary üçin IKT-ni ulanýan täze gurşawyň berýän mümkinçiliklerini maksimal ulanmalydyrlar. Hökümet oňaýly syýasy we sazlaýjy gurşawy döredip biler, siwilizasiýanyň dürli eşretlerinden mahrum bolan ýerleri ösdürmek üçin umumy gaznalary berip biler, elektron hökümeti girizip biler, döwleti ösdürmek maksatlary bilen IKT-ni ulanmagy giňeltmäge gyzyklanmany döwlet derejesinde güýçlendirip biler. Hususy sektor, öz gezeginde, IKT üçin infrastrukturany berip biler we hyzmatlar sferasynyň ösüşine maýa goýumlaryny amala aşyryp biler.

8-nji Modulda giňden seredilýän Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy (DHH) köp görnüşleri – umumy sosial jogapkärçiligiň düzüm bölegi hökmünde kompýuterleriň amaly maksatnamalaryny işläp düzmekde ýönekeý hyzmatdaşlykdan, hususy sektoryň işläp düzýän, eýeçiliginde we ulanyşynda bolan, açaryny towlaýmaly edip tabşyrylan, doly gutarylan taslama çenlileri öz içine alyp biler. Hyzmatdaşlygyň beýle görnüşlerinden bähbit garyp hökümetleriň özlerine mümkinçilik berip bilmejek, ägirt maliýe we tehniki infrastrukturalary döretmek boýunça işleri hususy sektoryň eginlerine goýup bilýändiginden ybaratdyr, hususy sektor netijeli we has pes baha bilen beýle taslamalary durmuşa geçirmek üçin tehnologiýalary ýaýbaňlandyrmaga ukyplydyr.

Raýat bileleşigi öz agzalaryny mobilizlemäge hem-de garyplygyň derejesini peseltmek we bilelikdäki hereketleriň üsti bilen elektron çekiliş (e-inclusion) üçin degişli gurşawy döretmäge ukyplydyr. Eýeçilige ýa-da ulanyşa hukuk, ýetilen üstünlikler üçin buýsanç duýgusyny bermek bilen, jemgyýetçiligiňki we bileleşige degişli bolýarlar, hem-de maýa goýumlaryny yzyna gaýtarmak prosesi ymykly çaltlanýar. Gyzyklanýan taraplaryň köpsanlysy çekilýän hyzmatdaşlygyň beýle görnüşinde milli alýansdaky her partnýor öz işleşýän bileleşikleri bilen hyzmatdaşlygy guramak prosesinde öz hususy ideýalaryny we modellerini goşýarlar, olar ilatyň garyp gatlaklary ahyrky benefisiariýler bolup durýan ornaşdyrylmagyň başlangyç tapgyrynda has laýyk bolup bilerler.

IKT-ni ornaşdyrmak bilen bilelikde bolup geçýän dünýä liderleriniň, syýasatçylarynyň, telekeçileriniň we professional ylmy barlagçylaryň gatnaşmagyndaky reklama galmagaly IKT-ä we olary işläp düzmek boýunça jogapkär ylmy barlagçylara ýetilen üstünlikler üçin hem, şeýle-de goýberilen ýalňyşlyklar üçin hem uly jogapkärçiligi ýükleýär. Ondan hem has möhüm zat, IKT guramanyň ýa-da bileleşigiň hemme burçlarynda bolup geçýän üýtgeşmeler bilen jemgyýetçilige, köplenç öňünden aýdyp bolmaýan netijeler bilen, ýaýraýan

täsiri amala aşyrýar. Bu ýetilýän netijeler we soňraky gelip çykýan netijeler babatynda kesgitsizlige getirýär.

IKT-ni ulanýan taslamalaryň kökünde adatylardan tapawutlanýandygynyň faktyny bellemek möhümdir. Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň käbir ýurtarynda düzleýji çäreleriň we bahalary emele getirmegiň üsti bilen tehnologiýalaryň saýlawyny we bu tehnologiýalaryň kömegi bilen elýeterli boljak informasion mazmuny gözegçilikde saklaýarlar. Syýasaty döretmek üçin struktura esaslar hem uly merkezleşmeklige we tehnologiýalara gözegçilige tendensiýa eýedirler. Bu hilli administratiw tejribelik IKT-niň potensialy bilen konflikte girýär. Tehnologiýalar enjamlary öz içine hökmany suratda almaýarlar, olar dolandyryş we ulanyş aspektleriniň bitewi toplumy bolup durýarlar. Diýmek, öz ulanyşyny gözegçilikde saklaýan strategiýalar açyk, çeýe, innowasion we duýgur bolmagyna galmalydyrlar. IKT-leri ulanýan taslamalaryň we maksatnamalaryň anyk zerurlyklarynyň dogry hasaba alynýandygyna göz ýetirmek üçin olara ýygy-ýygydan täzeden seretmek gerekdir.[55] 2-nji Modul IKTÖ-ni ulanmagyň teoriýasynda we tejribeçiliginde utgaşdyrmagyň beýle görnüşiniň jikme-jik ara alyp maslahatlaşylmagyny öz içinde saklaýar.

Adaty hökümetler tarapyndan ösüşiň giňeldilen meýilnamasynyň düzüm bölegi hökmünde işlenilip düzülen we ornaşdyrylan başlangyçlar, adatça, bar bolan guramalaryň "konserwatizmini" şöhlelendirýärler: olar özünde iýerarhiki we býurokratiki dolandyryş ulgamlaryny utgaşdyrýarlar. Emma taslamalaryň we başlangyçlaryň merkezleşdirilen görnüşde amala aşyrylýan taslamalaryndaky dolandyryş modelleri ýerli zerurlyklary adekwat hasaba almaga ukyply däldirler. Olaryň gönükdirilen jemgyýetçilik toparlaryny işeňňir çekmek bilen ýerli çözüwleri işläp düzmäge zerurlyk bar. 3-nji Modul döwlet edaralarynyň hem, şeýle-de raýatlaryň hem çekilmegi bilen, IKT-ni ulanmagyň taslamalaryny taslamalaşdyrmak prosesini we işlenilip düzülişini ara alyp maslahatlaşýar.

IKT-niň kömegi bilen taslamalary dolandyrmak prosesine däp bolan çemeleşme köplenç, ilkinji nobatda, infrastrukturanyň gerekdigini çen edýär, hem-de, diýmek, gurluşyga, enjamlara we işgärler düzümini hakyna tutmaga maýa goýumlary çözülmegi talap edýän birinji nobatdaky soraglar bolup durýarlar. Maýa goýumlarynyň esasy bölegi, adatça, bu hilli goşmaça çykdajylara harçlanýar, hem-

[55] Usha Vyasulu Reddi we Rukmini Vemraju, Sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmak üçin IKT-ni ulanmak, redaktorlar Anita Gurumurthy, Parminder Jeet Singh, Anu Mundkur we Mridula Swamy, Informasion jemgyýetçilikde gender soraglary (BMGÖM-APDIP we Elsevier, 2006), http://www.apdip.net/publications/t4d/GenderIS.pdf.

de resurslaryň diňe uly bolmadyk bölegi taslamanyň çäklerindäki işiň özüni maliýeleşdirmek üçin galýar. Adamlara, sosial ylmy-barlaglaryň hilini üpjün etmäge, taslamany dolandyrmaga, jemgyýetçiligi taslama mobilizlemäge we çekmäge parallel maýa goýumlar örän seýrek amala aşyrylýarlar. Şeýlelikde, anyk IKTÖ taslamasynyň tehniki aspektiniň işlemegi, emma adamlaryň durmuşynda diňe uly bolmadyk üýtgemelere getirmegi geň galarlykly däldir. 7-nji Modul IKTÖ taslamalaryny dolandyrmaga aýratyn ünsi berýär, 8-nji Modul bolsa IKTÖ maksatnamalaryny we taslamalaryny maliýeleşdirmegiň dürli modellerine seredýär.

Ösýän ýurtlar tarapyndan IKT-leriň maksimal ulanylmagy diňe bir IKTÖ tarapyndan berilýän mümkinçiliklere düşünmegi talap etmän, eýsem degişli üstüne goýulýan çäklendirmelere we hat-da mümkin oňuşmaklyklara hem düşünmegi talap edýär. Taslama sikliniň esasy elementi hökmünde IKT-ni haçan we nirede goşmagy (ýa-da goşmazlygy) bilmek möhümdir. Hem-de, eger-de, IKT-ni ulanmak baradaky bu hilli çözüw kabul edilen bolsa, IKT-niň taslama sikline nähili integrirlenýändigini gözegçilikde saklamak gerekdir. Indiki bölümde serediljek birnäçe problemalar bardyr.

## Netijeleri jemlemek

- IKTÖ strategiýasy taslamalary meýilnamalaşdyrmagyň, dolandyrmagyň we durmuşa geçirmegiň ykdysadyýetiň we jemgyýetiň dürli sektorlarynyň çekilmegi we işeňňir gatnaşmagy bilen häsiýetlenýän täze ulgamlaryny döretmegi talap edýär.
- IKT-ni maksimal netijeli ulanmak olaryň potensialyna, şeýle hem olar tarapyndan goýulýan çäklendirmelere düşünmegi talap edýär.
- Konwergensiýa tehnologiýalary ýöne bir toplumlaýyn ulanmakdan uly zady aňladýar. Bu köp dersleriň, hususan-da, tehniki ylymlaryň, hem-de bolsa sosial we özüňi alyp baryş ylymlarynyň birleşmegini aňladýar.
- Konwergensiýa köpsanly gyzyklanýan taraplaryň hyzmatdaşlygyny hem aňladýar, onda hökümet oňaýly syýasaty, administrirlemek ulgamyny, maliýeleşdirmegi we potensialy döretmegi üpjün edip biler; hususy sektor infrastrukturany gurmak we hyzmatlar sferasyny ösdürmäge maýa goýumlary bilen meşgul bolup biler; raýat jemgyýetçiligi jemgyýetçilik toparlary bilen işläp biler, jemgyýetçilik toparlary bolsa başlangyçlary orta atyp we öňe sürüp bilerler.

## Praktiki gönükme

Ýurduňyzda haýsy departamentiň IKT-ni ulanmagyň strategiýasyny işläp düzmäge jogap berýändigini anyklaň. Bu departamentiň oňa ministrlikler – hyzmatlary berýänler hem, şeýle-de ministrlikler – sarp edijiler hem girýän pudagara ýa-da ministrlikleriň arasyndaky maslahat beriji topary barmy? Eger-de bu hilli topar bar bolsa, onuň düzümini derňemek we onuň işine ähli gerekli hünärmenleriň gatnaşýandygy barada netijä gelmek gerek.

Beýle maslahatçy topar ýok bolsa, onda Size ony döretmek tabşyryldy diýip göz öňüne getirmek gerek, onuň döredilmeginiň we oňa gatnaşyjylaryň düzüminiň zerurlygyny (haýsy döwlet guramalarynyň toparyň düzüminde bolmagyny görkezmeli) esaslandyrmak üçin Siz haýsy argumentden ugur alarsyňyz?

## 4.2 IKTÖ çärelerini meýilnamalaşdyrmak

IKTÖ-ni ulanmagyň soragyna seretmek bilen, ilkinji nobatda, taslamanyň IKT-niň esasynda ýa-da IKT-niň goldawynda amala aşyryljakdygy barada çözüwi kabul etmek gerek. Iki çemeleşme hem möhümdir, hem-de tejribeçilikde ösüşiň maksatnamalarynda we taslamalarynda IKT-ni ulanmagyň usullarynyň köpsanlysy bardyr. Birinji çemeleşme (IKT-niň esasynda) öz wagtynda we gerekli informasiýany IKT-niň üsti bilen almak ykdysady ösüşi höweslendirer diýip göz öňünde tutýar, sebäbi bu ýagdaýda girdeji almak mümkinçilikleri berilýär. Meselem, telemerkezler ýaly taslamalar elektron poçta elýeterliligi guramagy we websaýty marketing guraly hökmünde ulanmagy göz öňünde tutýar: bu çäreleriň kömegi bilen harytlaryň reklamasy üçin we satuwlaryň göwrüminiň artdyrmak mümkinçiligi ýüze çykýar. Ondan başga-da, bu çemeleşme, ähtimal, kommunikasiýalaryň özleri hem eýýäm gowy netije bolup durýar diýip hasaplar. IKT-niň goldawy bilen amala aşyrylýan ikinji çemeleşme, birinjiden, taslamanyň olary çözmäge niýetlenýän ösüş maksatlaryny aýdyňlaşdyrýar; informasion we kommunikasion zerurlyklary işläp düzýär; hem-de diňe ondan soňra goýlan maksatlara ýetmek we bar bolan problemalary çözmek üçin IKT-ni ulanmagyň tygşytly usullaryna üns berýär.

Usullaryň haýsysynyň saýlanyp alnanyna bagly bolmazdan, taslamanyň we reallygyň arasynda mazmunda, meýilnamalaşdyrmak usullarynda we taslamany

durmuşa geçirmekde, düşünmekde we dürli gatnaşyjylar tarapyndan uýulýan filosofiýalarda gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagyndan gaça durmak üçin taslamanyň dykgat bilen meýilnamalaşdyrylmagyny ýerine ýetirmek zerurdyr. Meýilnamalaşdyrmak bolmasa prioritetler, maýa goýumlar, amala aşyrmak prosesi we ýetilen netijeler arasynda laýyk gelmezlikler örän ýygydan ýüze çykýarlar.

Awstraliýanyň halkara ösüş boýunça agentligi (AHÖA)[56] IKTÖ taslamalaryny işläp düzmek üçin usulyýeti we anketany işläp düzdi, ol meýilnamalaşdyrmak prosesine aýdyňlyk girizmäge kömek berer.

Ara goşma 2. IKTÖ-ni ulanmak boýunça gollanma

| | |
|---|---|
| Näme üçin? | IKT-niň esasynda amala aşyrylýan taslamany ulanmak garyplyk bilen göreşde anyk maksada ýetmegiň aýdyň meselesine eýemidir? |
| Kim? | Garyplyk bilen göreş boýunça çäreler gönükdirilen maksatlaýyn topar anyk kesgitlenildimi? |
| Haýsy görnüşde? | IKT-niň kabul edilýän görnüşi çykdajylaryň göwrüminiň meýilnamasy, berilýän goldaw, oňa hyzmat bermek we bar bolan informasion akymlar bilen ylalaşyklyk babatynda esaslandyrylanmy? |
| Nähili? | IKT-niň kabul edilýän görnüşi onuň soňraky gaýtadan ulanylmagyna we giňeldilmegine mümkinçilik bermek üçin masştablanýan görnüşdemidir? |
| Nähili? | Gerekli araçylar çekilýärlermi? |
| Nähili? | Döwletiň we hususy sektoryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň göwrümi nähili? |
| Näme? | IKT-niň kömegi bilen geçirilýän informasiýanyň mazmuny auditoriýanyň häsiýetine laýyk gelýärmi hem-de informasiýany bu hilli geçirmek maksatlaýyn auditoriýanyň düşünmegi üçin elýeterli bolan dilde amala aşyrylýarmy? |
| Näçe uzak? | Taslama öz-özüne ýeterliklimi we haýsy döwrüň dowamynda? |
| Nähili gowy? | Ölçemeleriň, gözegçiligiň we bahalandyrmagyň haýsy usulyýetlerini ulanmak göz öňünde tutulýar? |

[56] Richard Curtain, *Informasion we kommunikasion tehnologiýalar we ösüş: goldawmy ýa-da päsgelçilik?* (Kanberra: AusAID, 2004), 29, http://www.developmentgateway.com.au/jahia/webdav/site/adg/shared/CurtainICT4DJan04.pdf.

| | |
|---|---|
| Mümkin bolan töwekgellikler? | Töwekgellikleri dolandyrmak: “Taslamany amala aşyrmak prosesinde haýsy garaşylmadyk wakalar we ýagdaýlar ýüze çykyp bilerler” we “Olary çözmek üçin näme kabul etmeli?” |

Çeşme: Richard Curtain, *Informasion we kommunikasion tehnologiýalar we ösüş: goldawmy ýa-da päsgelçilik?* Kanberra: AusAID, 2004), 29, http://www.developmentgateway.com.au/jahia/webdav/site/adg/shared/CurtainICT4DJan04.pdf.

Bu problemalary ähli hyzmatdaşlar we gyzyklanýan taraplar bilen bilelikde maslahatlar bilen çözmek IKTÖ taslamalarynyň köpsanlysynyň şowsuzlygynyň sebäpleri bolan ýalňyşlardan gaça durmak üçin taslamany işläp düzmekde we durmuşa geçirmekde kömek berip biler. IKT-niň anyk çärelerinden alnan sapaklar[57] IKTÖ-ni meýilnamalaşdyrmakda netijeli tejribäniň bu komponentleriniň örän möhüm roly oýnaýandygyny tassyklaýarlar.

Birinjiden, IKT-başlangyçlar öz ösüş maksatlaryny we garaşylýan netijelerini kesgitlemekde anyklyga eýe bolmalydyrlar. AHÖA tarapyndan geçirilen derňewiň- wirtual Kolombonyň barşynda, awtor[58] IKT-taslamanyň maksatlarynyň ÖMMD-iň anyk maksatlaryna fokusirlenen we anyk baglaşdyrylan bolmalydyr diýip tassyklaýar. Jebis baglanyşyklary döretmegiň gymmatlylygy ösüşiň anyk maksatlaryna ýetmekde pratiki netijeleri görkezmeýän taslamalary aradan aýyrmak mümkinçiliginiň ýüze çykýandygyndan ybaratdyr. Bu taslamanyň IKT esasynda bolmalydygyny ýa-da IKT-goldawa eýe bolmalydygyny kesgitlemekde hem kömek bermelidir. Bu soňra ulanylýan tehnologiýalaryň saýlawyny ýeňilleşdirer. Bu iş taslamanyň şowsuz bolmagynyň ähtimallygyny azaltmak manysynda uzak ýoly geçmelidir.

Ikinjiden, IKTÖ-ni ornaşdyrmak taslamalary üpjün etmeklige däl-de talaba oriýentirlenen bolmalydyr, özi hem talap bileleşigiň özünden gelip çykmalydyr. Bu bileleşik bilen hyzmatdaşlygyň şertlerini döretmegiň gerekdigini şertlendirýär we bileleşigiň özünde eýeçilik hukuklaryny terbiýelemegi höweslendirýär.

Üçünjiden, IKT-çözüwler ýerli şertleri we çäklendirmeleri, şol sanda, infrastruktura, elýeterlilik, ýerliklilik we dil soraglary bilen baglanyşykly bolanlary

---

[57] Accenture, Markle Gaznasy we UNDP, Ösüş dinamikasyny döretmek: Sifrleýin mümkinçilik başlangyjynyň ahyrky hasabaty (2001), http://www.opt-init.org/framework/DOI-Final-Report.pdf.

[58] Curtain, ýokarda görkezilenden, 29.

hasaba almalydyrlar, hem-de olar işe ukyply we durnukly bolmalydyrlar. Birikmek tehnologiýasyny; kompýuteriň apparat we maksatnama üpjünçilik elementlerini; hakerlerden, wiruslardan we howpsuzlygyň beýleki bozulmalaryndan ulgamyň we maglumatlaryň goragyny üpjün edýän howpsuzlyk ulgamlaryny ulanmak bilen elýeterliligi guramak tehnologiýasynyň saýlawy hem örän möhümdir. 4-nji, 5-nji we 6-njy modullar bu soraglara has jikme-jik seredýärler.

Dördünjiden, hökümet tarapyndan güýçli syýasy erk talap edilýär. Bu hilli borçnamalar göwrümi boýunça hem, şeýle-de olaryň paýlanylyşynyň häsiýeti boýunça hem, ýeterlik býujet assignowaniýeleri bilen goldanylmalydyrlar. Eger-de resurslar çäklendirilen bolsalar, onda köptaraplaýyn hyzmatdaşlyklar her aýratyn gatnaşyja ýüki azaltmaga ukyplydyrlar. Hyzmatdaşlygyň köptaraply görnüşlerini döretmek ýoly bilen hökümet infrastrukturany döretmek we netijeli ýaýratmak böleginde, hem-de bolsa üstünlikli pilot taslamalaryny öňe sürmekde we masştabirlemekde öz hususy roluny peseltmäge ukyplydyr. Hususy sektor we raýat jemgyýetçilik guramalary taslamanyň mazmun bölegini işläp düzmekde maliýe kömegini berip bilerler, hem-de bolsa jemgyýetçiligiň gatnaşmagyny höweslendirip we ýeňilleşdirip bilerler. Bu maksatlary üpjün etmek üçin strategiki halkara we sebitleýin hyzmatdaşlyklar döredilip bilnerler. Ähli umumy bähbit üçin ýeterlik däl resurslary birikdirmek ýoly bilen uniwersal ulgamlary döretmek mümkinçiligi derňewden geçirilip bilner. Bu derejedäki hyzmatdaşlyk kesgitli wagty alar, emma alnan netijeler ähli gyzyklanýan taraplar üçin peýdaly netijeleri üpjün etmäge ukyplydyrlar.

Bäşinjiden, IKT-taslamalaryň möhletlere bagly bolman ýa-da diňe bir goýlan maksatlara ýetmekden ugur alýan bolman, eýsem anyk proseslere gönükdirilen bolmagy zerurdyr. Ösüşiň taslamalarynyň köpüsi, aýratyn hem olar donorlar tarapyndan maliýeleşdirilýän bolsalar, fiksirlenen maksatlar bilen iş salyşýarlar we fiksirlenen wagt çäklerine eýedirler. Bu çäklendirmeler meýilnamalaşdyrmak prosesine degişli bolsalar hem, IKT-leri ösüş gurallary hökmünde netijeli ulanmagyň olaryň uzak möhletleýin we üznüksiz ulanmagyny talap edýändigini faktyny ykrar etmek zerurdyr. Bu IKT-leri ulanmagyň guramalarda we jemgyýetçilikde özüňi alyp baryş hem, şeýlede ulgamlaýyn üýtgemeleri hem talap edýändigi üçin bolup geçýär, şonuň üçin IKT-niň jemgyýetiň sosial tarapyna tanyşdyrylan bolmagy üçin ýeterlik döwri bermek zerurdyr. Peýdalanmak, gerekli tehnologiýalary ulanmak, infrastrukturany gurmak, taslamany işde ulanylyş boýunça çözüwleri kabul etmek bilen bagly wagt togtatmalaryny göz öňünde tutmak hem zerurdyr. Idealda bu prosesler parallel bolup geçmeli bolsalar hem, hakykatda olar başda meýilnamalaşdyrylanyna garanyňda uly wagt çäkleriniň

berilmegini şertlendirip, yzygiderli amala aşyrylýarlar.[59] Bu sebäp boýunça, käwagt, haçan-da taslama praktiki netijeleri görkezip başlanda, onuň amala aşyrylmagynyň fiksirlenen döwri eýýäm tamam bolýar, donorlaryň maliýeleşdirilmegi bes edilýär, hem-de taslama taşlanylan bolup çykýar.

Tehniki çözüwleri kabul etmegiň tertibi hem möhüm sorag bolup durýar. Reddi we Dighe tehniki çözüwleri kabul etmekden öň seretmek zerur bolan şu aşakdaky soraglary sanap geçdiler:

- Tehnologiýalar ýeňil elýeterlimidirler? Saýlanylyp alnan tehnologiýa üçin fiziki şertler esaslandyrylanmydyrlar (meselem, elektriki üpjünçiligiň bar bolmagy)?
- Elýeterliligi üpjün etmek üçin haýsy çäreler kabul edilýärler? Tehniki merkez nirede ýerleşýär? Bu ýerleşiş maksatlaýyn toparlar üçin fiziki we sosial taýdan esaslandyrylan we howpsuzmydyr, aýratyn hem aýallar üçin ýeňil elýeterlikli gelmegi we gitmegi, olaryň borçlarynyň köpüsiniň ýerine ýetirilmegini çäklendirmezden üpjün etmek möhümdir.
- Tehnologiýalaryň eýesi kim bolup durýar we kim olara elýeterliligi üpjün edýär?
- Tehnologiýalary ornaşdyrmagy maliýeleşdirmek we kabul edilýän tagallalar böleginde durmuşa geçirýän gurama tarapyndan we ulanyjylar tarapyndan çykdajylar nähili? Alternatiw çykdajylar nähili bolup bilerler?
- Ulanylýan tehnologiýa ekspluatasiýada nähili ýönekeý ýa-da çylşyrymly?
- Tehnologiýa interaktiwmidir? Interaktiwlik nähili görnüşde gurnalan?
- Tehnologiýa göterip bolýanmydyr? Ol islendik wagtda, islendik ýerde ulanylyp bilnermi ýa-da ol, meselem, telewideniýe ýaly, ulanmagyň fiksirlenen ýerine we wagtyna eýemidir?
- Tehnologiýa dikeldişde, hyzmat berlişde, üýtgemeleri we takyklamalary girizmekde nähili derejede ýönekeý? Kim ýokarda görkezilen meseleleri ýerine ýetirmek üçin jogap berýär?[60]

Reddiniň belliklerine laýyklykda:

> Köplenç tehnologiýany ýerleşdirmek üçin ýerleşýän ýeriň saýlawy elýeterlilik däl-de, eýsem howpsuzlyk soraglary bilen kesgitlenilýär.

---

[59] Farrell, ýokarda görkezilenden.

[60] Dighe we Reddi, ýokarda görkezilenden, 43.

> Eger-de tehnologiýa jemgyýetçilik ýerinde goýulsa, onuň goýulmagynyň aspektleri resursyň elýeterliligini üpjün edýän sosial soraglary hem hasaba almalydyrlar. Eger-de tehnologiýa ýerli döwlet edarasynda ýa-da mekdepde goýulýan bolsa, onda tehnika elýeterliligi bermek üçin ilatly punktuň gyralarynda ýaşaýan garyp gatlaklara nähili mümkinçilikler berler? Aýallar we gyzlar tehnologiýalaryň goýlan ýerlerine özlerine oňaýly islendik wagtda baryp bilerlermi? Eger-de hyzmat edýän işgäri ýa-da operatory tehnologiýanyň dikeldilen ýerine we onuň ulanylyşyna gözegçiligi üpjün etmek üçin hakyna tutmak göz öňünde tutulýan bolsa, onda bu işgär haýsy roly oýnar? Eger-de gözegçilik we işde ulanylyş döwlet gullukçysynyň ýa-da mekdep mugallymynyň eline berilýän bolsa, onda bu ilatyň gowşak goralýan gatlaklary üçin tehnikanyň elýeterliligine nähili derejede täsir eder?[61]

Tehnologiýany ulanmagyň gymmaty onuň elýeterliligini hem kesgitleýär. Ýurtlar konwergensiýa prosesi tarapyndan berilýän mümkinçilikleri ykdysady taýdan netijeli çözüwleri gözlemek üçin optimizirläp bilerler. Telemerkez öz netijeliligini görkezen bu hilli çözüwleriň biri bolup durýar. 2.0 bölümde ara alnyp maslahatlaşylyşy ýaly telemerkez uly bolmadyk kiosk ýa-da informasion dükan bolup durýar, ol oba ilatly punktunda oba bilen galan dünýäniň arasynda durmuş taýdan möhüm aragatnaşygy üpjün edýän meýletiniň ýa-da ýaş obaly telekeçiniň gatnaşmagynda işe goýberilýär. Telemerkez dürli funksiýalary, şol sanda, diňe bir informasiýa elýeterlilik ýeri bolman, eýsem bolsa oba ýaşaýjylarynyň duşuşyk ýeri, ara alyp maslahatlaşmalaryň geçirilýän ýeri we işewürligiň beýleki görnüşleri üçin ýer ýaly wezipeleri ýerine ýetirip biler.

IKT-niň esasynda we IKT-goldawy bilen taslamalar meýilnamalaşdyrylanda çözülmegi talap edilýän beýleki soraglar mazmunlylyk informasiýasyny (kontenti) işläp düzmäge degişlidirler. Dighe we Reddi şu üstünden eltiji soraglary teklip edýärler:

- Kimler ulanyjylar bolup durýarlar we olaryň zerurlyklary nähili – ýagny, ulanyjynyň profili nähili, şol sanda, olaryň okadylmakda zerurlyklary, derejesi we ýaşaýşynyň görnüşi nähili? Informasiýa kim üçin niýetlenilen?

---

[61] Usha Vyasulu Reddi, “Bilimde barýerleri aradan aýyrmak üçin IKT-ni ulanmak” (resminama şu ýerde hödürlenildi: SEAMEO – UNESCO-nyň bilim beriş kongresi we sergisi: Üýtgeýän şertlere we zerurlyklara uýgunlaşma, Bangkok, Tailand, 27-29-njy Maý, 2004).

- Haýsy öňden dörän ters pikirlere – sosial, ykdysady, medeni, dini, lingwistiki we gender ugurlaryna – mazmuny informasiýa gönükdirilen?
- Mazmuny informasiýa jemgyýetçilige ýerliklimi? Meselem, ol aýallaryň tejribesi babatynda laýyk gelýärmi? Bu kontent ýerli derejede işlenilip düzüldimi? Mazmun informasiýasyny işläp düzmekde jemgyýetçilik haýsy gatnaşygy görkezýär?
- Mazmuny informasiýa nähili guralan?
- Mazmuny informasiýa takyk we aktualmy?
- Ulanyjylar tarapyndan mazmuny informasiýany ulanmagy, diňlemegi we düşünmegi ýönekeýleşdirmek üçin tehnologiýalar haýsy üýtgemelere sezewar edilýärler?
- Indiwidual we toparlaýyn okatmak bilelikde ulanylýarmy?
- Mazmun ulanyjylary çekmegi üpjün edýärmi, interaktiwligi we ters aragatnaşygy höweslendirýärmi we çaltlandyrýarmy?
- Esasy kömekçiler we okuw materiallary ýaly haýsy kömekçi ulgamlar ulanmak üçin goşulypdyrlar we elýeterlidirler?
- Kontente düzetmeleri we üýtgemeleri girizmek üçin haýsy mehanizmler ulanylýarlar?[62]

IKT-taslamalar köp sebäpler boýunça kynçylyklara duçar bolýarlar. Taslamanyň ýolbaşçylarynyň we maksatlaýyn toparlaryň agzalarynyň maksatlarynyň arasyndaky laýyk gelmezlik taslamanyň şowsuzlygynyň esasy sebäbidir. Reallyk bilen dizaýnyň arasyndaky dürli ýagdaýlar we işleriň ýerine ýetirilýän şertleri bilen ýüze çykýan üzňelik hem ýygy-ýygydan taslamanyň şowsuzlygyna getirýär. Emma bu tassyklama ösüşiň köp taslamalary üçin adalatly bolup biler. Hususanda, bu IKTÖ-ni ulanýan taslamalara aýratyn degişlidir, sebäbi maglumatlaryň elýeterliliginiň soraglary, tehniki infrastruktura, işçi prosesleri, medeni çäklendirmeler we motiwasiýa, işgärler düzümini saýlap almak we onuň iş tejribesi, taslamanyň wagtlaýyn çäkleri, ýolbaşçylygyň strukturasy we esaslandyrylmadyk býujet çykdajylary, hem-de bolsa meýilnamalaşdyrmak bilen amala aşyrmagyň arasyndaky deň gelmezlikler laýyk gelmezlikleriň ýüze çykmagyna getirýär.[63] Bu soraglaryň köpüsine şu tapgyryň 7-nji Modulynda seredilýär.

---

[62] Dighe we Reddi, ýokarda görkezilenden, 46.

[63] Richard Heeks, *Ösýän ýurtlarda informasion ulgamlaryň taslamalaryndaky şowsuzlyklar, üstünlikler we täzelikler, Informatikanyň ösüşi, Işçi resminamalaryň toplumy, Resminama № 11 (Mançester: Ösüş syýasatyny we dolandyryş ulgamyny öwrenmek instituty, Mançester uniwersiteti, 2002)*, http://www.sed.manchester.ac.uk/idpm/research/publications/wp/di/di_wp11.htm.

Hem-de, galybersede, IKT-ni ösýän ýurtlarda ulanmak masştablanmak problemasyna duçar bolýar. Uly masştably ulgamlara maýa goýumlaryny amala aşyran ýurtlar ýerli şertlere hem-de sebitleýin zerurlyklara we talaplara laýyk gelmekligiň ornuna merkezleşdirilen meýilnamalaşdyrmagyň we ýerleşdirmegiň soraglaryny çözmeli bolýarlar. Olaryň hemmesi elýeterlilik, deňlik we ylalaşyklyk soraglary bilen duçar bolmaga mejbur boldylar, bu kynçylyklar, käbir kadadan çykmalardan başga, sifrleýin rewolýusiýa döwründe ýüze çykan tehnologiki işläp düzmeleriň kömegi bilen ýeňlip geçildi. Hem-de, tersine, IKT-ni ulanmagyň sifrleýin taslamalary, esasan, uly däl, ýerli şertlere uýgunlaşdyrylan, jemgyýetçiligiň zerurlyklaryna jogap berýän, hem-de ýüze çykýan problemalary hasaba alýan bolup durýarlar. Muny olaryň artykmaçlyklaryna degişli edip bolar. Emma olaryň köpüsi pilot taslamalaryň derejesinde galdylar we soňraky ýaýraýyşa sezewar edilmediler. Netijede, donorlar tarapyndan maliýeleşdirmek bes edilen wagtynda, taslamalaryň bolmaklygy hem bes edilýärdi. Olar üstünlikli durmuşa geçirilen ýagdaýynda olary gaýtadan durmuşa geçirmek ýa-da olary ulanmagyň masştablaryny giňeltmek boýunça, emma käwagt taslamanyň mazmunynda we onuň şertlerinde tapawutlary hasaba almazdan, hem-de, şunlukda, bu taslamalaryň üstünligini üpjün eden şertleri hasaba almazdan, synanyşyklar edildi. ABMG-yň Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ösüşiniň Informasion maksatnamasynda (Asia-Pacific Development Information Programme) bellenilişi ýaly, “IKT-niň teklip edýän mümkinçilikleri üçin şertleri lokallaşdyrmaga has aňsat ýetmek mümkin ... döwlet derejesinde üýtgemeler masştably institusional reformalary we ýolbaşçylyk stilini talap edýärler, bu bar bolan status-kwo täsir edýän berkeýän garşylygy, skeptisizmi we bähbitleriň üýtgemegini ýüze çykaryp biler”.[64]

Ylmy barlagçylar we halkara agentlikleri tarapyndan ýerine ýetirilen üstünlikli we şowsuz IKTÖ taslamalary boýunça birnäçe analitiki ylmy barlaglar geçirildi.[65] Maksatlaryň, maksatlaýyn toparlaryň, araçylaryň, syýasy gurşawyň, guramaçylyk çäreleriniň, esasy arabaglanyşyklaryň, prosesleriň anyklygy, infrastrukturany

---

[64] APDIP, “Hindistanda döwlet dolandyryşynyň ulgamlary we garyplyk bilen göreş üçin IKT”. BMGÖM, http://www.apdip.net/projects/2003/in.

[65] Seret, Karen Eggleston, Robert Jensen we Richard Zeckhauser, “Informasion we kommunikasion tehnologiýalar, Bazarlar we ykdysady ösüş”, redaktolar Geoffrey Kirkman we başgalar, *Global informasion tehnologiýa hasabaty, 2001-2002: Torlaşdyrylan Dünýä üçin taýýarlyk* (Nýu-Ýork, Oksford uniwersitetiniň neşirýaty, 2002), http://cyber.law.harvard.edu/publications/2002/The_Global_Information_Technology_Report_2001-2002; hem-de S. Batchelorand, S. Sugden, *InfoDev mysallaryny öwrenmegiň derňewi: Öwrenilen sapaklar* (Okamalar: Gamos Ltd. we Big World, Waşington, K.O.: infoDev, 2003), http://www.sustainableicts.org/execsumm.htm. Sebitden mysallary öwrenmek üçin, seret, APDIP, “ICTD mysallaryny öwrenmek”, UNDP, http://www.apdip.net/resources/case. Hindistandan mysallary öwrenmek üçin, seret, Avik Ghosh, *Kommunikasiýa tehnologiýalary we Adam ösüşi: Hindi sosial sektorynda häzirki tejribeler* (Nýu-Deli: Sage Publications, 2006).

döretmek boýunça tagallalar, tehniki çözüwler we maliýeleşdirmegiň modelleri – ähli bu faktorlar IKTÖ taslamasynyň üstünligine hem, şeýle hem şowsuzlygyna hem getirip bilerler.

## Netijeleri jemlemek

- IKTÖ maksatnamalarynyň we taslamalarynyň üstünligi üçin üns merkezinde IKT däl, eýsem adam bolan çemeleşme aýgytlaýjydyr.
- IKTÖ taslamasynyň üstünligi we şowsuzlygy arasynda tapawutlary şertlendirýän faktorlar öz içine maksatlaryň, maksatlaýyn toparlaryň, araçylaryň anyklygyny, syýasy we guramaçylyk çärelerini, infrastrukturany döretmek boýunça tagallalary, tehniki çözüwleri we maliýeleşdirmegiň modellerini alýarlar.
- Şowly bolan uly bolmadyk taslamalar üstünligi gaýtalamak üçin diňe bir başga şertlerde täzeden gaýtalamadan köp zady talap edýärler. IKTÖ taslamalaryny giňeltmek masştably guramaçylyk reformalaryny we ýolbaşçylykda üýtgemeleri talap edýär.

## Praktiki gönükme

Ýurduňyzda IKTÖ maksatnamasynyň islendik birini saýlap alyň hem-de ony taslamalaşdyrmak, meýilnamalaşdyrmak we durmuşa geçirmek babatynda derňäň. Syýasat nukdaýnazaryndan haýsy IKTÖ-strategiýasynyň ýa-da strategiýalarynyň maksatnamanyň üstüni doldurýandygyny ýa-da goldaýandygyny kesgitläň. Meýilnamalaşdyrmak we durmuşa geçirmek aspektlerini derňemek üçin maksatnamanyň bahalandyrylmagy geçirilende IKTÖ taslamalary üçin gollanmadan (Ara goşma 2) peýdalanyň. Hem-de, ahyrsoňunda, maksatnamanyň ýüze çykarylan çäklendirmeleriniň esasynda maksatnama gowulandyrmalary girizmegiň ýollaryny teklip ediň.

## Özüňizi barlaň

Bazalaýyn strukturany we şertleri ulanmak bilen (seret, indiki sahypa):

1. Özüňiziň işläp düzjek IKT-goldawly anyk maksatnamany kesgitläň hem-de bu maksatnamanyň umumy maksatlaryny we anyk meselelerini beýan ediň.
2. Maksatnamanyň anyk şertlerde netijeliliginiň görkezijilerini kesgitläň. Maksatnamanyň maksatlaryna we meselelerini çözmäge ýetmek üçin haýsy mehanizmleri teklip etmek gerek? Haýsy bazalaýyn strukturany ýa-da ulgamlary Siz teklip edersiňiz? Olar nähili görnüşde işlärler?
3. Netijelilik bahalandyrylanda haýsy usulyýetler kömek edip bilerler? Haýsy tapgyrlarda netijeliligi bahalandyrmak gerek? Täsir etmek boýunça öz indikatorlaryňyzy kesgitläň. Öz indiki maksatnamaňyz üçin olary haýsy görnüşde ulanyp bolar?

IKT we IKTÖ – maksatnamany durmuşa geçirmegiň syýasatyny işläp düzüjiler/prosesiň ýolbaşçylary üçin meýilnamalaşdyrmagyň bazalaýyn strukturasy
Her mesele, işleriň her görnüşi üçin maglumatlary ýygnamagyň bazalaýyn strukturasy we olaryň täsiri

| Maksatnamanyň umumy maksatlary we meseleleri | Maksatnamanyň iş görkezijileri | Haýsy ulgamlar we proseduralar esaslandyrylmaly | Göz öňünde tutulýan netijeler haýsy görnüşde bahalandyrylarlar |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |

# JEMLEME

Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň okuw modullarynyň tapgyrynyň bu birinji okuw moduly ösüşiň giň soraglaryna seredýär we Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ösýän ýurtlarynyň ösüş templerini çaltlandyrmak maksatlary bilen degişli IKT-leri toplumlaýyn ulanmagy ara alyp maslahatlaşýar.

Modulyň birinji bölümi okyjylar üçin Müňýyllygyň ösüş Maksatlarynyň giň konturlaryny we olaryň Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde ýerine ýetirilişiniň barşyny kesgitleýär. Bölüm okyjylara, hususan-da, tehnologiýalar oblastyna düýbünden ýa-da çäklendirilen bilimlere eýe bolanlara, IKT boýunça we olary jemgyýetiň ösüşini üpjün etmegiň strategiki guralyna öwren häsiýetnamalar boýunça bazalaýyn informasiýany hem berýär.

Modulyň ikinji bölümi IKT-ni IKTÖ-niň anyk sektorlarynda ulanmagy derňeýär. Bu ýerde IKT-ni ulanmagyň oblastlarynyň dürli-dürlidigini beýan edýän ýörite saýlanylyp alnan mysallar ulanyldylar. Bölümde ösüşiň esasy sektorlarynda IKT ulanylýan wagtynda ýüze çykarylýan artykmaçlyklara hem, şeýle hem ýetmezçiliklere hem seredilýär.

Modulyň soňky bölümi IKT-ni jemgyýetiň ösüş maksatlary üçin ulanmakdaky kynçylyklary umumylaşdyrylan görnüşde beýan edýär. Onda IKTÖ taslamalary we maksatnamalary üçin “adamlaryň zerurlyklaryny, adamlary çekmek bilen, hem-de adamlar üçin” göz öňünde tutmalydygy nygtalýar. Tehnologiýalaryň däl-de, adamlaryň bähbitlerini hasaba almaga gönükdirilen usulyýetler elmydama has üstünliklidirler.

GOŞUNDY

Goşmaça edebiýat

ÖMMD we IKT

AÖB, AÝOYSIT we BMGÖM. 2007. *Müňýyllygyň ösüş maksatlary: Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde durmuşa geçirmegiň gidişi*, 2007. Bangkok: AÖB, AÝOYSIT we BMGÖM. http://www.unescap.org/stat/mdg/MDG-Progress-Report2007.pdf.

Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň ösüşiniň informasion maksatnamasy. IKTÖ-ni derňemegiň taslamasy. BMG-yň Ösüş maksatnamasy.
http://www.apdip.net/resources/case.

Curtain, Richard. 2004. Informasion we kommunikasion tehnologiýalar we ösüş: Kömekmi ýa-da problemalar? Kanberra: AAMP.
http://www.developmentgateway.com.au/jahia/webdav/site/adg/shared/CurtainICT4DJan04.pdf.

Dougherty, Michael. 2006. *Täze usullary derňemek: Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde informasion we kommunikasion tehnologiýalary ulanmagyň tejribesi – IKT oblastynda ylmy barlaglar we ösüş üçin Panaziýa grantlar maksatnamasynyň syny we derňewi. Bangkok:* BMGÖM-APDIP.
http://www.unapcict.org/ecohub/resources/exploring-new-modalities.

BMGÖM. 2005. *Adamzadyň ösüşi baradaky sebitleýin hasabat – Aziýada adam ösüşini üpjün etmek üçin IKT-niň ýaýraýşy: Müňýyllygyň ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek. Nýu-Deli*: BMGÖM, Elsewýer.
http://www.apdip.net/elibrary#rhdr.

BMG, Müňýyllygyň taslamasy. 2005. *Ösüşe maýa goýumlar: Müňýyllygyň ösüş maksatlaryna ýetmegiň praktiki meýilnamasy*. Nýu-Ýork: BMGÖM.
http://www.unmillenniumproject.org/reports/fullreport.htm.

BMG. 2007. *Müňýyllygyň ösüş maksatnamasyny durmuşa geçirmek barada Hasabat*, 2007. Nýu-Ýork: BMG.
http://www.un.org/millenniumgoals/pdf/mdg2007.pdf.

## Garyplyk bilen göreş we IKT

Harris, Roger. 2005. *APDIP e-Note 6 – Garyplyk bilen göreş üçin IKT-ni ulanmak: Zerur, ýöne ýeterlik däller.* Bangkok, BMGÖM-APDIP http://www.apdip.net/apdipenote/6.pdf.

Harris, Roger W. 2004. *Garyplyk bilen göreş üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalar.* Kuala-Lumpur: BMGÖM-APDIP. http://www.apdip.net/publications/iespprimers/eprimer-pov.pdf we http://en.wikibooks.org/wiki/Information_and_Communication_Technologies_for_Poverty_Alleviation.

Kelles-Viitanen, Anita. 2003. *Garyplyk bilen göreşde IKT-niň roly*. Finlýandiýanyň Daşary işler ministrligi. http://www.etla.fi/files/895_FES_03_1_role_of_ict.pdf.

YHÖG. 2005. *Ykdysady ösüşi höweslendirmek we garyplyk bilen göreş üçin IKT-ni ulanmak boýunça Gollanma*. Pariž, YHÖG. http://www.oecd.org/dataoecd/2/46/35284979.pdf.

Telecentre.org. http://www.telecentre.org.

## Bilim we IKT

Farrell, Glen we Cedric Wachholz. 2003. *Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň biliminde tehnologiýalary ulanmagyň metaderňewi:* Bangkok: UNESCO. http://www.unescobkk.org/index.php?id=1807.

IKT bilim ulgamyna. Elektron kitaphanalar. UNESCO, Bangkok. http://www.unescobkk.org/index.php?id=799.

InfoDev. 2005. *Bilim kartalary: IKT bilimde.* Waşington, Kolumbiýa okrugy: Rekonstruksiýa we Ösüş boýunça Halkara Bank/Bütindünýä Banky. http://www.infodev.org/files/2907_file_Knowledge_Maps_ICTs_Education_infoDev.pdf.

Wadi D. Haddad we Alexandra Draxler, redaktorlar. 2002. *Bilim oblastynda tehnologiýalar: Potensial, parametrleri we perspektiwalary.* Pariž, UNESCO we Waşington, Kolumbiýa okrugy: AED.
http://unesdoc.unesco.org/images/0011/001191/119129e.pdf.

## Gender deňligi we IKT

Aýallaryň birleşmelerini goldaýjy maksatnama bilen progressiw arabaglanyşyklary diklemek. *Internet we IKT üçin jynsy soraglary bahalandyrmagyň usulyýeti: üýtgemeleri we gowulandyrmalary girizmek üçin okuw instrumenti.* http://www.apcwomen.org/gemkit/home.htm.

Cummings, Sarah, Henk van Dam we Minke Valk, redaktorlar. 2005. *Jynsy soraglar we ösüş maksatlary üçin IKT: Informasiýanyň global çeşmesi. Oksford:* Oxfam Publishing.
http://publications.oxfam.org.uk/oxfam/display.asp?ISBN=0855985658.

Dighe, Anita we Usha Vyasulu Reddi. 2006. Aýallaryň sowatlylygy hem-de informasion we kommunikasion tehnologiýalar: *Biziň alan sapaklarymyz. Nýu-Deli: Aziýa üçin hyzmatdaşlygyň bilim beriş informasion Merkezi we Öwrenmekligiň Arkadaşlygy*.
http://www.cemca.org/CEMCA_Womens_Literacy.pdf.

Thas, Angela M. Kuga, Chat Garcia Ramilo we Cheekay Cinco. 2007. Gender *deňligi we IKT*. Bangkok: BMGÖM-APDIP.
http://www.apdip.net/publications/iespprimers/eprimer-gender.pdf we
http://en.wikibooks.org/wiki/Gender_and_ICT.

## Saglygy goraýyş we IKT

Aziýa we Ýuwaş okean sebiti üçin Ykdysady we Sosial Iş topary: *Barýerler we mümkinçilikler*. Bangkok: BMG.
http://www.unescap.org/esid/hds/lastestadd/eHealthReport.pdf.

Rasmussen, Stine Loft. 2007. *APDIP e-Note 22 – Aziýa-Ýuwaş okean sebiti üçin elektron saglygy goraýyş serişdeleri.* Bangkok: BMG-APDIP.
http://www.apdip.net/apdipenote/22.pdf.

Ouma, Stella we M. E. Herselman. 2008. Oba sebitleri üçin elektron saglygy goraýyş: Ösýän ýurtlardaky ylmy barlag. *Bütindünýä ylymlar, taslamalaşdyrmak we tehnologiýalar akademiýasynyň çäklerinde*, tom 30-njy iýul, 2008-nji ýyl, 560-566. http://www.waset.org/pwaset/v30/v30-96.pdf.

## Tebigy resurslary rasional peýdalanmak we IKT

HEAB (МСЭ). 2008. *Ekologiýa gözegçilikde elektron ulgamlarda IKT: klimatyň üýtgemegine aýratyn aksent bilen ösýän ýurtlar üçin düzgünler.* Ženewa: MSE. http://www.itu.int/ITU-D/cyb/app/docs/itu-icts-for-e-environment.pdf.

Wattegama, Chanuka. 2007. *Tebigy betbagtçylyklara gözegçilik üçin IKT-ni ulanmak.* Bangkok: BMGÖM we Inçeon: BMG IKTÖ AÝOM. http://www.apdip.net/publications/iespprimers/eprimer-dm.pdf we http://en.wikibooks.org/wiki/ICT_for_Disaster_Management.

## Döwlet dolandyryşy we IKT

Bhatnagar, Subhash. 2006. *Garyplara gönükdirilen dolandyryşyň elektron ulgamyny döretmek ugrunda ýollary geçirmek: Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde ylmy baraglardan tapylanlar we netijeler.* Bankok: BMGÖM. http://www.apdip.net/projects/e-government/capblg/casestudies/Overview.pdf.

Riley, Thomas B. 2003. *Elektron döwlet dolandyryşy we elektron häkimiýet edaralary: Döwlet sektorynyň üýtgeýän klimatynda tapawutlary bahalandyrmak. Halkara ylmy barlaglar baradaky hasabat ’03, dördünji belgi.* London: Arkadaşlygyň Sekretariaty. http://www.rileyis.com/publications/research_papers/tracking03/IntlTrackRptMay03no4.pdf.

## Parahatçylygy üpjün etmek we IKT

Stauffacher, Daniel, William Drake, Paul Currion we Julia Steinberger. 2005. *Informason we kommunikasion tehnologiýalary parahatçylyk maksatlary üçin*

*ulanmak: Konfliktleriň öňüni almakda, netijelerini azaltmakda we netijelerini aradan aýyrmakda IKT-niň roly.* Nýu-Ýork: BMG, IKT boýunça Işçi topar. http://www.unicttaskforce.org/perl/documents.pl?id=1571.

## Glossariý

| | |
|---|---|
| Analog baha | Maglumatlary bir ýa-da birnäçe fiziki häsiýetleriň kömegi bilen ölçemek ýa-da bermek, olar bahalaryň üznüksiz şkalasyna meňzeş islendik bahany aňladyp bilerler. Meselem, sagatlarda görkezgiçleriň ýagdaýy wagtyň analog aňladylyşy bolup durýar. |
| Asinhron | Sinhronlaşdyrylmadyk ýa-da wagt boýunça utgaşdyrylan waka. |
| Audio-grafiki | Bir wagtda sesleri, maglumatlary we grafiki informasiýany ýerli telefonlar boýunça geçirmäge mümkinçilik berýän kompýuter tehnologiýalary. |
| Gepleşik eşitdiriş | Jemgyýetçiligiň ulanmagy üçin radio- ýa-da telewizion maksatnamany ýa-da signaly geçirmek. |
| Kabel telewideniýesi | Kabel telewideniýesi ulanyjylar üçin radioýygylykly signallary geçirmek ýoly bilen telegepleşikleri eşitdiriş ulgamy bolup durýar, ol telewizion kabul edijilere fiksirlenen optiki süýüm ýa-da koaksial kabelleriň üsti bilen geçirilýär, oňa garşylykda, däp bolan telewizion gepleşikleri eşitdirişde ulanylýan efir gepleşiklerinde (radiotolkunlaryň kömegi bilen) telewizion antenna talap edilýär. Kabeliň üsti bilen radio eşitdiriş, ýokary tizlikli Internet we meňzeş telewizion däl hyzmatlar hem berlip bilnerler. |
| Bilelikdäki okadylyş | Düzümi boýunça birjynsly toparyň arasynda informasiýany we pikirleri alyş-çalşygyň we ýaýratmagyň üsti bilen okatmak. Geografiki taýdan bölünen toparlaryň arasynda aralykdaky bilelikdäki okadylyşyň serişdesi hökmünde kompýuterler ulanylyp bilnerler. |
| Hyzmat bermegiň umumy serişdeleri | Ilatly punktda umumy ýerleşen ýer, onda ýaşaýjylara dürli hyzmatlar berilýärler. |
| Kompýuterde | Kompýuterde okadylyş, käwagt KO gysgaltmasy ulanylýar, |

| | |
|---|---|
| okadylyş | bilim beriş prosesiniň esasy komponenti hökmünde kompýuterleri ulanmagy aňladýar. Munuň okuw klasynda kompýuterleriň goýulmagyny aňladyp bilýän bolsa hem, terminiň has umumy ulanylyşy strukturirlenen gurşawy aňladýar, onuň kömegi bilen kompýuterler sapak bermek maksatlary üçin ulanylýarlar. Bu konsepsiýa adatça kompýuterleri ulanmagyň usulyndan bölüp berilýärler, onda okatmak tejribe almagyň periferiýa elementi bolup durýar (meselem, kompýuter oýunlary ýa-da Internedi ulanmak). |
| Konferensiýalary geçirmek (asinhron) | Kompýuter konferensiýasy, onda dürli ýerlerde bolan dürli gatnaşyjylar hökmany suratda tora bir wagtda birleşen bolman hem bolup bilerler. |
| Konferensiýalary geçirmek (sinhron) | Kompýuter konferensiýasy, onda dürli ýerlerde bolan dürli gatnaşyjylar tora bir wagtda birleşdirilen bolmalydyr. |
| Kompýuter faýlyny geçirmek | Faýly geçirmek – bu bir ýa-da birnäçe faýllaryň bir ýerden başga ýere geçirilmek prosesidir. Elektron görnüşde saklanylýan faýllaryň toplumy, kompýuter disketalary ýa-da kompakt diskler, gaty disk ýaly fiziki göterijileriň fiziki orun üýtgetmesi ýoly bilen, ýa-da faýllary telekommunikasiýanyň serişdeleriniň üsti bilen goýberilmek ýoly arkaly geçirilip bilner. Internetde bir ýa-da birnäçe faýllaryň bir kompýuterden beýlekisine geçirilmeginiň adaty usuly Faýllary geçirmegiň Protokoly (FGP, FTP) bolup durýar. |
| Konwergensiýa | Ýygnalmak telekommunikasion tehnologiýalaryň we informasiýany, teksti, sesleri, grafikany, animasiýany we wideony ähli göterijileriň bir ýere bitewi platformada geçirilip bilinýän görnüşde jemlenmegini aňladýar, bu ulanyja iş üçin göterijileriň islendik kombinasiýasyny saýlap almaga mümkinçilik berýär. |
| Korrespondensiýa materiallary | Distansion bilimiň okuw kursy üçin materiallar, onda okuw kursy poçta boýunça geçirilýär, hem-de talyplaryň okuw materiallary we işleri hem poçta boýunça goýberilýärler. |
| Korporatiw sosial jogapkärçilik | Korporatiw sosial jogapkärçilik ýa-da KSJ (korporatiw jogapkärçilik, korporatiw hyzmatdaşlyk we jogapkärçilikli |

biznez diýlip hem atlandyrylýar) konsepsiýa bolup durýar, onuň kömegi bilen guramalar alyjylar, üpjün edijiler, aksionerler, jemgyýetçilik we beýleki gatnaşyjylar, hem-de bolsa daşky gurşaw üçin, öz işlerini alyp barandygy üçin jogapkärçiligi özüne almak bilen, jemgyýetçiligiň bähbitlerini hasaba alýar.

Internet-kafe — Internede we elektron poçta elýeterlilik ýaly hyzmatlary teklip edýän nokat.

Sifrleýin — Sifrleýin termini položitel we položitel däl ýaly iki ýagdaýyň kömegi bilen maglumatlaryň generirlenmegini, saklanylmagyny we gaýtadan işlenilmegini üpjün edýän elektron tehnologiýany beýan edýär. Položitel ýagdaý 1, položitel däl ýagdaý bolsa 0 san görnüşinde aňladylýar ýa-da berilýär. Şeýlelikde, geçirilýän we saklanylýan maglumatlar nullaryň we birlikleriň setiri hökmünde aňladylýarlar.

Sifrleýin deňsizlik — Bilimleriň alyş-çalşygy ykdysadyýetine gatnaşmak üçin ýeterlik resurslary bolan adamlaryň we jemgyýetçilik toparlarynyň hem-de beýle resurslary bolmadyk adamlaryň we jemgyýetçilik toparlarynyň arasyndaky üzňelik.

Masştab effekti — Önümçiligiň tygşytlylygyny ýokarlandyrmagyň hasabyna amala aşyrylýan, önümçiligiň göwrüminiň artdyrylmagy sebäpli harydyň bir birligi üçin gymmatyň peselmegi. Masştab effekti amala aşyrylyp bilner, sebäbi önümçiligiň göwrümleriniň artmagy bilen, harydyň aýratyn birligini öndürmäge çykdajylar aşak düşýärler.

Elektron tagta — Adaty klas tagtasy ýaly görünýän enjam, emma onuň bilen kompýuter arkaly aragatnaşyk dikeldilip bilner.

Bildirişleriň elektron tagtasy — Programma üpjünçiligini dolandyrýan kompýuter, ol ulanyjylara habarlary ýerleşdirmäge we ählumumy gyzyklanma bar bolan informasiýa elýeterliligi almaga mümkinçilik berýär.

| | |
|---|---|
| Elektron telekeçilik (kommersiýa) | Elektron telekeçilik Internediň üsti bilen, aýratyn hem Bütindünýä Kerebiniň kömegi bilen, harytlary we hyzmatlary satmagyň we satyn almagyň prosesi bolup durýar. |
| Elektron okadylyş | Elektron okadylyş – bu okatmagyň görnüşini belgilemek üçin ulanylýan umumy termin, onda instruktor we talyp giňişlikde ýa-da wagt boýunça bölünendirler, hem-de bu üzülme Internet-tehnologiýalaryny ulanmagyň hasabyna aradan aýrylýar. |
| Elektron-poçta | Elektron poçta (ýa-da e-mail) – bu habarlary düzmek, goýbermek, saklamak we almak usuly. |
| Faksimile | Elektron görnüşde geçirilýän habaryň anyk nusgasy ýa-da gaýtalanylmagy. |
| Birinji nesliň okuwçylary | Maşgalada çagalaryň birinji nesli, olar döwlet bilimini almakda ýeňilliklerden peýdalanýarlar. |
| Informasion sowatlylyk | Informasiýa zerurlyklary kesgitläp bilmäge ukyp, hem-de bolsa onuň ýüze çykyp biljek islendik formatynda bu informasiýany gözlemek, bahalandyrmak we ulanmak (çap edilen mazmun, maglumatlaryň elektron bazasy, Internet we başgalar). |
| Interaktiwlik | Kompýuterlerde interaktiwlik adamyň (ýa-da beýleki diri jandaryň) we kompýuter programmasynyň arasynda bolup geçýän dialogy aňladýar. |
| Multimediýa | Teksti, grafikany, wedeony, animasiýany we sesi toplumlaýyn görnüşde aňlatmak üçin kompýuterleri ulanmak. Bu termin teksti, audiony, gozganmaýan şekilleri, wideony we grafikany interaktiw ulanmagy goldaýan ulgamlary beýan etmek üçin hem ulanylýar. Ýokarda görkezilen elementleriň her haýsysy kompýuter programmasy tarapyndan ulanylmagyndan öň aýratyn usul bilen analog görnüşden sifrleýin görnüşe özgerdilmelidir. |

| | |
|---|---|
| Formal däl bilim | Döwlet mekdep ulgamynyň düzüminiň daşynda amala aşyrylýan islendik guramaçylykly ulgamlaýyn bilim beriş işleri, ol uly ýaşlylara hem, şeýlede çagalara hem, ilatyň anyk toparlaryna okatmagyň anyk görnüşini berýär. |
| SMS | Gysga habarlar gullugy, tekst habarlaryny öýjükli telefon tory arkaly goýbermek gullugy (http://en.wiktionary.org/wiki/SMS) |
| SchoolNets | Mekdepleriň tory. SchoolNets maksatnamasy mekdepleri Internede birikdirmek, talyplaryň, mugallymlaryň we mekdepleriň arasynda baglanyşyklary döretmek, informasýany ýaýratmak we resurslary paýlamak, Internediň üsti bilen elektron okadylyşy goldamak, torlaýyn taslamalar ýoly bilen informasion jemgyýetçiligiň ösmegini höweslendirýär. |
| Sinhron radio | Wagt boýunça utgaşdyrylan sinhron serişdeler, eger-de olar ýerinde ýok bolsalar. Radio üçin bu eşitdirilişiň we diňleýjileriň bir wagtda bir radiostansiýa gurlan bolmagyny aňladýar, emma olar dürli ýerlerde bolup hem bilerler. |
| Daşdaky klaslar | Talyplar bilen wirtual klaslary döretmek ulgamy |
| Telekonferensiýalar | Iki we ondan hem köp ýerlerde ýerleşýän hem-de sesi, wideosignallary we/ýa-da maglumatlary geçirmegi ulanýan adamlaryň arasyndaky interaktiw elektron aragatnaşyk |
| Telefon liniýalarynyň dykyzlygy | Adatça telefon liniýalaryň ilatyň käbir sanyna (adatça, 100 adama) düşýän sanyny görkezmek üçin ulanylýan termin. |

## Instruktor üçin bellikler

Modul anyk perspektiwany hasaba almak bilen we aýratyn ugurly ýazyldy. Bu “Instruktor üçin bellikleriň” esasy niýetlenilişi awtorlaryň Modulyň mazmunyna düşünişini moduly öz hususy kurslarynda ulanjak milli we sebitleýin okuw guramalarynyň we şahslaryň göz öňüne getirişi bilen biri-birine gabatlaşdyrmak synanyşygy bolup durýar.

“Okuw modullarynyň tapgyry baradaky informasiýa” bölüminde ozal bellenilişi ýaly, bu modul diňleýjileriň dürli toparlary üçin dürli we üýtgeýän milli şertlerde peýdaly bolup biler. Okuw we ýurtlar boýunça derňewler sebitden sebite we ýurtdan ýurda üýtgäp bilerler, hem-de, şeýlelikde, Modulyň mazmuny ýerli parametrleri kanagatlandyrmak üçin takyklamalary talap etmegi mümkin. Materiallaryň görnüşi we mazmuny ýerlerdäki anyk ýagdaýa bagly bolmalydyrlar. Modul okuw jaýlarynda, hem-de bolsa döwlet edaralarynyň çäklerinde aýratyn okuwçylar we okuwçylaryň toparlary tarapyndan öwrenilip bilner. Okuw sapaklarynyň dowamlylygy berilýän informasiýanyň jikme-jikleşdirilmeginiň göwrümini kesgitlär.

Bu bellikler instruktorlaryň ünsüne modulyň informasiýasyny has netijeli bermek boýunça käbir ideýalary we teklipleri teklip edýärler.

Okuw çemeleşmeleri we strategiýalary boýunça mundan buýanky görkezmeler *Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň* modullarynyň tapgyry üçin gapdalyndan goşulýan material hökmünde işlenilip düzülen okuw maksatnamalaryny işläp düzmek boýunça maglumat kitabynda berlendirler. Gollanma http://www.unapcict.org/academy salgy boýunça elýeterlidir.

## Okatmagyň netijeli tehnologiýalary boýunça umumy bellikler

Modul özbaşdak okamak üçin hem, şeýlede klaslarda okadylmak üçin hem niýetlenilendir. Diýmek, modulyň her bölümi okatmagyň meseleleriniň sanawyndan başlanýar we bölümiň esasy pursatlaryny umumylaşdyrmak bilen tanamlanýar. Okyjylar bölümiň maksatlaryny we esasy aspektleriniň gysgaça beýanyny okuw kursuny özleriniň özleşdirişiniň derejesini barlamagyň esasy hökmünde ulanyp bilerler. Her bölüm oýlanmak üçin soraglary we praktiki gönükmeleri hem öz içine alýar, olar okyjylar tarapyndan indiwiduallaýyn ýerine ýetirilip ýa-da instruktor tarapyndan ulanylyp bilnerler.

Modulyň mazmunynyň esli bölegini anyk mysallary derňemek tutýar. Olar ara alyp maslahatlaşmagy we derňewi geçirmek üçin, aýratyn hem modulda berilýän konsepsiýalar we ýörelgeler real taslamalarda we maksatnamalarda ulanmak manysynda bu işleri geçirmek üçin niýetlenilendirler. Okyjylar üçin IKT-ä esaslanýan taslamalaryň we modelleriň, ýa-da IKT-niň goldawyny ulanýan usulyýetleriň we taslamalaryň ýerli aýratynlyklary hasaba almak bilen uýgunlaşdyrylmagyny bahalandyrmak möhümdir.

Modul ululary okatmak ýörelgelerini ulanmagyň esasynda ýazylandyr. Meselem, eger-de olar dartgynlygy başdan geçirmeseler we informasiýa bilen çendenaşa ýüklenmeseler, hem-de olar özleriniň okadylmagy üçin nämäniň gerekdigi barada çözüwi özbaşdak kabul etseler, ulularyň has gowy öwrenýändikleri baradaky fakt umumy ykrar edilendir. Özbaşdak öwrenmek üçin soraglar, berlen informasiýany hasaba almak bilen, modulyň mazmunyny bahalandyrmak üçin, öz hususy tejribesini ulanmaga kömek bermek üçin niýetlenilendirler. Esasy maksat kursuň mazmunyny olaryň iş tejribesine maksimal ýakynlaşdyrmakdan hem-de olara öz işleriniň barşynda alan bilimlerini ýüze çykýan problemalary çözmek üçin ulanmaga mümkinçilik bermekden ybaratdyr. Bu modulyň okyjylarynyň özleriniň habarly mugallymlar hökmünde çykyş edip biljekdikleri hem umumy ykrar edilendir. Instruktorlar haçanda moduly dürli şertlerde we diňleýjieriň dürli toparlary bilen okuw resursy hökmünde ulananlarynda bu fakty hasaba almalydyrlar. Meselem, modulyň mazmunynyň bölegini çalyşmak üçin instruktorlar öz işiniň tejribesinden beýleki mysallara we ýagdaýlara ýüzlenmek bilen, diňleýjileriň ünsüni jemläp bilerler.

## Okuw sapaklarynyň strukturirlenmegi

Auditoriýanyň görnüşine, bar bolan wagta we ýerli aýratynlyklara we şertlere baglylykda modulyň mazmuny wagt boýunça dürli böleklerde berlip bilner. Aşakda dürli wagt böleklerinde berlip bilinjek materiallaryň beýany berilýär. Instruktorlar ýurdy we auditoriýany öz düşünişiniň esasynda okuw mejlisleriniň strukturasyna üýtgemeleri girizmelidirler.

90 minutlyk sapaklar üçin

Strategiýalary işläp düzmegiň soraglary bilen meşgul bolýan wekiller üçin: jemgyýetiň ösüşinde IKT-ni ulanmagyň umumy düşünilişini kemala getirmek üçin, getirilen praktiki mysallardan islendik anyk mysal üçin jikme-jik düşündirişleri bermegi öz içine almak bilen, modulyň 2-nji bölüminiň giň umumylaşdyrylmagy.

Taslamalaryň durmuşa geçirilmegi üçin jogap berýän hünärmenler üçin: 3-nji Bölümden islendik bir bölüm, anyk maksatlaýyn auditoriýa üçin degişli bölümden alnan islendik bir mysala jikme-jik düşündirişleri bermegi öz içine almak bilen.

Maksatnama we /ýa-da taslama ýolbaşçylyga jogapkär işgärler düzümi üçin: 4-nji bölüm, onda ösüş oblastynda IKT-ni ulanmagyň kynçylyklaryna jikme-jik seredilýär, hem-de bolsa 3-nji bölümden islendik praktiki mysalyň jikme-jik berilmegi.

3 sagatlyk sapak üçin

Strategiýalary işläp düzmegiň soraglary bilen meşgul bolýan wekiller üçin: 2-nji we 4-nji bölümleriň informasiýasynyň giň umumylaşdyrylmagy, ondan soňra 1,5 sagat dowamynda praktiki sapak bilen bir praktiki mysaly jikme-jik düşündirmek.

Taslamalaryň we/ýa-da maksatnamalaryň ýolbaşçylarynyň auditoriýasy üçin: 3-nji bölümden ösüşiň degişli pudagynyň giňden umumylaşdyrylmagy we 4-nji bölüminiň jikme-jik berilmegi, ondan soňra taslamany taslamalaşdyrmak we taslamany durmuşa geçirmegi meýilnamalaşdyrmak oblastynda praktiki sapak.

Üç sagatlyk sapak iki sany 90-minutlyk sapaklara bölünmelidir, olar degişli bölümiň umumylaşdyrylan mazmunyny we praktiki mysaly öz içinde saklamalydyrlar, soňra bolsa toparlaýyn praktiki gönükme ýerine ýetirilmeli.

## Doly iş güni üçin (sapaklaryň dowamlylygy – 6 sagat)

4 sany 90 minutlyk sapaklar ulanylýar, hem-de kursuň mazmuny 1-nji Bölümden başlap, 4-nji Bölüm bilen tamamlanyp, yzygiderlikde 4 bölege bölünýär. Öň beýan edilen pedagogiki çemeleşme ulanylýar.

## Üç günlük okuw kursy üçin

Günüň ýarysyna golaýy modulyň 2-nji Bölümini öwrenmek üçin ulanylmalydyr.

Bir ýarym gün modulyň 3-nji Bölümine berilmelidir, onda uzakda bolmadyk IKTÖ taslamasyna barlyp görülmelidir.

Praktiki baryp görmeleriň netijesinde alnan bilimler okamagyň üçünji gününiň barşynda modulyň 4-nji Bölümini ara alyp maslahatlaşmagy goldamak üçin ulanylmalydyr. Gatnaşyjylardan IKT-ni ulanmagyň dürli problemalaryny praktiki mysal/baryp görme we Modulyň çäklerinde berilýän informasiýa bilen birleşdirmegi sorag bolar, şeýlelikde, 3-günlük okuw kursundan taslamany dogry meýilnamalaşdyrmagyň, taslamalaşdyrmagyň we durmuşa geçirmegiň möhümliginiň doly düşünilmegi alnar.

## 5-günlük okuw kursy üçin

5-günlük okuw kursy taslamany ýa-da maksatnamany durmuşa geçirmäge gatnaşýan hünärmenler üçin ideal bolup durýar. Modulda aýratyn üns esasy – 3-nji we 4-nji bölümlere berilmelidir, hem-de klas sapaklary taslamalary amala aşyrmagyň iň ýakynda ýerleşen ýerlerine praktiki baryp görmeler bilen gezekleşdirilmelidirler.

1-nji gün öz içine Modulyň 2-nji bölümini ählitaraplaýyn öwrenmegi alyp biler. Günüň ýarysy ÖMMD-iň amala aşyrylyşynyň gidişini derňemäge we pudagara aragatnaşyklary kesgitlemäge sarp edilip bilner. Meselem, garyplyk bilen göreş taslamasy bilim we saglygy goraýyş oblastlaryndaky taslamalar bilen öz baglanyşyklaryna eýedir. Bu baglanyşyklar jikme-jik derňelmelidirler, sebabi olar taslamanyň we maksatnamanyň taslamalaşdyrylmagy we praktiki amala aşyrylmagy üçin örän möhümdirler. 1-nji günüň ikinji bölegi dürli IKT-leri derňemeklige sarp edilmelidir, onda aýratyn ünsi konwergensiýa we sifrleýin deňsizlik aspektlerine berilmelidir. Okuw gününiň çäklerinde işi tamamlamagy telemerkeze baryp görmek bilen gutarmak mümkin.

2-nji we 3-nji günler diňleýjileriň ünsüni dürli IKT-leri durmuşa geçirmek üçin IKT-leri ulanmaga jemläp bilerler (ýagny 3-nji Bölüm), özi hem, iň bolmanda günüň ýarysy praktiki baryp görmeklige sarp edilmelidir. Taslamalaryň birnäçe

praktiki mysallaryna jikme-jik seredip bolar. Praktiki baryp görmek geçirilenden soňra praktiki gönükmäni geçirmek gerek, onda baryp görmegiň gidişinde syn berlen meýilnamalaşdyrmagyň we taslamalaşdyrmagyň esasy ýörelgeleri ulanylmalydyr.

Okatmagyň 4-nji we 5-nji gününiň gidişinde praktiki sapaklary geçirmegi dowam etmek mümkin. Modulyň 4-nji bölüminiň materialy instruktoryň ertir irdenki leksiýasy hökmünde berlip bilner, ondan soňra günüň ikinji ýarymynda giňeldilen praktiki sapaklary geçirip bolar. Bäşinji gün gönükmeleri prezentasiýa etmegiň kömegi bilen, ondan soňra bolsa ähli taslamalary barlamak bilen tamamlanmalydyr.

Instruktorlar leksiýalaryň barşynda APCICT (http://www.unapcict.org/academy) saýtynda elýeterli bolan okuw slaýdlaryny ulanyp bilerler.

Instruktorlar her sapagy, ol leksiýany hem, ara alyp maslahatlaşmagy hem, hem-de bolsa indiwidual ýa-da toparlaýyn gönükmeleri hem öz içine alar ýaly bölmelidir.

Ideal ýagdaýda her sapaga 25-den köp bolmadyk diňleýji gatnaşmalydyr.

Instruktorlar getirilen edebiýat salgylanmalaryny ulanyp, resminamalara we websaýtlara seredip bilerler. Emma olar özleriniň leksiýasynda ulanýan informasiýanyň ähli çeşmelerini hökmany suratda görkezmegiň gerekdigi barada ýatda saklamalydyrlar.

## Awtor barada

**Uşa Rani Wýasulu Reddi** häzirki wagtda Hindistanyň Haýdarabat şäherindäki Administratiw işgärler düzümini okatmak boýunça kollejiň adam ösüşi boýunça Merkeziniň professory we direktory bolup durýar. 1998-nji ýyldan 2006-njy ýyla çenli döwürde ol Hindistanyň Deli şäherinde ýerleşýän Aziýa üçin Britan Arkadaşlygynyň bilim beriş mediýa-merkeziniň Direktory bolup işledi. Onuň işleri Britan Arkadaşlygynyň Aziýada ýerleşýän ähli ýurtlaryny gurşap alýardy, hem-de ol aýratyn ünsi döwlete degişli bolan hem, şeýlede döwlete degişli bolmadyk bilim oblastynda IKT-ni ulanmak boýunça tehniki kömegi we maslahatlary bermeklige berdi. 1998-nji ýyla çenli ol Haýdarabatdaky Osman uniwersitetinde Audio- we wideo-barlaglaryň Merkezinde professor we direktor bolup işledi. Onuň dürli ylmy, halkara we ýöriteleşen neşirlerde köpsanly çap edilen işleri bar.

## IKTÖ AÝOM

BMG-yň ýanyndaky Ösüş üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalaryň Aziýa-Ýuwaş okean okuw merkezi BMG-yň Aziýa we Ýuwaş okean üçin Ykdysady we sosial Iş toparynyň (AÝOYSIT) kömekçi edarasy bolup durýar. IKTÖ AÝOM edarasynyň maksady AÝOYSIT-e agza ýurtlaryň adam we institusional potensialyny döretmegiň esasynda, olaryň sosial-ykdysady ösüşinde IKT-ni ulanmak boýunça tagallalaryny işeňňirleşdirmek bolup durýar. IKTÖ AÝOM edarasynyň işi üç sany esasy komponentlere jemlenendir:

1. Okatmak. Ol IKT oblastynda syýasaty işläp düzüjileriň we IKT hünärmenleriniň bilimlerini we başarnyklaryny ýokarlandyrmak üçin, hem-de bolsa IKT oblastynda instruktorlaryň we okuw mekdepleriniň potensialyny berkitmek üçin niýetlenilendir;
2. Ylmy-derňewler. IKT oblastynda adam resurslarynyň ösüşi bilen baglanyşykly analitiki ylmy derňewleri geçirmek üçin niýetlenilen;
3. Maslahat bermeler. AÝOYSIT-iň agzalaryň we assosiirlenen agzalaryň adam resurslaryny ösdürmek boýunça maksatnamalarda maslahat beriş hyzmatlaryny bermek üçin niýetlenilen.

IKTÖ AÝOM Koreýa Respublikasynda, Inçon şäherinde ýerleşýär.
http://www.unapcict.org.

## AÝOYSIT

AÝOYSIT Birleşen Milletler Guramasynyň sebitleýin kiçi düzüm bölegi bolup durýar we ol Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde ykdysady we sosial ösüş boýunça BMG-yň esasy merkezi hökmünde çykyş edýär. Onuň meselesi özüniň 53 agzalarynyň we 9 assosiirlenen agzalarynyň arasynda hyzmatdaşlygy berkitmekden ybaratdyr. AÝOYSIT global hem-de milli derejelerde maksatnamalar we problemalar arasynda strategiki arabaglanyşygy üpjün edýär. Ol sebitiň ýurtlarynyň hökümetlerine sebitleýin pozisiýalary berkitmek işinde goldawy berýär we dünýäde globalizasiýa şertlerinde unikal sosial-ykdysady problemalary çözmekde sebitleýin çemeleşmeleri goraýar. AÝOYSIT Tailandyň Bangkok şäherinde ýerleşýär.

http://www.unescap.org

## Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyry

http://www.unapcict.org/academy

*Akademiýa* IKTÖ oblastynda ählitaraplaýyn gurşap alyjy okuw maksatnamasy bolup durýandyr, ol sekiz moduldan ybaratdyr, olaryň esasy maksady syýasaty işläp düzüjileri milli ösüşiň maksatlaryna ýetmek we “sifrleýin üzülmäni” ýeňip geçmek üçin IKT-niň mümkinçiliklerini doly ölçegde ulanmak boýunça zerur bilimler we başarnyklar bilen üpjün etmek bolup durýar.

Modul 1 – IKT we doly bahaly ösüşiň arasyndaky özara baglanyşyk

Müňýyllygyň ösüş Maksatlaryna ýetmek üçin IKT-ni ulanmak oblastynda esasy çözüwler we soraglar syýasaty, döretmekden durmuşa geçirmeklige çenli şöhlelendirilýärler.

Modul 2 – Ösüş maksatlary üçin IKT syýasaty, prosesleri we dolandyryş

Esasy üns IKTÖ syýasatyny döretmek we dolandyrmak soraglaryna berilýär, hem-de bolsa milli syýasatyň, strategiýalaryň we çarçuwalaýyn strukturalaryň IKTÖ-e hemaýat berýän aspektleri boýunça möhüm maglumat teklip edilýär.

Modul 3 – Elektron hökümeti ulanmak

Elektron hökümetiň ýörelgeleri, amalyýetde ulanylyşynyň ýörelgeleri we görnüşleri öwrenilýär. Bu ýerde elektron hökümetiň ulgamlaryny gurmak we taslamalaşdyrmak prosesiniň düşünjelerini kesgitlemegiň soraglaryna hem seredilýär.

Modul 4 – IKT-niň ösmeginiň tendensiýalary

IKT oblastynda häzirkizaman tendensiýalarynyň we ösüşiň geljekki ugurlarynyň derňewini saklaýar. Bu ýerde IKTÖ oblastynda çözüwleri kabul etmekde esasy tehniki we syýasy pikir ýöretmelere hem seredilýär.

Modul 5 – Internedi ulanmagy dolandyrmak

Internet toruny ulanmagy we peýdalanmagy düzgünleşdirýän halkara syýasatynyň we proseduralarynyň mundan buýanky ösüşine seredilýär.

Modul 6 – Informasion-torlaýyn howpsuzlygy we şahsy durmuşyň eldegrilmesizligini üpjün etmek

Informasion howpsuzlyk oblastynda soraglara we tendensiýalara, hem-de bolsa informasion howpsuzlygy üpjün etmek boýunça strategiýany işläp düzmek prosesine seredilýär.

Modul 7 – IKT oblastyndaky taslamalary nazaryýetde we tejribeçilikde dolandyrmak

IKTÖ oblastyndaky taslamalara gatnaşygy bolan taslamalary dolandyrmak konsepsiýalary, şol sanda, taslamalary dolandyrmak oblastynda giňden ulanylýan usullar, prosesler we düzgünler hödürlenilýärler.

## Modul 8 – Ösüş maksatlary üçin IKT-ni maliýeleşdirmegiň wariantlary

IKTÖ we elektron hökümeti oblastynda taslamalary maliýeleşdirmegiň wariantlary öwrenilýärler. Ösýän ýurtlarda maliýeleşdirmegiň has peýdaly warianty hökmünde döwlet-hususy hyzmatdaşlygy şöhlelendirilýär.

Häzirki wagtda modullaryň ähmiýetliligini üpjün etmek we dürli ýurtlarda syýasaty işläp düzüjileriň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin Akademiýanyň milli hyzmatdaşlary tarapyndan ýerli tematiki ylmy barlaglar bilen bu modullaryň üstleri dolduryldy. Bu modullar dürli dillere hem terjime edildi. Ondan başga-da, syýasaty işläp düzüjiler üçin, olaryň aktuallygyny üpjün etmek, hem-de bolsa 21-nji asyryň IKTÖ gönükdirilen täze modullary işläp düzmek maksatlary bilen, modullar regulýar esasda täzelenilip durlar.

IKTÖ AÝOM wirtual Akademiýasy (AVA – http://ava.unapcict.org)

- Akademiýada distansion okatmagyň Internet-platformasy
- Akademiýanyň ähli modullarynyň, şol sanda, wirtual umumy sapaklar, prezentasiýalar we tematiki ylmy barlaglar üçin onlaýn režimde elýeterliligi üpjün etmek işlenilip düzüldi.
- Okaýan şahslara öz seretmegi boýunça materiallary öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Bilelikdäki iş üçin IKTÖ-niň elektron merkezi
(e-Co Hub – http://www.unapcict.org/ecohub)

- IKTÖ oblastynda bilimleri alyş-çalyş etmek üçin resurs we torlaýyn portal.
- Modullaryň mazmunyna oňaýly elýeterliligi berýär.
- Ulanyjylar onlaýn režimde diskussiýalara gatnaşyp we e-Co Hub praktikleriniň Internet jemgyýetçiliginiň bölegi bolup bilerler, ol tejribäni alyş-çalyş etmek we IKTÖ oblastynda bilimleriň esasyny giňeltmek üçin gulluk edýär.

AVA we e-Co Hub tarapyndan berilýän hyzmatlardan doly ölçegde peýdalanmak üçin şu salgy boýunça hasaba alnyň:
http://www.unapcict.org/join_form.

Rus dilinden terjime eden
G.M.Esenamanow